TÜRKMENISTANYN BILIM MINISTRLIGI

Magtymguly adyndaky
Türkmen döwlet uniwersiteti

**G.Nepesowa, Ý. Ilamanow, S.Rejepow**

# ÖWRENILÝÄN SEBITIŇ GEOGRAFIÝASY WE YKDYSADYÝETI

Ýokary okuw mekdepleriniň „gündogary öwreniş“
hünäri üçin okuw gollanmasy

**Aşgabat – 2010**

**OUT 01.08/00-09**

**Nepesowa G, IlamanowÝ., Rejepow S.**

**Öwrenilýän sebitiň geografiýasy we ykdysadyýeti. Okuw gollanmasy**

**Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti**

**2010-njy ýyl – 143 sah.**

**Syn ýazanlar:**
**geografiýa ylymlarynyň kandidaty A.Magtymow,**
**geografiýa ylymlarynyň kandidaty, dosent M.Hudaýýarow.**

**Magtymguly adyndaky Türkmen dölwet uniwersitetiniň geografiýa kafedrasy tarapyndan hödürlendi**

**Ylmy redaktor geografiýa ylymlarynyň kandidaty, dosent T.A.Babaýewa**

# I Bölüm. Arap ýurtlary

## §1. Giriş. Arap ýurtlary dünýäniň syýasy kartasynda

Günorta –günbatar Aziýa ol ýakyn we orta Gündogaryň köp bölegini öz içine almak bilen, taryhy sebiti emele getirýär. Orta we ýakyn gündogar şertli düşünje bolup, ol günorta-günbatar Aziýada we demirgazyk Afrikada ýerleşen ýurtlaryň meýdanyny öz içine alýar.

Onuň umumy meýdany 6,8 mln. km² -den gowrakdyr, ilaty 210 mln.adam. Sebitiň (subregionyň) ykdysady geografik ýerleşeşiniň esasy häsiýeti, onuň Aziýanyň,Ýewropanyň we Afrikanyň çatrygynda, Ortaýer deňzi we Günorta Aziýanyň arasyndaky möhüm ýollarda ýerleşýändigi bilen kesgitlenilýär. Şeýle ýerleşiş müňlerçe ýyllaryň dowamynda günorta-günbatar Aziýa ýurtlarynyň halklarynyň syýasy we ykdysady taryhyna düýpli täsir etdi. **Messopotamiýa-** Tigr we Ýefrat derýaaralygy, **Lewant**-Aziýanyň Ortaýer deňiz kenarlary taryhy-geografik sebitlerdir. Sebitiň (subregionyň) demirgazygynda ýerleşen ýurtlaryň toparyna (kä wagtlar) Alynky Aziýa hem diýilýär.

Günorta-günbatar Aziýada siwilizasiýanyň gadymy merkezleri ýerleşendir. Bu ýerde 10 müň ýyl mundan öň ekerançylyk we maldarçylyk bilen meşgullanypdyrlar. 6 müň ýyl mundan öň emeli suwaryş desgalary we takmynan şol döwürde metallurgiýa-mis eretmeklik döräpdir. Sebitiň (subregionyň) territoriýasynda iň gadymy gul eýeçilikli döwletler, ilkinji şäherler peýda bolupdyr. Sebitiň (subregionyň) halklarynyň dünýä medenýetiniň taryhyna goşantlary uludyr, meselem, Finikiýa harplygy dünýäniň köp halklarynyň, şol sanda Ýewropa ýurtlarynyň haklarynyň ýazuwynyň esasy boldy. Dünýäde has giňden ýaýran 4-sany diniň 3-siniň başlangyjy günorta-günbatar Aziýa bilen baglanyşykdyr. (iudizm, hristiançylyk, musulmançylyk).

Köp asyrlaryň dowamynda günorta-günbatar Aziýa ýurtlarynyň ilaty daşary ýurt basybalyjylaryna garşy göreş alyp bardylar. XIX asyrda sebitiň (regionyň) üstünden agalyk etmek bäsdeşligi Beýik Britaniýa bilen Fransiýanyň arasynda boldy. 1839-njy ýylda (regionda) sebiti ilkinji gezek Beýik Britaniýa basyp aldy we iňlis koloniýalaryna we harby –deňiz bazasyna öwürdi. XIX asyryň- ahyrlarynda Beýik Britaniýa Arabystan ýarym adasyndaky we Pars aýlagyndaky birnäçe territoriýalarynyň üstünden protektoratlygy amala aşyrdy. I-Jahan urşundan soňra sebitiň (regionyň) kartasy ep-esli üýtgedi. II-Jahan urşundan soňra bolsa imperialistik döwletler özleriniň günorta -günbatar Aziýadaky koloniýalaryndan we ýarym koloniýalaryndan mahrum boldular.

1919-njy ýylda Ýemen şalygy özbaşdaklygyny gazandy. 1932-nji ýylda özbaşdak Saud Arabysatany şalygy döredi. 1941-nji ýylda Siriýa formal ýagdaýda respublika diýip yglan edildi, ol hakyky özbaşdaklygyny 1946-njy ýylda ýurduň territoriýasyndan iňlis-fransuz basybalyjy goşunlary çykarylandan soňra gazandy. 1943-nji ýylda Liwan respublika diýip yglan edildi. 1947-nji ýylda Palestinada Beýik Britaniýanyň mandatlygy ýatyryldy. Bu ýerde BMG-nyň Baş Assambleýasynyň kararyna laýyklykda 2 sany özbaşdak- arap we ýewreý döwletleri döredildi. Iuresalim şäherine halkara statusly aýratyn adminstratiw statusy berildi. 1948-ýylda ýewreý döwleti –Ysraýyl yglan edildi, emma Palestina döwleti döredilmedi. 1948-1949-njy ýyllarda arap-ysraýyl urşunyň gidişinde ysraýyl goşunlary arap territoriýalaryny basyp aldy. 1967-nji ýylda ysraýyl goşunlary Siriýanyň, Iordaniýanyň we Müsüriň territoriýalaryna çozdular, 68 müň km² -den gowrak meýdany basyp aldylar. Iuresalimiň gündogar bölegini eýelediler.

1961-nji ýylda britan protektoraty bolan Kuweýt knýazlygy özbaşdaklygyny aldy. 1970-nji ýylda Oman soltanlygy döredildi. 1967-nji ýylda ÝHDR-sy emele gelip,

22.05.1990 ýylda Ýemen Arap respublikasy bilen birleşdi. 1971-nji ýylda (regiondaky) sebitdäki iň soňky iňlis koloniýalary bolan Bahreýin, Katar we Birleşen Arap Emirlikleri syýasy garaşsyzlygyny yglan etdiler. Alžir -1830-1862 ýyllar aralygynda Fransiýanyň koloniýasy boldy. 1962-ýylda garaşsyz boldy. (Jibutini XIX asyryň 80-nji ýyllarynda Fransiýa bu ýurdy öz koloniýalaryna öwürdi, ol 27.04.1977 ýylda öz garaşsyzlygyny gazandy).

**Müsür** –ony 1882-nji ýylda Angliýa basyp aldy, 1914-ýylda iňlis protektoraty diýilip yglan edildi. 1922- ýylda formal taydan garaşsyzlygyny aldy, 1953-nji ýylda respublika boldy.

**Günbatar Sahara-** Arap demokratik respublikasyny 1881-nji ýylda Ispaniýa basyp aldy. 1975-nji ýylda Marrokanyň we Mawritaniýanyň golastyna geçdi, Ispaniýa garşy göreşdi .

1976-njy yylda Ispaniya gosunlaryny çykardy we SADR-sy döredildi.

**Komor adalary-** federal Yslam respublikasy. Hind okeanynyň Mozambik bogazynda ýerleşen ýurt. Bu adalary Fransiýa XIX asyrda basyp aldy, 1975-nji ýylda garaşsyzlygyny gazandy.

**Liwiýa-** XVI asyrda ony türkler basyp aldy. I Jahan urşunyň öň ýanynda Italiýa okupirledi. II Jahan urşy ýyllarynda iňlisler we fransuzlar hojaýynlyk etdiler. Liwiýa 1951-nji ýylda garaşsyzlygyny aldy, 1969-njy ýylda monarhiýa düzgüni ýykyldy we respublika boldy.

**Mawritaniýa-** XIX asyryň ortalarynda Fransiýa koloniýalaşdyryp başlady. 1903-nji ýylda protktorat, 1920-nji ýylda fransuz koloniýasy diýip yglan edildi. 28.11.1980 ýylda garaşsyz boldy.

**Marokko şalygy-** 1912ýylda fransuz protektoratlylygyna öwrüldi. 1956-ýylda garaşsyz boldy.

**Tunis-** 1956-njy ýylda garaşsyzlygyny gazandy, şoňa çenli 75 ýyl fransuz koloniýasy bolupdy.

## I bap.
## §2. Aziýadaky arap ýurtlary.

Beýik gerişleriniň tekiz daglyklar we peslikler bilen utgaşmagy Günorta- Günbatar Aziýanyň relýefiniň has häsiýetli aýratynlyklarynyň biridir. Sebitiň dünýä bölekleriniň 3-siniň çatrygynda ýerleşmegi geologik gurluşynda, strukturasynda we relýefinde aýdyň keşbini görkezýär.

**Gazylyp alynýan peýdaly baýlyklary-** Günorta-günbatar Aziýanyň esasy mineral baýlygy nebit bolup, ol sebitiň ähli ýurtlarynda diýen ýaly bardyr. Onuň esasy gazylyp alynýan ýerleri tretik döwrüniň hekli gatlaklarynda 300-den 3000 merte çenli çuňlukda ýerleşýär. Olar Türkiýadan Omana çenli uzalyp gidýän giň „nebit guşaklygyny“ emele getirýär. Şeýle hem Pars aýlagynda nebit gorlarynyň iri ojaklary bardyr.

Günorta-günbatar Aziýa ýurtlary gazylyp alynýan peýdaly madganalrynyn beýleki görnüşlerine: hromly, demir, mis, marganes, gurşun, sink,sürme, molibden magdanlaryna, boksita, fosforite, kükürde, magnezite, asbesta, sepiolite (deňiz köpükleri –oda çydamly içi öýjük-öýjük ýeňiljek mineral), kaliý we nahar duzlaryna, gurluşyk materiallaryna örän baýdyr. Käbir magdan känleri gorlary boýunça dünýädäki has irileriň hataryna girýär. Meselem, Ysraýylda we Iordaniýada (Öli deňzi) kaliý duzynyň örän iri känleri bardyr. Yrakda we Siriýada fosforitiň baý ojaklary bolup, olary dünýäniň iri känleriniň hataryna goşmak bolar.

**Kilamty-**Günorta-günbatar Aziýa ýiti klimatik gapma-garşylyklaryň sebitidir. Sebitiň demirgazygynda käwagtlar -$30^0$-a çenli aýazlar bolýar, emma günortada yssy ýygy-ýygydan +$50^0$-dan geçýär. Ýumşak deňiz subtropik klimaty diňe uly bolmadyk territoriýalar bolan Siriýa, Liwan, Ysraýyl üçin häsiýetlidir. Bu meýdany uly bolmadyk, ýokarda agzalan ýurtlaryň hojalygy üçin uly ähmiýeti bardyr. Sebitiň galan

territoriýasynda esasan çöllük we ýarym çöllük klimaty agdyklyk edýär.

Günorta-günbatar Aziýanyň aglaba böleginde ýagýan atmosfera ygallarynyň mukdary azdyr. Sebitde derýalar, aýratyn-da köp suwlylary örän azdyr. Bu ýerde gury kanallar (wadiler) köp sanlydyr, olar seýrek halatda suwly bolýarlar.

Tigr we Ýefrat derýalary Günorta-günbatar Aziýanyň beýleki iri deýalary ýaly ýerleri suwarmak üçin peýdalanylýar, onsuz sebitiň köp böleginde ekerançylyk mümkin däldir. Emeli suwaryşyň şertlerinde bol ýylylyk dürlu oba hojalyk ekinlerini ösdürip ýetişdirmeklige, däneli ekinlerinden, pagtadan, zeýtun agajyndan, şalydan, sitrus we beýleki subtropiki ekinlerden ýokary hasyl almaklyga mümkinçilik berýär.

Köller esasan duzlydyr. Olaryň has ulusy Öli deňzi bolup, himiýa senagaty üçin çig mallarynyň gymmatly tebigy hazynasydyr.

Günorta –günbatar Aziýa diňe bir süýji suw çeşmelerine däl-de eýsem oba hoajlygy üçin amatly ekerançylyk ýerlerine hem garypdyr. Daglar, çöller sebitiň 60% eýeleýär. Toprak örtükleri hasylly däldir. Gurplylygy ýokary bolmadyk çal topraklar (serozem) agdyklyk edýär. Ýarym çöllüklerde goňur topraklar, daglarda goňras (kaştan), gara topraklar bardyr, kenarýakalarynda gyzyl we gyzyl-goňras topraklar, diňe derýa jülgelerinde hasylly gyrmançaly (allýuwial) topraklary ýaýrandyr.

Daglyklaryň we tekiz daglyklaryň öri meýdanlary maldarçylyk üçin amatlydyr. Şeýle örilerde Yrakda et-ýüň berýän mallar, Arabysatn ýarym adasyndaky ýurtlarda düýeler we gylýalylar idedilýär. Emma bu ýerde hem süýji suw ýetmezçiligi ýiti kynçylyklaryň biri bolup durýar.

Sebitiň kenar ýaka suwlary balyga baýdyr we deňiz promyseli üçin amatlydyr.

**Ilaty**-350 mln.adam. ilatyň ösüşi 3%, nebit gazyp alýan monarhiýalarda diňe bir çagalaryň dogulyşynyň ýokarlygyna

görä däl-de, (her aýalyň ortaça 6 çagasy bar) eýsem gazanç etmek üçin beýleki döwletlerden gelýänleriň hasabyna beýleki döwletlerden gelýänleriň hasabyna hem ýokarlanýar. Ilatyň ýerleşişi biendigandyr, Ortaýer deňziniň kenarlarynda 1 kw.km-e 100 adam, Arap ýarym adasynda bolsa 1 kw.km-e bary-ýogy 1 adam ýaşaýar. Günorta-günbatar Aziýada (şäger ilatynyň ösüşi) **urbanizasiýa** dünýä boýunça öňdäki orunlarda barýar. Ilatynyň köp bölegi semit sil toparyna degişlidir (araplar, ýewreýler, assiriýsler). Ilatynyň köp bölegi yslam dinine uýýar, musulman döwletleriniň döwlet dini hem yslam dinidir, hristian dinine uyyanlar Liwanda, undeý diline uýýanlar Ysraýylda agdyklyk edýär.

**Taryhy-** Günorta–günbatar Aziýa –dünýäde uýýulýan üç sany diniň, ýagny iudizimiň, hristinaçylygyň we yslamyň mekanydyr. II-Jahan urşundan soňra hem bu sebitde döwletleriň arasynda yzygider uruşlar, oňşuksyzlyklar bolup geçdi, ýagny arap-ysraýyl urşy, Eýran bilen Yragyň arasyndaky uruş, Liwandaky gržđanlyk urşy, kurt separotistleriniň urşy, iki Ýemeniň arasyndaky uruş, Yrak-Kuweýit onşuksyzlygy muňa mysal bolup biler. Bu sebitdäki döwletleriň döwlet gurluşy, ösüşi dürli-dürlidir. Yrakdaky sanksiýalar Liwiýanyň ösüşine uly zyýan ,uly urgy boldy. Yragyň ýagdaýy, ýagny halkara sanksiýalaryndaky ýitgisi has hem uludyr.

Sebitiň ilatynyň esasy bölegi oba hojalygy bilen meşgullanýarlar. Emma bu pudak ösüş derejesi boýunça gowşakdyr. Dünýä bazaryna ep-esli derejede oba hojalyk önümlerini çykarmak bilen bir hatarda Günorta-günbatar Aziýanyň käbir ýurtlary özlerini hususy azyk önümleri bilen üpjün edip bilmeýärler. Sebitiň çäginde möhüm halkara ähmiýetli transport çatryklary bardyr. Beýrut, Aden sebitiň iri deňiz portlarydyr. Beýrut, Damask iri halkara aeroportlarydyr. Şeýle hem sebitde turbageçirijileriň gür sebitleri bardyr.

## §3.Saud Arabystany şalygy

Bu ýurt Arabystan ýarym adasynda ýerleşýär. Meýdany-2 mln.14 müñ kw.km. Ilaty- 24 mln-dan gowrak. Paýtagty-Er-Riýad. Şeýle hem oña Gyzyl deñizinde we Pars aýlagynda ýerleşen birnäçe kiçi adalar degişlidir. Ýurduñ günortasdynda we günorta –gündogarynda anyk bellenen araçäk ýokdur. Saud Arabystany demirgazyk-günbatarda Iordaniýa bilen, demirgazyk-gündogarda Yrak, Kuweýt, Katar bilen günorta-gündogarda Birleşen Arap Emirlikleri bilen günortada Oman we Ýemen bilen araçäkleşýär. Saud Arabystanynyñ meýdanynyñ günbatar kenarlaryny Gyzyl deñziniñ, gündogar kenarlaryny bolsa Pars aýlagynyñ suwlary ýuwýar. Saud Arabystanynyñ meýdanynyñ köp bölegini Arap tekiz daglygy tutýar. Gyzyl deñziniñ kenary bilen Jebel-Hijaz daglarynyñ giñ ulgamlary uzalyp gidýär. Bu daglaryñ iñ beýik depesi Jebel-Razih bolup, onuñ belentligi 3658 metre ýetýär. Günortada Arap tekiz daglygyna Hadramaut daglary goşulýar. Pars aýlagyna tarap tekiz daglyk ýuwaş-ýuwaşdan peselýär we giñ hem-de çägeli El-Hasa pesligine geçip gidýär. Arap tekiz daglygynyñ merkezi böleginiñ belentligi 1000 metrden hem geçýär. Tekiz daglygynyñ içgi böleginde çägeli çöller ýerleşýär. Olaryñ iñ ulusy Rub-El-Hali çölidir.

Saud-Arabystanyñ esasy tebigy baýlygy nebitdir. Onuñ esasy ojaklary Pars aýlagyna golaý Gawara etrabynda ýerleşýär. Nebit gatlaklarynyñ ýerleşişi çuñ däldir (1300-3000 metre) . Bu ýurduñ nebit gazylyp alynýan sebitleri üçin ýokary basyş häsiýetlidir. Ol skwažinalaryñ ýokary önümligini üpjün edýär. Ýurtda tebigy gazyñ uly gorlary bardyr. Saud Arabystany daş duzuna baý bolup onuñ esasy gorlary ýurduñ günorta-günbatarynda Jizan etrabynda ýerleşendir. Ýanbo şäheriniñ golaýynda gipsiñ, Burme etrabynda küýzegärçilik önümçiligi üçin ýokary hilli toýunyñ, Mekgäniñ demirgazygynda baritiñ (nebit skwažinalary burawlananda

ulanylýar), ýurduñ günbatar etraplarynda demiriñ, kümüşiñ, altynyñ, sinkiñ, gurşunyñ gorlary bardyr.

Saud Arabystanynyñ etraplarynyñ subtropik, günorta etraplarynyñ tropik klimaty bardyr. Ýurduñ tomsy yssydyr we gurakdyr, gyşy maýyldyr. Demirgazyk etraplarda käwagtlar-$10^0$-a çenli sowuk bolýar. Kenar ýakalarynyñ ortaça ýyllyk temperaturasy +$26^0$- a, içerki çöllük etraplarda +$20^0$-a barabardyr. Iýul aýynyñ ortaça temperaturasy ähli ýerlerde +$30^0$, ýanwar aýynyñky bolsa +$7^0$-a barabardyr. Aýratyn-da güýçli yssy ýurduñ içerki çöllük etraplarynda höküm sürýär. Ol ýerlerde howanyñ temperaturasy +$55^0$-dan geçýär. Howanyñ çyglylygy pesdir. Ýurduñ territoriýasynyñ ýagýan ygalyñ ýyllyk mukdary 100 mm-den geçmeýär. Daglyk etraplarda ygalyñ mukdary 400 mm-e ýetýär. Saud Arabystanynda hemişelik akýan derýalar ýokdur. Olaryñ köp sanly gury hanalary bardyr. Er-Ruma olaryñ iñ ulusydyr. Ýurtda ýer asty suwlary ýeriñ ýüzüne golaý ýerleşýär. Ilatyñ durmuşynda guýularyñ we çeşmeleriñ ähmiýeti uludyr. Käbir artezian guýularnyñ çuñlugy 120-190 m ýetýär.

Ösümlikler çöl we ýarym çöl häsiýetine eýedir. Tikenli, däneli we şora ösümlikler agdyklyk edýär. Daglyk etraplarynda badam, arça, şepbik, balzam agaçlary we gyrymsylar ösýär. Oazislerde sitruslar we miweli agaçlar: mango, banan, hurma we beýleki subtropik we tropik ösümlikleri köpdür.

Haýwanat dünýäsi dürlidir. Çöllük etraplarda toýnakly haýwanlar (keýikler, ýabany eşek, jeren), gemrijiler, ýylanlar, suwulganlar, zemzenler, şagallar, möjekler, gum pişikleri, tilkiler köpdür. Arap çöllerinde ýolbarslar, babyrlar (pantera), gaplañlar duş gelýärler. Guşlar, ýyrtyjy we zäherli mör-möjekler köpdür.

Ilaty. Saud Arabystanynda 24 mln-dan gowrak adam ýaşaýar. Ilatyñ esasy bölegi araplardyr. Ilatyñ 2 mln-dan gowragy beýleki arap ýurtlaryndan göçup gelenlerdir. Ilatyñ

20%-den gowragy şäherlerde ýaşaýar. Ilatyñ ortaça gürlügi gyradeñ däldir. Gyzyl deñziniñ we Pars aýlagynyñ kenar ýakalary, merkezi etraplaryñ oazisleri gür ilatlaşandyr. Şol bir wagtyñ özünde Rub-El-Hali çölünde ilat örän seýrek ýaşaýar. Ilatyñ esasy bölegi sowatsyzdyr. Gyzlara diňe 60-njy ýyllarda mekdebe gatnamaga rugsat edildi. Er-Riýadda uniwersitet bardyr. Baý maşgalalaryndan bolan ýaşlaryñ köpüsi daşary ýurtlarda: Germaniýada, ABŞ-da, Fransiýada, Angliýada, Müsürde, Liwanda bilim alýarlar.

Oba ilatynyň esasy bölegi maldarçylyk bilen meşgullanýarlar. Er-Riýad, Mekge, Jidda, Medine we beýlekiler Saud Arabystanyñ iri şäherleridir. Ýurduñ paýtagty we iñ iri şäheri Er-Riýad (1.3 mln-dan gowrak adam ) ýurduñ merkezinde Wadi-Hanior jülgesinde, deñiz derejesinden 500 m belentlikde ýerleşendir. Er-Riýadda demir ýol wokzaly, aeroport, döwlet edaralary, orta okuw jaýlary, uniwersitet, harby akademiýa, telefon, telegraf, radio stansiýalary, telestudiya bardyr. Senagat kärhanalaryndan dürli remont ussahanalary, ýeñil we azyk senagatynyñ kärhanalary bardyr. Mekge –(366 müñ) Saud Arabystanyñ gadymy şäherleriniñ biri bolup, ol ähli musulman dünýäsiniñ merkezidir. Şäher ýurduñ günbatarynda Gyzyl deñizden 70 müñ daşlykda, deñiz derejesinden 450 m belentlikde ýerleşendir. Mekge şäherine her ýylda dürli musulman ýurtlaryndan 2 mln-dan gowrak zyýaratçylar gelýär. Bu ýerde senagat kärhanalary ýokdur. Jidda –(580 müñ )ýurduñ Gyzyl deñziniñ kenarynda ýerleşen ýurtdyr, senagat we söwda merkezidir. Medine (200 müň) şäheriniň hem dini merkez bolup, ol Mekgeden 400 km demirgazykda, deñiz derejesinden 600m belentlikde ýerleşýär. Bu ýerde Muhammet pygamberiň gubury ýerleşendir. Pars aýlagynyñ kenarynda Damman, El-Katar, Ras-Tannura ýurtlary ýerleşendir. Ras-Tannurada iri nebiti gaýtadan işleýän kärhana guruldy. Döwlet gurluşy. Saud Arabystany özüniñ döwlet


ЛИВАН
СИРИЯ
ИЗРАИЛЬ
ЗАПАДНЫЙ БЕРЕГ р. ИОРДАН
СЕКТОР ГАЗА
ИОРДАНИЯ
ИРАК
ИРАН
КУВЕЙТ
ЕГИПЕТ
Турайф
Бадана
ЭЛЬ-ХАМАД
Эд-Дувайд
Сакака
Эль-Джауф
БОЛЬШОЙ НЕФУД
Эль-Бир
Табук
Эш-Шарма
Эль-Муваилих
Тайма
Хаиль
Файд
Газзала
Мадаин-Салих
Эль-Ула
Эль-Ваджх
Эль-Хувайт
Эш-Шурайф
Бурайда
Унайза
Кадима
Саффания
Эль-Джубайль
Эш-Шумлуль
Даммам
Эль-Хубар
Дахран
Айн-Дар
Эль-Маджмаа
Тадик
Шакра
Эн-Нафи
МАЛЫЙ НЕФУД (ДЕХНА)
Эль-Мубарраз
Эль-Хуфуф
ЭР-РИЯД
Эд-Дувадами
Эс-Сулаймания
Эль-Кувайия
БАХРЕЙН
КАТАР
ОМАН
ОАЭ
Персидский залив
Умм-Ладдж
Сук-Сувайк
Янбу
Эль-Мусайджид
Медина
Абу-Рубайк
Махд-эд-Дахаб
ХИДЖАЗ
Красное море
Эль-Мувайх
Залим
ГОРЫ ТУВАЙК
Лайла
Эль-Кайсума
Дахабан
Джидда
Мекка
Эт-Таиф
Тураба
Эль-Лидам
Эс-Сулайиль
РУБ-ЭЛЬ-ХАЛИ
Эль-Лит
Хамдана
АСИР
Калъат-Биша
Эль-Кунфида
г. Сауда (3207 м)
Гурайра
Эль-Бирк
Абха
Хамис-Мушайт
Кахма
Эд-Дарб
Аба-Сауд
Эс-Сабья
Джизан
Абу-Ариш
СУДАН
ЭРИТРЕЯ
ЙЕМЕН
Аравийское море
35°
40°
45°
50°
55°
30°
25°
20°
15°
0
100
200
400 км
©RMΦN

gurluşy boýunça monarhiýadyr. Döwlet we dini baştutany şadyr. (1982-nji ýylyñ iýunyndan bäri Fakd). Şa kanun çykaryjy we ýerine ýetiriji häkimýeti amala aşyrýar. Ol bir wagtyñ özünde premýerministriñ, ýaragly güýçleriñ baş serkerdebaşysynyň we ýokary suduñ wezipesine ýerine ýetirýär. Hökümet esasan şanyñ maşgala agzalaryndan düzülýär. Şa köşgüniñ ýanynda konsultatiw sowet işleýär. Ol sowet haýsy-da bolsa bir mesele çözülende diñe maslahat bermek bilen çäklenýär. Ýurtda syýasy partiýalaryñ we guramalaryñ işi gadagan edilendir. Birnäçe milli-watançy guramalar gizlin işleýärler. Saud Arabystany administratiw ştatdan 4 prowinsiýa-Nej, Hijaz, Gündogar we El-Air prowinsiýalaryna bölünýär.

## § 4.Yrak (Yrak respublikasy)

Yrak respublikasy (Al-Jumhariýa al -Yrakiýa)-Aziýanyň günorta –günbatarynda ýerleşip, meýdany 437 müň km$^2$. Demirgazykda Türkiýa, gündogarda Eýran, günortada Saud Arabystany we Kuweýt, günbatarada Iordaniýa we Siriýa bilen araçäkleşip, günortasyny Pars aýlagy ýuwýar.

Tebigy şertleri we resurslary-Yrakda tebigy resurslar goňşy günorta-günbatar Aziýa ýurtlaryna garanda hojalyk alyp barmak üçin has amatlydyr. Ýer üstüniň gurluşy boýunça köp ýerini düzlük tutýar. Ýurduň Merkezi we günorta böleklerini günorta-günbatar Aziýadaky iň uly Mesopotamiýa pesligi eýeleýär. Ol Tigr we Ýefrat derýalylygynyň günorta bölegini we Şatt-el-Arap derýasynyň jülgelerini öz içine alýar. Tigr we Ýefrat derýalarynyň orta akymy boýunça ýokary Mesopotamiýa pesligi ýerleşip, ol El-Jaziro diýip hem atlandyrylýar. Ýurduň demirgazyk we demirgazyk-gündogary daglyk ýer bolup, ol ýerde Žagosyň gerişleri ýerleşendir. (olaryň belentligi 3000m. geçýär. ).

Ýurduň dürli mineral çig mallarynyň arasynda nebide esasy ýer degişlidir. Şeýle hem bu ýurtda tebigy gazyň

ummasyz zapasy bardyr. Yragyň ýer astynda daş-töweregiň, demir we mis magdanlarynyň, nahar duzunyň, fosforitleriň, mermeriň, gipsiň resurslary bardyr.

Klimaty –Yragyň territoriýasy subtropiki, günortasy bolsa tropiki klimat zonasynda ýerleşendir. Tomsy dowamly, yssy we gurak, temperatura +35-40$^0$c. Gyşy maýyl we ýagyşly temperatura +7-9$^0$c. Ýurduň territoraiýasynyň klimaty gurakdyr. Yrakda Tigr we Ýefrat derýaralary diňe bir suw çeşmeleri bolman, olar amatly suw magistrallarydyr.

Ösümlik dünýäsi –çöl we ýarym çölleriň ösümligi mahsusdyr.

Haýwanat dünýäsi-antilopo, alaja bars, ýolbars, möjek, şagal, towşan, uçýan syçan, zemzen, ýyrtyjy guşlaryň birnäçe görnüşi bardyr.

Ilaty -27,6 mln adam. Ortaça gürlügi-1 km$^2$ 50 adam. Ilatyň düzümi: araplar-79%, kürtler-15% , parslar- 3%, türkler - 2% şeýle-de türkmenler (180.000), ermenler, haldenler ýaşaýar. Yrak Kürdüstany awtonomiýadan peýdalanýar.

Yragyň dölwlet dili-arapça ,Kürdüstanda kürtçedir. Ilatyň 90 % musulmanlar (demirgazykda süňňüler, günortada saýylar). Yrakda ähli şalyklaryň zyýarat edýän ýerleri- En-Nadžaf we Kerbela ýerleşendir.

Ýurduň paýtagty –Bagdat şäheri (bolup 4 mln.adam).

Iri şäherleri: Mosul (750 müň) , Basra (500 müň), Kirkuk (200 müň). Porty –Basra.

Syýasy partiýalary: Kürdüstanyň Demokratik partiýasy.

Yrak agrar industrial döwlet bolup, nebiti gazyp almak ykdysadyýetiniň esasy özenidir. Nebiti gaýtadan işlýän sement, dokma, gön-deri we aýakgap, iýmit senagaty ösendir. Himiki-formasewtli, aýna, elektrotehnika, awtoýygnaýjy kärhanalar ,maşyngurluşygy zawodlary işleýär. Pagta, däneli ekinler, temmäki ösdürilip ýetişdirilýär. Balykçylyk we gök.


АЗЕРБАЙДЖАН
АЗЕРБАЙДЖАН
АРМЕНИЯ
ТУРЦИЯ
Каспийское море
СИРИЯ
ИРАН
ИОРДАНИЯ
САУДОВСКАЯ АРАВИЯ
КУВЕЙТ
Персидский залив
СИРИЙСКАЯ ПУСТЫНЯ
МЕСОПОТАМИЯ
КУРДИСТАН
(3607 м)
Тигр
Евфрат
Малый Заб
Дияла
Шатт-эль-Араб
оз. Эль-Хаммар
Талль-Афар
Мосул
Эрбиль
Киркук
Сулеймания
Туз-Хурмату
Кифри
Рава
Самарра
Балад
Эль-Микдадия
Баакуба
Хит
Рамади
БАГДАД
Эль-Фаллуджа
Эр-Рутба
Эль-Мусайиб
Кербела
Хилла
Эн-Нуумания
Эль-Кут
Эль-Куфа
Эн-Наджаф
Эд-Дивания
Амара
Кальъат-Сикар
Кальъат-Салих
Эш-Шинафия
Эс-Самава
Эн-Насирия
Сук-эш-Шуюх
Басра
Эз-Зубайр
Фао
Эш-Шабака
Эс-Сальман
0 50 100 200 км
©RMᴼN
38° 40° 42° 44° 46° 48° 50°
38° 36° 34° 32° 30° 28°

Eksport –edilýän önümleri –nebit, kakydylan gök önümler. Import-edilýän önümler-agyr maşyngurluşyklaryň önümleri, transport enjamlary, demir, çoýun, galla. Esasy söwda aragatnaşyklaryny saklaýan döwletleri – Iordaniýa, Türkiýe, Braziliýa, Niderlandiýa, Ispaniýa, Fransiýa. Pul birligi- yrak dinary.

Taryhy- Yrak dünýäniň iň gadymy döwletleriň biridir. Ol XVI asyrdan I-jahan urşunyň soňyna çenli Türk imperiýasynyň düzüminde bolupdy. I-jahan urşundan soňra Yragy Beýik Britaniýa basyp aldy. Sebäbi bu urşda Turkiýe ýeňildi. 1930-njy ýylda iňlis arap şertnamasy boýunça formal ýagdaýda özbaşdaklygyny gazandy. Emma hakykatda bolsa Beýik Britaniýa Yragyň üstünden öz agalygyny dowam etdirýärdi. 1958-nji ýylyň 14-nji iýulynda Yrakda monahiýa agdaryldy we respublika diýip yglan edildi. 1974-nji ýylyň 11-nji martynda Yrak Kürdüstanyna awtonomiýa berildi. 1980-nji ýylyň sentýabr aýynda Yrak -Eýran gatnaşyklary ýitileşdi, ýaragly çaknyşyklara alyp baryp, dowamly wagta çekdi. 1988-nji ýylyň 20-nji iýunynda urşy bes etmek barada iki ýurt ylalaşdy. 1990-njy ýylyň oktýabyrynda diplomatik gatnaşyklary dikeldildi.

## § 5.Kuweýt (Kuweýt döwleti)

Ol Pars aýlagynyň demirgazyk günbatar böleginde ýerleşýär. Bu aýlagdaky Bubiýan Faýlaka Barba we beýleki adalar Kuweýta degişlidir. Teritoriýasy 18-müň kw.km. Ilaty 3-mln adam. (2006-njy ýyl) Ilatyň 90% araplar 300-müň adamdan gowrak palistinalar bar. Şeýle hem ýurtda Eýrandan, Päkistandan we gündogar Afrika ýurtlaryndan göçüp gelenler ýaşaýarlar. Ýurduň ilatynyň diňe bir %-i Kuweýtde dogulanlardyr. Paýtagty - Kuweýt şäheri ( etekleri bilen 1mln 300-müň adam) resmi dili- arapça . Döwlet dili- yslam.

Kuweýt 18-nji asyrda häzirki wagtda hem ýurdy dolandyrýan sabahlaryň dinastiýasy tarapyndan esaslandyryldy. Kuweýtiň amatly strategik ýagdaýy sebäpli, ol 19-njy asyrynyň ahyrlarynda imperialistik döwletleriň göreş obýektine öwrüldi. 1914-nji ýylyň noýabr aýynda Kuweýt „Britan Protektoratlygy astyndaky garaşsyz emirlik “ diýlip yglan edildi. Arap halklarynyň milli azat edijilik hereketiniň ýokary galmagy 1961-nji ýylyň 19-njy iýunynda protektorat hakyndaky şertnamany ýatyrmaga Beýik Britaniýany mejbur etdi. Kuweýt garaşsyz döwlet boldy. 1990-njjy ýylyň awgustynda Kuweýdi Irak basyp aldy. Emma ol ABŞ-nyň we beýleki ýurtlaryň kömek bermeginde olar Kuweýtden kowulyp çykaryldy. Häzirki wagtda Kuweýtde parahatçylyk syýaasatyny ýöredýär. Kuweýt hökümeti arap ýurtlaryna, şeýle hem ösýän ýurtlaryň birnäçesine maliýe kömegini berýär. Kuweýt BMG-nyň Arap döwletleriniň Ligasynyň, Yslam konferensiýasy guramasynyň, we Pars aýlagyndaky Arap döwletleriň hyzmatdaşlygy sowetiň agzalarydyr. 1962-nji kabul edilen konstitusiýa görä Kuweýt konstitusion monarhiýadyr, „Nesil yzarlaýjy emiratdyr“. Döwlet baştutany emir bolup ol dolandyryjy sabahlaryň maşgala agzalarydyr.nden saýlanýar. (1977-nji ýylyň 31-nji dekabryndan bäri –şeýh Jaber al-Ahmed al-Jaber as-Sabah). Emir şol bir wagtyň özünde ýurduň ýaragly güýçleriniň baş komanduýuşisidir, ýokary sududyr. Kanun çykaryjy häkimýet emire degişlidir. Ýerine ýetiriji häkimýeti emir bilen bilelikde hökümet amala aşyrýar. Ýurtda syýasy partiýalaryň işi gadagan edilendir.

Ýurduň esasy baýlygy nebitdir. Onuň barlanan zapasy 12,7 mlrd.tonnadyr. 1988-nji ýylda 70 mln.tonna nebit gazylyp alyndy. Nebit milli girdejiniň 90%-i berýär. (1988 ýylda 6,1 mlrd dollar). Ýurtda 1975-nji ýylda ýurtdaky nebit kompaniýalaryň ähli̇si Kuweýtiň hökümeti nebit-himiýa, gurluşyk: işläp bejeriji we balyk senagatynyň ösmegine ýardam berýär. Nebiti gaýtadan işleýän we himiýa senagaty ösýär.


ИРАК
ИРАН
о. Бубиян
залив
Кувейт
о. Файлака
ЭЛЬ-КУВЕЙТ
Персидский
залив
(281 м)
Эль-Джахра
Хавалли
Эль-Ахмади
Мина-эль-Ахмади
САУДОВСКАЯ
АРАВИЯ
Вафра
46°
47°
48°
49°
30°
29°
0 20 40 80 км
©RMPN

Häzirki Kuweýtiň daşary ýurtlardaky walýuta (pul) goýumlarynyň mukdary 80 mlrd dollardan geçýär.olardan gelýän girdeji, nebit satmaklykdan alynýan girdejiden ýokdur.

Süýji suw ýetmezçiligi sebäpli ýurtda oba hojalygy gowşak ösendir. Kuweýtiň territoriýasynyň diňe 3%-i oba hojalyk önümçiligi üçin ýaramlydyr. Ownuk şahly mallar we guşlar idedilýär.

Ýükler awtomobil transporty we deňiz gämileri bilen daşalýar. Ýurduň tanker flotynyň umumy tonnasy 3,4 mln. tonnadan geçýär. Kuweýtiň 96 sany gämisi bar. Pul birligi-Kuweýt dinary.

Nebit we nebit önümleri, himki dökünler Kuweýtiň daşary ýurtlara çykarýan harytlarydyr. Azyk we senagat harytlary, senagat enjamlary, awtomaşynlar daşary ýurtlardan getirilýän harytlardyr. Indiýa, ABŞ, Beýik Britaniýa, Ýaponiýa, Günorta Koreýa, Italiýa, Kuweýtiň esasy söwda edýän ýurtlardyr.

Köp mukdardaky maliýe serişdeleriniň bolmagyna esaslanyp, Kuweýtiň hökümeti ýurtda magaryfy we saglygy saklanyşy ösdürmeklige üns berýär. Ýurtda okuw we medisina hyzmaty mugtdyr. Soňky ýyllarda Kuweýtiň hökümeti başga ýurtlardan göçüp gelýänleriň mukdaryny çäklendirmek boýunça çäreleri amala aşyrýar, ýurtda beýleki ýerlerden işlemäge gelýän işleriň gelmeginiň düzgünini berkjleşdirýär.

Kuweýt-Yrak çozuşynyň öň ýanynda ilatyň jan başyna düşýän milli girdeji babatynda (1988-nji ýyllarda 10 müň dollardan gowrak) dünýäde ilkinji orunlaryň birini eýeleýärdi. Yragyň çozmagy Kuweýtiň ilatyna uly maddy zyýan ýetirdi.

Transporty-awtomobil ýollarynyň uzynlygy-4 müň km.

## § 6.Bahreýn (Bahreýn döwleti)

Bu döwlet Pars aýlagyndaky adybir arhipelagda ýerleşýär. Umumy meýdany 965,5 müň km.kw. bolan 35 adany öz içine

alýar. Ilaty- 740 müň adam (2006ý), 60%-e golaýy araplar, galanlary Eýrandan, Hindistandan, Päkistandan we beýleki ýurtlardan göçüp gelenlerdir. Paýtagty-Manama şäheri (160 müň adam). Döwlet dili-arapça. Döwlet sini-Yslam.

Bahreýniň özbaşdaklygy 1971-nji ýylyň awgustynda yglan edildi. Oňa çenli XIX asyryň ortalaryndan Beýik Britaniýanyň protektoraty bolupdy. (Sowet Soýuzy Bahreýni garaşsyz döwlet hökmünde ykrar etdi, emma iki ýurduň arasyndaky diplomatik gatnaşyklar berkarar ediilmedi).

Bahreýn Arap döwletleriniň ligasynyň agzasy. 1981-nji ýylda Saud Arabystany, Kuweýt, Katar, Oman we Birleşen Arap Emiratlary bilen bilelikde Pars aýlagyndaky arap döwletleriniň hyzmatdaşlygy Sowetine girdi. Bu guramanyň esasy maksady-gatnaşyjy ýurtlaryň syýasy, ykdysady we beýleki oblastlardaky işini koordinirlemekden (sazlandyrmak, ylalaşdyrmak) ybaratdyr.

Bahreýn halkara arenasynda parahatçylyk, ýaragsyzlandyrmak, ýadro urşunyň öňüni almak ugrunda çykyş edýär. Ol günbataryň ýurtlary bilen, aýratynda Beýik Britaniýa we ABŞ bilen ysnyşykly aragatnaşyk saklaýar.

Bahreýniň döwlet gurluşy konstitusiýaly monarhiýadyr. Döwlet baştutany-Emirdir. Ýurduň konstitusiýasyna laýyklykda kanun çykaryjy häkimýet emire degişlidir. Ýerine ýetiriji organ Ministrler sowetidir. Ýurtda syýasy partoýalaryň, profosoýuzlaryň işi gadagan edilendir. Ýurduň ykdysadyýetiniň esasy nebit gazyp almakdyr we ony gaýtadan işlemekdir. Nebitiň gorlarynyň çäkliligi sebäpli, onuň çykarylyşy barha azalýar.

Bahreýinde ýylda kuwwatlylygy 14 mln.tonna barabar bolan nebiti gaýtadan işleýän kärhana bardyr. Ol saud



50° 15'
50° 30'
50° 45'
Персидский залив
о. Мухаррак
Мухаррак
Хидд
26° 15'
МАНАМА
Будайя
о. Джидда
Джидд-Хафс
о. Эн-Наби-Салих
Исатаун
о. Ситра
Карзаккан
Ситра
о. Умм-Наасан
Авали
Эз-Заллак
г. Джебель-Дукан (134 м)
26°
Джау
Амар
о. Бахрейн
Эль-Мумматала
25° 45'
м. Рас-эль-Барр
залив Бахрейн
о. Эль-Джанубия
о. Хавар
САУДОВСКАЯ АРАВИЯ
25° 30'
КАТАР
0 5 10 20 км
©RMcN

kondisionerleri ýygnaýjy önümçiligi boýunça senagat kärhanalry döredildi. Her ýyldaky kuwwatlylygy 280 müň tonna bolan ugurdaş gazdan butan we propan öndürýän kärhana bardyr. Ýurt ykdysady ösüşiniň planlaryny amala aşyrmakda Saud Arabystanyň we Kuweýtiň maliýe kömegine daýanýar. Bahreýn ýakyn we Orta gündogardaky iri bank merkezidir. Bu ýerde onlarça daşary ýurt banklary ýerleşendir. Bahreýniň oba hojalygy gowşak ösendir we ol ýurduň azyk önümlerine bolan islegini kanagatlandyrmaýar. Deňizden balyk, leňňeç tutulýar. Bahreýn aragatnaşyk we gatnaw ýollarynyň möhüm çatygydyr. Manama, Salman we Sitra esasy portlarydyr. Pars aýlagy etrapdaky iri aeroportlaryň biri Muharrok adasynda ýerleşýär. Asfaltlanan awtmobil ýollary 200 km, daş düşelmedik ýollar 500 km. Esasy adalaryň arasyndaky gatnaşyk galdyrylan bentler boýunça amala aşyrylýar.

Bahreýinde Pars aýlagynda iň iri radiostansiýa, ýeriň emeli hemralary arkaly teleks we telfon aragatnaşygy stansiýasy ýerleşendir.

Pul birligi –bahreýn dinary. 1 bahreýn dinary -2,58 dollar. ABŞ, Beýik Britaniýa, Ýaponiýa, Saud Arabystany, Awstraliýa esasy söwda edýän ýurtlarydyr.

## § 7.Katar (Katar döwleti)

Bu döwlet Pars aýlagyndaky adybir ýarym adada ýerleşýär. Meýdany-11,4müň km.kw. ilaty 380 müň adam (1988ý). Paýtagty- Doha şäheri (220 müň adam). Döwlet dili-arapça. Döwlet dini yslam. Katar 1971-nji ýylyň 3-nji sentýabrynda özbaşdaklygyny aldy. Oňa çenli Beýik Britaniýanyň protektoratydy. Katar BMG-nyň arap döwletleriniň Ligasynyň çleni, goşulmazlyk hereketine gatnaşýar. Ol 1981-nji ýyldan bäri Saud Arabystany, Kuweýt, Bahreýn, Oman we BAE-lary bilen bilelikde Pars aýlagyndaky döwletleriniň hyzmatdaşlyk sowetine girýär.

Katar halkara arenasynda parahatçylyk, ýadro urşunyň öňüni almak, ýaraglarynyň haýdadylmagyny bes etmek, ýakyn gündogar jedellerini düzgünleşdirmek we beýleki meseleler ugrunda çykyş edýär.

Kataryň döwlet gurluşy absolýut monarhiýa bolup, döwlet baştutany Emir Halifa Ben Hamad Al Giani. Kanun çykaryjy häkimýeti Emir amala aşyrýar. Ýerine ýetiriji häkimýeti maşgalasynyň agzalarydyr. eýeleýärler. 1972-nji ýylda wagtlaýyn konstitusiýa yglan edildi we Konsultatiw soweti döredildi. Syýasy partiýalaryň we guramalaryň işi gadagan edilendir.

Nebiti gazyp almak we ony gaýtadan işlemek ýurduň ykdysadyýetiniň esasy pudagydyr. Nebitiň barlanan zapasy 475 mln.tonnadan geçýär. 1989-njy ýylda 15 mln.tonna nebit gazylyp alyndy. Nebit satmaklykdan alynýan girdeji döwlet býudjetiniň esasy çeşmesidir. (85%).

1981-nji ýylyň ahyrlaryndan bäri Kataryň döwlet Baş nebit korporasiýasy ýurtda nebitiň gazylyp alnyşyna we gaýtadan işlenilşine doly gözegçilik edýär. Nebiti gaýtadan işleýji kärhanalaryň ýyllyk kuwwaty 3,6 mln.tonnadan geçýär. Metallurgiýa kombinaty, sement zawody ( ýylda 330 müň tonna sement), mineral dökünlerini, etilen we polietilen öndürýän kärhanalar işe girizildi „Katar gaz“ garyşyk kompaniýasy her ýylda 6 mlrd $m^3$-e çemli tebigy gazy gazyp alýar (zapasy 4,6 mlrd $m^3$-den gowrak). Oňa degişli 2 sany zawodda her ýylda 2,9 mln.tonna çenli suwaldylan gaz öndürilýär. Şeýle hem Katarda ýeňil we azyk senagatynyň birnäçe kärhanalary, deňiz suwuny süýjedýän kompleks işleýär. (her günde 43 mln gallon süýji suw öndürýär, 1 gallon - 4,5 litr Angliýada, ABŞ-da 3,7 litr).


50°
52°
Персидский залив
БАХРЕЙН
Эр-Рувайс
26°
26°
Духан
Эр-Райан
ДОХА
залив Сальва
Умм-Саид
Аба-эль-Баул
(105 м)
САУДОВСКАЯ
АРАВИЯ
24°
24°
ОБЪЕДИНЕННЫЕ
АРАБСКИЕ
ЭМИРАТЫ
0 20 40 80 км
©RMᶜN
50°
52°

guşçulyk fabrikleri, goýundarçylyk fermalary bardyr. Deňiz suwlaryndan balyk, leňňeç, dür balykgulaklary tutulýar.

Içerki oba hojalyk önümçiligi ýurduň azyk önümlerine bolan isleginiň diňe 20%-ni kanagatlandyrýar.

Awtomobil ýollarynyň uzynlygy 2,5 müň km-e golaýdyr. Doha we Umm-Saud esasy deňiz potlarydyr. Dohada halkara aeroporty ýerleşendir.

Pul birligi –Katar rialy. 3,63 katar rialy-1dollar (1988ý). Kataryň daşary ýurtlarda 14 mlrd.dollardan gowrak walýuta rezerwi bardyr.

Nebit, suwaldylan gaz, dökünler, himikatlar, polat, leňňeç Kataryň daşary ýurtlara çykarýan esasy harytlaydyr. Öz gezeginde daşary ýurtlardan Katara dürli enjamlar, azyk önümleri, gurluşyk materiallary, dokam önümleri, giň mukdarda sarp edilýän harytlar getirilýär.

Ýaponiýa, ABŞ, Beýik Britaniýa Kataryň esasy söwda edýän ýurtlarydyr.

## § 8.Birleşen Arap emirlikleri (BAE).

Ol federatiw döwlet bolup, Arabystan ýarym adasynyň gündogar böleginde Pars we Oman aýlaglarynyň kenarlarynda ýerleşýär. (Onuň sostawyna öňki Şertnamaly Omanyň 7 sany emirlik: 1) Abu-Dabi, 2) Dubaý, 3) Şarja, 4) Ras-el-Haýma, 5) El-fujaýra, 6) Ajman, 7) Umm-el-Kaýwaýn girýär).

Meýdany 83.6 müň km²-e golaý. Ilaty 4.6 mln. adamdan (2006ý.) gowrak. Ilatyň esasy bölegi araplardan durýar. Ýerli ilatyň mukdary 300 müň adama golaý bolup, galanlary Ýemenden, Eýrandan, Hindistandan, Päkistandan we Afrikanyň birnäçe ýurtlaryndan göçüp gelenlerdir. Paýtagty -Abu-Dabi şäheri (700 müň adam). Döwlet dili-arapçadyr. Döwlet dini-yslamyň sünni ugrudyr.

Beýik Britaniýanyň iňlis deňiz gämilerini garakçylardan goramak bahanasy bilen 1820-nji ýylda emirlikleriň ýolbaşçylaryny bu baradaky şertnama gol çekmäge mejbur edýär. Şol şertnama bu ýerde iňlislere çäklendirilmedik hukuklary berýär. Ondan soňky şertnamalar, aýratynda 1892-nji ýyldan şertnama boýunça Beýik Britaniýa bu territoriýalary özleriniň protektoratyna öwürýärler, özleriniň aralygyny berkidýärler. Ikinji jahan urşundan soňra iňlisler özleriniň gözegçiligi astyndaky 9  sany arap emirliklerinden ybarat bolan federasiýany (Bahreýn we Katary goşmak bilen) döretmäge synanyşdylar. Emma milli azat edijilik hereketiniň ösmegi iňlis imperializminiň, bu planyny  amala aşyrmaga mümkinçilik bermedi.

1971-nji ýylyň 2-nji dekabrynda Şertnamaly Omanyň 6 sany emirliginiň häkimleri garaşsyz federatiw döwleti- Birleşen Arap emiratlaryny döretmekligi yglan etdiler. Bu döwlete 19712-nji ýylyň fewral aýynda Ras-el-Haýma emirligi hem girdi.  BAE-lary soňky ýyllarda daşary syýasatyny Saud Arabystandaky we Pars aýlagyndaky beýleki döwletler bilen utgaşdyrýar.

Federasiýada Abu-Dabi we Dubaý emirlikleriniň agalyk ediji ýagdaýlary bardyr. Bu emirlikler federasiýanyň girdejisiniň 85%-ni berýärler, ilatyň ýarsyndan gowragy ýaşaýar. Bu emirlikler arap döwletleriniň arasyndan we birnäçe halkara guramalaryna aýry-aýrylykda girmegini dowam etdirýärler.

BAE-lary federatiw döwletdir. Döwlet häkimýetiniň ýokary organy ýokary soweti bolup, ol emiratlaryň häkimlerinden durýar. Parlament –malli federal ýygnagy (40 agzasy bar) maslahat beriji organydyr.

Döwlet baştutany prezident bilen saýlanylýar. Ýerine ýetiriji  BAE-laryň merkezi organlarynda emirlikleriň wekilçiligi wagtlaýyn konstitusiýa görä, olaryň ilatynyň sany we ykdysadyýetdäki orny boýunça kesgitlenýär. Syýasy

partiýalaryň we guramalaryň işi gadagan edilendir. Ýurduň jemgyýetçilik durmuşyna şerigat güýçli täsir edýär.

Nebit ýurduň möhüm tebigy baýlygydyr. Onuň barlanan zapasy 14.7 nlrd.tonna bolup (1988ý. ), ol esasan Abu-Dabide (4mlrd.tonna) we Dubaýda ýerleşendir. Abu-Dabide we Dubaýda tebigy gazyň, (barlanan zapasy l mlrd.m$^3$) gazylyp alynýan ojaklary bardyr. Nebitiň esasy bölegi Abu-Dabi emiratlygynda gazylyp alynýar. BAE-larynda 1988-nji ýylda 75 mln.m nebit gazylyp we ol dünýäde 4- nji orny eýeleýär.

Nebitli ýerleri gözlemek we ony gazyp almaklyk daşary ýurt kompaniýalary (iňlis,amerikan, fransuz, daniýa, ýapon, german we italýan maýalary tarapyndan amala aşyrylýar. BAE-larynda 1928-nji ýylda nebiti satmaklykdan alynýan girdeji 8,8 mlrd.dollara golaý boldy.

Ýurtda oazis ekerançylygy ösendir. Hurma, üzüm, miweler, şeýle hem gök ekinler, däneli ekinler, temmäki we pagta ösdürilip ýetişdirilýär. Çarwa maldarçylylygy (düýedarçylyk) ösendir. Ekilýän ýerleriň meýdany 42 müň ga.barabardyr. Ýurtda 22 sany suw süýdediji kärhana bar. Oba hojalyk ýurduň ilatynyň ähli azyk önümlerine bolan islegini üpjün etmeýär.

Senagat 2 sany nebit- himiki komplekslerinden 11,3 mln.tonna nebit önümlerini öndürýär, gazy suwuklandyrýan zawodlardan, alýuminiý zawodyndan, 9 sany sement zawodyndan şeýle hem birnäçe ownuk kärhanalardan (metal önümleri zawody, agaç işläp bejerýän zawody, temmäki fabrigi we beýlekiler) we senetçilik-hünärmentçilik ussahanalaryndan ybaratdyr. Köp bolmadyk mukdarda mis, gurşun, duz, ohra (sary ýa-da gyzyl boýag), kükürt gazylyp alynýar.


ИРАН
Персидский залив
БАХРЕЙН
КАТАР
Ормузский пролив
ОМАН
Рас-эль-Хайма
Умм-эль-Кайвайн
г. Йибир (1934 м)
Шарджа
Дадна
Дубай
Эль-Фуджайра
Оманский залив
АБУ-ДАБИ
Эль-Аун
ОМАН
САУДОВСКАЯ АРАВИЯ
0 50 100 200 км
©RM©N

bilen ýük daşamak 60-njy ýyllaryň ahyrlaryna çenli ýurduň esasy transport serişdeleridir. 70-nji ýyllarda we 80-nji ýyllaryň başlarynda uzynlygy 2.5 müň km bolan asfaltlanan 1988-nji ýylda dünýädäki iň uly Jebal Ali emeli deňiz porty guruldy. Raşid we Zaid ýurduň iri deňiz portlarydyr. Ýurtda 6 sany halkara aeroportlary bardyr. Ýurduň tanker floty bar.

Pul birligi- federal dirham. (dirham- 0.28 dollar (1987ý.). BAE-lary dünýädäki kapital (maýa) edýän ýurtlaryň iň irileriniň biridir. 1988-nji ýylda bu ýurtlardaky goýumlarynyň mukdary 40 mlrd.dollardan geçýärdi. Ýurt ol goýumlardan her ýylda 1 mlrd.dollar girdeji alýar.

Arassalanmadyk nebit, suwaldylan gaz, kakadylan balyk, dür balykgulaklary, temmäki we deri çig mallary ýurduň daşary çykarýan harytlarydyr.

Köp sarp edilýän harytlar, azyk önümleri, maşynlary, enjamlary, gurluşyk materiallary we beýlekiler BAE-larynyň beýleki ýurtlardan getirýän harytlarydyr.

Ýaponiýa, ABŞ, Eýran, Hindistan, Kuweýt BAE-larynyň esasy söwda edýän ýurtlarydyr.

Soňky ýyllarda BAE-larynda mekdepleriň, medisina edaralarynyň gurluşygy güýçli depginde alnyp barylýar. Ýurtda ilatyň bilim almagy we medisina hyzmaty mugtdyr. Ýurtda ýokary hünärli milli kadrlaryň ýiti ýetmezçiligi duýulýar. Ykdysadyýetiň dürli pudaklarynda, aýratynda nebit gazyň alyjy senagatda daşary ýurtda spesialistleriň mukdary 90%-den geçýär.

## § 9.Ýemen (Ýemen respublikasy)

**Ýemen**- Ýemen respublikasy Aziýanyň günorta – günbatarda, Arap ýarym adasynyň hem günorta-günbatar böleginde ýerleşip demirgazykda we demirgazyk –gündogarda Saud Arabystany, gündogarda Oman döwleti bilen, günbataryny Gyzyl deňzi, günortany Aden aýlagy ýuwýar.

Bab-el-Mandeb bogazy Ýemeni Afrikadan bölüp aýyrýar. Sohotra (Hindi okeany.) , Perim (Bab-el-Mandeb bogazynda) we Komoran (Gyzyl deňzi) adalary Ýemene degişlidir. Meýdany – 5mln.27müň 970 km$^2$. Paýtagty-Sano şäheri.

Tebigaty –Ýemeniň demirgazygyny we gündogaryny Pub-al-Hali döwleti, günbataryny Ýemen daglary (iň beýik nokady En-Nabi-Şaib, 3760m) tutýar. Gyzyl deňziniň kenaryny insiz düzlük zolagy tutýar. Aden aýlagynyň we Gyzyl deňziniň kenarynda Tinama çöli tutýar. Gündogarda tekiz daglyklar we belentlikler tutýar.Çöllük we daglyk etraplarynyň klimaty düýpli başgaçadyr. Günorta çöllüklerde örän yssy , daglary bolsa aram klimatlydyr. Iýunda +27$^0$ ýanwarda +14-20$^0$c. Ygalyň düşüşi hem örän tapawutly bolup ýylyň dowamynda 40-1000mm çenlidir. Daglyk raýonda aram-aram ýagyşly, demirgazyk-gündogarda bolsa birnäçe ýyllap hem ygalyň ýagmaýan ýerleri hem bar.

Tebigy baýlyklary-nebit, tebigy gaz, demir, altyn, mis, daş kömür, gips, sera, bezeg daşlarynyň dürli görnüşleri.

Ilaty- 18000 adam, ortaça gürlügi 1km$^{2.}$ . 31 adam.

Ilatyň düzümi-araplar, hindiler, afrikanlar.

Döwlet dili-arap dilidir.

Dini- Yslam-süwüler 60%, şaýylar 40%-ni düzýär.

Syýasy gurluşy-döwlet gurluşy- respublika, döwlet ýolbaşçysy, prezident, döwleti dolandyrjy, premier ministr. Ýemen- 17 prowinsiýa bölünýär.

Paýtagty-Sana.


САУДОВСКАЯ АРАВИЯ
ОМАН
РУБ-ЭЛЬ-ХАЛИ
Санау
Красное море
Саада
Майди
Замах
Дамкаут
залив Эль-Камар
Шибам
Тарим
Сайун
Масила
РАМЛАТ-ЭС-САБЪАТАЙН
Амран
г. Эн-Наби-Шаиб
(3660 м)
Сана
Шабва
ХАДРАМАУТ
Кишн
м. Фартак
Сайхут
Манаха
Ходейда
Эш-Шихр
ЭРИТРЕЯ
Дамар
о-ва
Ханиш
Забид
Ярим
Нисаб
Хаббан
Эль-Мукалла
Ибб
Лаудар
Эль-Хаси
Эль-Хаура
Аравийское
море
Таиз
Шакра
Моха
Лахдж
Шейх-Осман
Эш-Шааб
Аден
о. Сокотра
Хадибу
Баб-эль-Мандебский пролив
ЭФИОПИЯ
Аденский залив
ДЖИБУТИ
СОМАЛИ
0 50 100 200 км
42° 44° 46° 48° 50° 52° 54°
20° 18° 16° 14° 12°

önümlerini eksport edýär. Import edýän önümleri himiýa senagatynyň sement, un, gantdyr. Söwda aragatnaşygyny edýän döwletleri: Saud-Arabystany, Hytaý, G.o Koreýa, Ýaponiýa, Fransiýa, ABŞ.

Pul birligi-ýemen rialy.

Taryhy-Mine şalygy Ýemeniň territotiriýasynda dörän ilkinji döwletdir , ol b.e.öňki 1200 ýyldan 650 ýyla çenli dowam edýär. B.e.öňki X asyrda Şeba şalygy döreýär. Ýemeniň Yslamdan öň dörän beýik döwleti Himýar şalygy b.e.öňki 100 ýyldan 525 ýyla çenli dowam edýär. B.e IV-asyryndan b.e.VI asyryna çenli Ýemeni Pars döwletiniň Abissiýan şalygy basyp alýar we Arap ýarym adasyndan Yslam dini döreýär, XVI asyra çenli bu döwleti araplar dolandyrýar. XVI asyrda portugallar Sokotra adasyny, az hem soňrak mamluklar Sanany basyp alyarlar. 1538-nji Ottomaň imperiýasy Ýemeniň uly bölegini eýeleýär. 1839-njy ýyldan Aden britanlylaryň harby bazasyna öwrülýär. Şundan soňra döwlet 2 bölege bölünýär. XIX asyrda Ýemeni demirgazyk we günorta bölegi bölýän araçäk emele gelýär. 1990-njy ýylda 21 maýynda iki tarap hem birigýär we Ýemen respublikasy diýip atlandyrylýar.

## § 10. Oman (Oman soltanlygy)

**Oman-** Oman soltanlygy -Arap ýarym adasynyň günorta –gündogarda ýerleşýär. Günorta –günbatarda Ýemen, günbatarda Saud-Arabystany, demirgazyk-günbatarda Birleşen Arap emirlikleri bilen araçäkleşýär. Demirgazygyny Oman aýlagynyň suwlary, gündogaryny Arap deňziniň suwlary ýuwýar. Meýdany 212.457 km$^2$.

Omanyň günbataryny daglyk çöller, gündogaryny daglar tutýar. (beýikligi 1127 m çenli) . Ormuz bogazyndaky gaýaly ýarym ada-Musandam hem Omna degişlidirler. Klimaty yssy we gurak, ýyllyk ortaça temperatura+28$^0$c. Ýer

astynda mis, brom, nebit we tebigy gaz baýlyklarynyň gory bardyr.

Çölleriň we ýarym çölleriň ösümlikleri mahsus bolup, tilki, şagal, gemrijileriň we ýylanlaryň dürli görnüşleri hažžyk duş gelýär.

**Ilaty-** 2400 müň adam bolup, ilatyň ortaça gürlügi 1 $km^2$ 11.1 adam düşýär. Etniki düzümi –araplar-75%, päkistanlylar-21%, galan bölegini bolsa hindiler, eýranlylar, buluçlylardyr. Döwlet dili-arap dili bolup, urdu, iňlis dilleri hem ulanylýar.

**Döwlet gurluşy**- absolýut monarhiýa. Döwlet baştutany we dolandyryjy-soltan bolup, 59 welaýata bölünen. Paýtagty-Maskat. Beýleki iri şäherleri: Ibri, Salala, El- Burajini. Esasy port Matrahdyr. Syýasy partiýalary ýok.

**Ykdysadyýeti**-Oman nebitgaz senagaty ösen agrar döwlet bolup, nebiti gaýtadan işleýän, sement, himiýa, azyk senagaty bardyr. Maşyngurluşygy we metaly gaýtadan işleýän pudaklary ösen. Altyn, kümüş, mis gazylyp alynýar. Tekistil önümleri taýyn eşikler öndürilýär. Bakja we tropiki ekinler ekilýär. Nebiti,metal we metal önümlerini, dokma önümlerini, maldarçylyk önümlerini-eksport edýär. Agyr maşyngurluşygy, transport enjamlaryny, esasy senagat önümlerini, temmäki-import edilýär. Esasy söwda edýän döwletleri: Birleşen Arap emirlikleri, Ýaponiýa, Hytaý, Günorta Koreýa. Pul birligi-oman rialy.



ИРАН
БАХРЕЙН
КАТАР
Ормузский пролив
Эль-Хасаб
п-ов Мусандам
Персидский залив
Оманский залив
Сухар
Эль-Бурайми
Эль-Хабура
Матрах
МАСКАТ
ОАЭ
ЭЛЬ-АХДАР
г. Шам
(3035 м)
Назва
Тиви
Сур
м. Эль-Хадд
САУДОВСКАЯ
АРАВИЯ
РУБ-ЭЛЬ-ХАЛИ
Эль-Халуф
о. Масира
залив
Масира
Аравийское море
залив
Саукира
Саукира
ДОФАР
о-ва
Куриа-Муриа
Салала
Мирбат
залив Камар
ЙЕМЕН
0
50
100
200 км
©RMIN

Maskatdon we Omanyň beýleki raýonlaryndan çykmaga mejbur edýärler. Abul-Arab ýoruby sultan diýip yglan edýärler. Onuň soltanlyk eden döwründe güýçli flot döredýärler. XVIII asyryň başlarynda Omanda watançylyk urşy başlanýar, ýagny hinawi we gafury tireleriniň arasynda. Parslar bu ýagdaýdan peýdalanyp kenarýaka raýonlaryny basyp alýar. XVIII asyryň II ýarymynda bu etraplary (raýonlary) basyp almak üçin Beýik Britaniýa, Fransiýa we Merkezi Arabystanyň arasynda göreş başlanýar.1798-nji ýylda Beýik Britaniýa Oman bilen şertnama baglaşýar we golastynda döwlete öwürýär. XIX asyryň ahyrynda XX asyryň başlarynda Omanyň içindäki tire-taýpa dawalary güýçlenýär. Angliýa bilen Omanyň arasyndaky 7 ýyllap dowam eden uruşdan soň 1920-nji ýylda Omanyň garaşsyz döwletdigi barada ylalaşyk baglanyşylýar. 1955-nji ýylda Mushatyň soltany Beýik Britaniýanyň goldamagy arkaly Oman ymamyýetini eýeleýär. 1964-nji ýyldan nebit ojaklaryndan nebit alnyp başlanýar. 1970-nji ýylyň 23-iýulynda hiç hili dawasyz angliçanlaryň täsiri bilen Soltan Said ben Temir we goly Kafiň ben Sandy oňa gatnaşdyrmak arkaly ýurda syýasy we ykdysady düzgüni girizdi.

## § 11. Siriýa (Siriýa arap respublikasy)

Aziýanyň günbatarynda ýerleşip demirgazygynda Türkiýe, günortasynda Iordaniýa, günbatarynda Liwan we Ysraýyl bilen araçäkleşýär. Meýdany 185,2 müň km.kw. Siriýa Ortaýer deňziniň gündogar kenarynda möhüm halkara ähmiýetli söwda ýollarynyň çatrygynda ýerleşýändir.

**Relýefi-** ýurduň territoriýasynyň köp bölegini plato tutýar. Bu plattinyň günbatar bünbatar biň ýiti dag görnüşli relýefi bolup, ol ýerleriň belentligi 3000 metre golaýlaşýar. (Jebel-Ansariýa 1562m, Jebel-Zawiýa, Kürt dagy, Antiliwan (2814m çenli), Jebel-el-şeýh). Döwletiň gündogar tarapyny, ýarymçöller, sähralylar tutýar. Günorta –gündogar çet

bölekleririninde Siriýa çöli, demirgazyk –gündogaryndada Jedira çöli ýerleşendir. Ortaýer deňziniň kenaryny uzaboýuna giňligi 20-30 km bolan dar peslik zolagy uzalyp gidýär.

**Gazma baýlyklary**- Siriýanyň ýer astynda gazylyp alynýan peýdaly magdanlarynyň birnäçe görnüşleri-nebit,gaz, demir magdany, fosforit, gurşun magdany, mermer, tebigy asfalt, kaliý duzy bardyr.

**Klimaty-** kenarýakalarynyň subtropik klimaty bar.Ýurduň beýleki etraplarynyň klimaty gurak we kontinentaldyr.

**Içerki suwlary**-Siriýanyň iň uly derýasy Ýefratdyr. (arapça Şatt-El-Fyrat), El-Asi-ululygy boýunça Siriýanyň ikinji derýasydyr. Bu derýalary suwlary ekerançylyk ýerlerini emeli usulda suwarmakda giňden ulanylýar. Barada derýasy bolsa Damask oazisini suwlylandyrýar. Iordaniýa bilen araçakde Ýormuk, Türkiýa bilen araçäkde bolsa Tigr derýasy akýar. Siriýanyň ösümlik örtüginiň köp böleginiň çöllük we ýarym çük häsiýeti bardyr. Kenarýakalarynda bolsa Ortaýer deňiz tipdäki ösümlikler ösýär.

**Ilaty we döwlet gurluşy** –(2008 ýylyň maglumatyna görä) Siriýada 17,1 müň adam ýaşaýar. Ilatyň gürlügi her 1 km.kw. -90 adam. Ilatyň ýokary degindäki gür ýerleri ýurduň günbatardaky kenarýaka raýonlary Tarfus, Latakiýa (1km.kw.-230adam). Damask we Haleb gubernatorlyklary üçin häsiýetlidir. Çöllük etraplarynda bolsa ilat örän seýrekdir.

Ýurduň ilatynyň 90% araplardyr, olardan başga-da Siriýada kürtler (500 müň), palestinalylar (250 müň), ermeniler (180 müň) , türkmenler (35 müň), çerkesler (30 müň), türkler (20 müň), ýewropalylar (15 müň) ýaşaýarlar.

Ilatyň 50 % oba hojalygynda, diňe 15% senagat pudaklarynda işleýär.

Ilatyň 85% musulman dinine uýýar. Şeýle hem hristian we iudizm dinine uýýanlar bar.

**Döwlet gurluşy**-Siriýa BMG-nyň, arap döwletleriniň ligasynyň agzasydyr.döwlet gurluşy –republika.

Döwlet baştutany Prezident.

Hökümet baştutany –premýer ministr. Siriýa 14 gubarnatorlyga bölünýär.

Paýtagty –Damask şäheri (15 000 adam).

Iri şäherleri: Haleb (1500 müň), Hows (580 müň), Al-Lalhimiýa (300 müň), Hama (280 müň).

**Ykdysadyýeti-** Siriýa agrar –industrial döwletdir. Nebiti, gazy, fosfaty gazyp alýar. Nebiti gaýtadan işleýän, himiýa, gön-deri kärhanalary işleýär. Dokma senagaty ýurduň umumy senagat önüminiň 40 % golaýyny berip, ondan soňra 2-nji ýeri azyk senagaty eýeleýär. Siriýada ona hojalygy esasy pudak bolup, esasy ugry-ekerançylykdyr. Däneli we kösükli ekinler , pagta, we miweli ekinler ösdürilip ýetişdirilýär. Eksport edýän önümlerini- nebit-nebit önümleri, fosfat, dokma, pagta, gök we miwe önümleri.

**Import:** maşyn we onuň enjamlary, metal, tokaý we azyk önümleri: Germaniýa, Italiýa, Fransiýa, Belgiýa, Beýik Britaniýa, Rumyniýa.


ТУРЦИЯ
Халеб
(Алеппо)
Эль-Камышлы
Хасеке
водхр.
Эль-Асад
Ракка
Идлиб
Эль-Аси
(Оронт)
Евфрат
Хабур
Латакия
"Турецкая Республика
Северного Кипра"
Хама
Дейр-эз-Зор
Тартус
Эс-Сухна
Хомс
Средиземное
море
Тадмор
Эль-Карьятейн
Абу-Кемаль
ИРАК
Эн-Небк
ЛИВАН
Кутейфа
г. Эш-Шейх
(Хермон)
(2814 м)
Дума
СИРИЙСКАЯ ПУСТЫНЯ
ДАМАСК
Эль-Кунейтра
Голанские
высоты
ИЗРАИЛЬ
Эс-Сувейда
Деръа
ЗАПАДНЫЙ
БЕРЕГ р.
ИОРДАН
ИОРДАНИЯ
САУДОВСКАЯ АРАВИЯ
СЕКТОР
ГАЗА
0 50 100 200 км
©RMcN

## § 12.Iordaniýa (Iordan Haşimit şalygy)

Iordaniýa-Iordan Haşimit şalygy –Aziýanyň günorta – günbatarynda ýakyn gündogarynda ýerleşendir. Demirgazykda Siriýa, demirgazyk –gündogarda Yrak, gündogarda we günortada Saud Arabystany bilen, günbatarda Ysraýyl bilen araçäkleşýär. Ysraýyl 1967-nji ýylyň iýun aýynda Iordan derýasynyň günbatar kenaryny basyp aldy. Meýdany -89.2 müň kw.km. Iordaniýanyň günbatar kenarynyň meýdany 5879km.kw.).

**Ilaty-** 5.2 mln.adam. paýtagty-Amman şäheri (1 mln.adam). ilatyň düzümi: araplar, kürtler, ermenler, çeçenler,türkmenler we grekler. Döwlet dili: arap dili bolup, araplaryň Siriýa döwletinde gürlenilýär, iňlis dili giňden peýdalanylýar. Dini- musulmanlar (sünnetler)-80%, hristianlylar-8%,.

**Taryhy** –Iordaniýanyň territoriýasy 16- asyryň başlaryndan 1918-nji çenli Osman imperiýasynyň sostawyna girýärdi. Osman imperiýasy dargandan soň ol Beýik Britaniýanyň gözegçiligi astynda boldy. 1921-nji ýylda Fransiordaniýa emiratlygy döredildi. 1946-njy ýylyň 25-nji maýynda Iordaniýa özbaşdaklygyny gazandy we häzirki adyny aldy.

Tebigy şertleri-Iordaniýanyň territoriýasy tebigy şertler görä 3 bölege bölünýär.

1. Günbatar Iordan tekiz daglygy
2. Iordan derýasynyň jülgesindäki çöketlik we Öli deňzi .
3. Fransiordan tekiz daglygy. (Ol Arabystan platosynyň bölegidir).

Iordaniýa çölleriň we ýarym çölleriň agdyklyk edýän ýurdudyr. Oazisler seýrek duş gelýär. Ýurduň subtropik kontinental klimaty bardyr.

Günbatar etraplaryň klimaty Orta ýer deňiz tipindedir. Oktýabrdan-maýyna çenli ýagyşly döwür dowam edýär. Onuň yzynda gurak tomus dowam edýär. Ýanwaryň ortaça temperaturasy 8-14$^0$c. Iýul aýyndaky 24-30$^0$c. Daglarda hem ýyl 500 -700 mm, çöllük etraplarynda bolsa 100mm hem az ygal düşýär. Ýurtda mydama akýan derýalar ýokdur. Günbatar etraplarynyň ösümlik örtügi Ortaýer deňiz tipindedir. Gündogar böleginde çöl ösümlikleri ösýär.

**Döwlet gurluşy** – kostitusion monarhiýadyr. Döwlet baştutany korol bolup ol kanun çykaryjy we ýerine ýetiriji häkimýetde örän hukuklardan peýdalanýar. Ýokary kanun çykaryjy organ-halk ýygnagydyr. Ol senagatdan we deputatlary palatosyndan durýar. Ýerine ýetiriji organ premýer ministriň ýolbaşçylygyndaky hökümetdir.

**Ykdysadyýeti** – Iordaniýa agrar döwletdir. Ysraýyl tarapyndan Iordaniýanyň günbatar etraplarynyn basylyp alynmagy ýurduň ykdysadyýetine uly zyýan ýetirdi.

Günbatar etraplar- ähli oba hojalygyna ýarmaly ýerleriň 80 % tutýardy. Häzirki wagtda Iordaniýanyň oba hojalygynda däne ekinleri (bugdaý, arpa) kösükli we gök ekinler, bakja ekinleri ösdürip ýetişdirýärler. (oba hojalygy ýurduň içerki



КИПР
ЛИВАН
СИРИЯ
ИРАК
Средиземное
море
СИРИЙСКАЯ
ПУСТЫНЯ
Ирбид
Эль-Мафрак
Эз-Зарка
Эс-Салт
АММАН
ЗАПАДНЫЙ
БЕРЕГ
р. ИОРДАН
СЕКТОР ГАЗА
Мертвое море
(–403 м)
Эль-Карак
ИЗРАИЛЬ
Эт-Тафила
Эль-Джафр
Маан
г. Рам
(1754 м)
Акаба
Эль-Мудаввара
ЕГИПЕТ
САУДОВСКАЯ
АРАВИЯ
залив Акаба
Красное
море
0
50
100
200 км
©RMCN
34°
36°
38°
40°
32°
30°
28°

## § 13. Palestina (Palestina respublikasy) .

Palestina döwletini döretmek hakynda 1988-nji ýylyň 15-nji noýabrynda Alžir şäherinde bolan Palestinanyň milli sowetiniň nobatdan daşary sesiýasynda yglan edildi. (Palestinanyň parlamenti kowulan). Bu aktyň ýuridiki- hukuk esasy BMG-nyň Baş Assambleýasynyň 29.11.1947-nji ýyldaky № 181 (II) rezolýusiýasy boldy. Bu rezolýusiýada I-jahan urşundan soňra dikeldilen Beýik Britaniýanyň Palestinadaky mondatlygyny ýatyrmak we onuň territoriýasynda garaşsyz ýewreý we arap döwletlerini döretmeklik bellenilýärdi, göz öňüne tutulýardy. Alžir şäherinde Palestinanyň ýokary formunynda kabul eden syýasy deklorasiýa BMG0nyň howpsuzlyk sowetiniň № 242 we 338-nji ykrar etmek bilen (ýagny Ysraýylyň bolmaklyk hukugy). Ysraýylyň 1967-nji ýylda basyp alan ähli Palestina we arap territoriýalardan, Iurisalimiň, Arap bölegini goşmak bilen çykmagyny hakyndaky talaby öňe sürýür. Şeýle hem şol ýerlerde döredilen ähli Ysraýylyň obalaryny ýok etmekligi talap edýär. Şeýlelikde palestinanalaryň yglan eden döwleti Iordan derýasynyn günbatar kenaryny we Gaza sektorynyň özleriniň geografiki we meýdan çäklerine goşýarlar.

Palestinanyň milli sowetiniň sessiýasy Palestinany azat ediş guramasynyň Iskolkamyna (15 adam düzüminde) wagtlaýyn Palestina hökümetiň funksiýasy ýerine ýetirmek wekilçiligini ynandy. Onuň döredilmeginiň möhleti entek kesgitlenen däldir. 1989-njy ýylyň mart aýynda Palestinany azat ediş guramasynyň Iskolkaly Ýa.Arafaty Palestina döwletiniň prezidentiligine belledi. 1987-nji ýylyň Ysraýylyň basyp alan yglan eden Palestina döwletiniň territoriýasynyň çäginde häzirki wagtda 1 mln.300müň adam ýaşaýar. Ondan başga-da 3.5 mln-a golaý Palestinalylar goňşy arap ýurtlary we dünýäniň beýleki ýurtlarynda ýaşaýarlar. 1948-1967-nji ýyl aralaygynda arap-palestina döwletlileriň territoriýasynda

Iordaniýanyň (Iordan derýasynyň, Günbatar kenary) we Müsüriň (Gaza sektory) gözegçiliginiň astynda boldy. 1988-nji ýylyň 31 iýulynda Iordaniýanyň Koran Hüseý Iordan derýasynyň günbatar kenaryny dolandyrmaklykdan ýüz döndürdi we Palestinalylaryň hususy döwletini döretmek baradaky hukugyny goldaýandygyny aýtdy. Şonuň bilen ol 1972-nji ýylyň mart aýynda öňe sürülen „Birleşen Arap Korollygyny“ döretmek planyny durmuşa geçirmeklikden ýüz dürdi. Bu ideýa palestinalylar we arap döwletlileri tarapyndan hem goldaw tapmandy.

Palestinalylar uzak wagtlap özlerini ýurduny bölünmegini we BMG-nyň Baş Assambleýasynyň № 181 (II)-nji rezolýusiýasyny ykrar etmediler. Palestinalylar 40 ýyldan gowrak wagtdan bäri ähli palestinany Ysraýyl basybalyjy häkimýetinden boşatmak ugrunda syýasy we ýaragly göreş alyp bardylar we Ysraýyl bilen gepleşikleriň başyna geçmeklikden boýun gaçyrdylar.

## § 14.Liwan (Liwan respublikasy)

Ol Ortaýer deñziniñ gündogar kenarynda ýerleşen ýurtdyr. Meýdany-10.4 müñ kw.km. ilaty-4.4 mln adam. Paýtagty-Beýrut şäheri. Döwlet dili- arapça. Liwan XVI asyryñ başyndan tä 1-nji Jahan urşunyñ ahyryna çenli Osman (türk) imperiýasynyüzümine girýärdi. 1918-nji ýylyñ ýüzünde iñlis-fransuz goşunlary tarapyndan (basylyp alyndy). 1920-nji ýylda Liwan Fransiýanyñ mandat astyndaky territoriýasy boldy. 1926-njy 26-njy martynda fransuz ýokary komissary kostitusiýany yglan etdi, şol konstirusiýa boýunça Liwan respublika edildi. Emma, Fransiýa ýurduñ daşarky gatnaşyklaryna we goralşyna gözegçilik etmegi öz ellerinde alyp gaýdylar. Konstitusiýada ýurduñ özbaşdaklygyny çäklendirýän madda ýatyrylandan soñra, 1943-nji ýylyñ 22-nji noýabrynda resmi taýdan özbaşdak respublika diýilip yglan

edildi. Emma fransuz goşunlary bu ýurduñ territoriýasynda 1946-njy ýylyñ ahyryna çenli saklandylar. 1944-nji ýylda Liwan SSSR bilen diplomatik gatnaşyklary ýola goýdy. Liwan halkynyñ 1958-nji ýyldaky aýgytly çykyşlaryñ arap ýurtlarynyñ goldamagy, ABŞ-nyñ,Liwanyñ içerki işlerine harby taýdan päsgel bermeklik baradaky planyny paş etdi.

1969-1982-nji ýyllarda Palestinanyñ azat ediş guramasynyñ, Palestinanyñ garşylyk görkeziji hereketiniñ dürli toparlarynyň ýolbaşçylary Liwanda boldular. 1969- njy ýylda Palestinany-azat ediş guramasynyñ we Liwan hökümýetiniñ wekilleriniñ arasynda palestinanylaryñ bu ýerde bolmagy barada ylalaşyk gazanyldy. 1975-nji ýylyñ aprelinde Liwanda ýiti syýasy krizis ýagdaýy döredi. Daşardan maddy kömek alýan hristian güýçleri Palestinanyñ garşylyk görkeziji hereketiniñ toparlary bilen çaknyşyklary gurap başladylar, soñra ol hristianlylar bilen musulmanlaryñ arasyndaky göreşe öwrüldi. Ýurt iki lagere bölünen ýagdaýda galdy. Bu ýurtdaky harby hereketler Liwana Arap ýurtlarynyñ arasyndaky harby güýçleriñ girizilmegi bilen saklandy. Ol güýçleriñ umumy sany 35 müñe golaý bolup, onuñ esasy bölegini Siriýanyñ goşunlary tutýardy.

1978-nji ýylyñ martynda Ysraýyl Liwana garşy agressiýany amala aşyrdylar we ýurduñ günorta etraplaryny basyp aldylar. Düna jemgyýetçiliginiñ berk talaby boyunça Ysraýyl öz goşunlaryny Liwanyýasynyñ ep-esli böleginden çykarmaga mejbur bolsy. BMG-nyñ howpsuzlyk Sowetiniñ karary boýunça, Ysraýylyñ basyp alan etraplarynda Liwanyñ özbaşdaklygyny dikeltmek üçin, günortasyna BMG-nyñ wagtlaýyn güýçleri girizildi. 1982-nji ýylyñ iýunynda Ysraýyl ýene-de Liwanyñ garşysyna giñişleýin agressiýany ýaýbañlandyrdy. Bu agressiýanyñ maksady, palestinalylary ýok etmek, Liwanyñ milli-watançy güýçlerini boýun egdirmekdi. Şu agressiýanyñ netijesinde 20 müñe golaý liwanlylar öldürildi, 30 müñden gowragy ýaralandy, ýurduñ köp sanly

şäherleri we obalary ýumruldy we weýran edildi. 1976-82-njy ýyllarda Liwanyň ykdysadyýetine ýetirilen zyýan 12 mlrd.dollardan geçdi. Liwanyň territoriýasynyň $^{1}/_{4}$ (25%) bölegini Ysraýyl basyp aldy. Ol etraplarda 0.5 mln-dan gowrak ilat ýaşaýardy.

Ysraýyl agressiýanyň arkadaýanjy, hakykatda oňa bilegatnaşyjy ABŞ bolup durýardy. ABŞ Liwanyň territoriýasyna BMG-nyň düzlüklerini ýerine ýetirýän, „öp milletli güýçler“ ady bilen ABŞ-nyň we beýleki NATO ýurtlarynyň güýçlerinden düzülen goşunyň girizilmeginiň insiatory boldy. Ol güýçler Ysraýyl bilen bilelikde sagçy Liwan toparlanşyşyklarynyň tarapynda harby hereketlere gatnaşdy.

1983-nji ýylyň 17-nji maýynda Ysraýyl bilen, parahatçylyk hakyndaky ylalaşyk Liwanyň boýuna dakyldy. Ol ylalaşyk Liwanyň özbaşdaklygyny çäklendirýärdi we ýurduň territorial bütewiligini bozýardy. Ýurdyň oppozision güýçleri 1987-nji ýylyň iýunynda Liwany halas etmekliginiň milli frontyny döretdiler. Sowet Soýuzy Liwan babatynda ýöredilýän syýasy diktaty ýazgardy, ysraýyl, amerikan we beýleki daşary ýurt goşunlaryny Liwandan çykarmagy talap etdi, ýeke-täk Liwany, onuň özbaşdaklygynyň dikeldilmegini, garaşsyzlygyny we territorial bütewiligini goldady. Liwandaky soňky ýyllardaky hadysalar bu ýurt babatynda güýç ulanma serişdeleriniň biderekligini subut etdi. Liwanyň milli-watançylyk güýçleriniň aýgytly hereketi we Siriýanyň berk durmagy netijesinde, ABŞ we NATO-nyň beýleki ýurtlary öz goşunlaryny Liwanyň territoriýasyndan çykarmagy mejbur boldular.

1984-nji ýylyň 5-martynda Liwan hökümeti Ysraýyl bilen „parahatçylyk hakyndaky ylalaşygy“ ýatyrýandygyny yglan etdi. Liwanda esasy syýasy partiýalaryn wekillerinden durýan R.Karameniň ýolbaşçylygynda milli bütewi hökümet düzüldi. Ol hökümet ýurtda howpsuzlygy üpjün etmek we dartgynly ýagdaýlary kadalaşdyrmak baradaky çäreleri

durmuşa geçirip başlady. Liwanda barha güýçlenýän garşylygynyñ artmagy we öz içerisinde ykdysady ýagdaýyñ ýaramazlaşyp başlanmagy sebäpli, Ysraýyl 1985-nji ýylyñ başlarynda öz goşunlaryny Liwanyñ territoriýasyndan çykaryp başlady. Ysraýyl häzirki wagtda Liwanyñ günortasynda ini 10 km-e golaý bolan zonany eýeleýär.

Liwanyñ tebigy şertleri we resurslary. Liwanyñ territoriýasynyñ esasy bölegini kenary ýakasynda bir-birine parallel bolan Liwan we Antiliwan dag gerişleri tutýar. Karnat-es-Sauda (3083 m) ýurduň iň belent nokady bolup, ol Tripoli şäheriniň günortasynda ýerleşendir. Antiliwan daglary demirgazykda 2629m çenli (Jebel Eş-Şarki) ýokary galýar. Onuň günorta dowamy hermon, ýa-da Jebel Eş –Şeýh bolup, ol 2814 m belentlige çenli ý okary galýar. Dag gerişleriniň arasynda Beka jülgesi ýerleşen, onuň arasynda giňligi 10-12 km, uzynlygy 100-120 km-e ýetýär.

Ýurduň klimatik şertleri birmeňzeş däldir. Kenar ýaka zolagynyň klimaty ortaça ýer deňiz häsiýetine eýedir. Bu ýerde tomus aram yssy ýagdaýynda bolýar, gyşy bolsa maýyldyr, sowuk (aýaz) bolmaýar. Emma deňiz kenatyndan 10-12 km daşlykdaky daglarda gyş aýlarynda ýygy-ýygydan gar ýagýar. Bu ýerdäki dag gerişleri dekabr aýyndan tä maý aýyna çenli gar bilen örtülýärler. Beýrutda adatça ýyllyk-temperatura 20.5°c-a barabardyr. Balentligi 1000 metre ýetýän daglaryň howasynyň ortaça ýyllyk temperaturasy 13.6°-c bolýar. Bekaa jülgesiniň klimaty gurak we yssydyr. Ygal esasn güýz we gyş aýlarynda ýagýar. Ygalyň ýyllyk mukdary kenar ýaka etraplarynda 900 mm. Bekaa jülgesinde- 400 mm, Antiliwan daglarynyň günbatar ýapgytlarynda 400-den 700mm-e çenlidir. Liwanyň dag eňňitlerinde Ortaýer deňiz gyzyl topraklary, Bekaa jülgesinde we kenar ýaka etraplarynda hasylly allýuwial topraklary ýaýrandyr. Liwanyň derýalary gämi gatnawly däldir. Ýurduň iň uly Nahr-el-Litani derýasynyň 182 km uzynlygy bardyr. Liwanda ýer asty baýlyklaryndan demir magdany,

goňur kömür, asbest, sementiň çig mallary, gips, mermer, gurluşyk daşlary bardyr.

Ilaty 3 mln.adam. Ýurduň ilatynyň esasy bölegini araplar (liwanlylar) tutýar. Başga-da ermenliler, kürtler, assiriýalylar we beýleki milletler ýaşaýarlar. Musulman taýylaryň sany 1.2 mln.adama golaý, musulman sünnüleriň mukdary bolsa 800 müň adama golaýdyr. Başga-da (druzlar, 300 müň hristian-maronitler (700-800 müň), proslawlar katolikler we beýlekiler ýaşaýarlar.

**Döwlet gurluşy**. Liwanda 1943-nji ýylda girizilen konferensional sistema boýunça döwletiň baştutany prezidentdir. Ol hristian-maronit bolmaly. Ol 6 ýyllyk möhlet bilen saýlanylýar (25.11.1989 ýyldan bäri I.Hradi). kanun çykaryjy häkimýet deputatlar. Palatasyna (bir palataly) degişlidir. Deputatlar 4 ýyllyk möhlet bilen saýlanylýar. Parlamentiniň başlyklygyna musulman-şaýylaryndan saýlanylýar. Ýerine ýetiriji häkimýet prezidente we onuň bellän hökümetine –ministrler Sowetine degişlidir. Ýurduň premýer ministri musulman-sünnülerden bellenmeli. Liwan respublikadyr. Ýurtda köp sanly syýasy partiýalar we guramalar bar. Liwan Kommunistik partiýasy 1924-ýylda döredildi. Ol Liwanyň iň zähmetkeş köpçüliginiň bähbidini goraýar.

Progressiw-sosialistik partiýa 1949-njy ýylda esaslandyryldy. Ol özüne intelegensiýanyň belli bir bölegini, maýda burhedaziýany, daýhanlary birleşdirýär. „Amal“ hereketi 1975-nji ýylda döredildi. Ol Liwanyň taýy obşinasynyň täsirli syýasy guramasydyr.

„Hizballa“ guramasy-dini, harby-syýasy guramadyr. Olaryň arasynda 1984-nji ýyldan bäri hereket edýär. Ol birnäçe ekstremistik toparlary birikdirýär. Başgaçada köp sanly syýasy partiýalar bardyr. („Kataib“, Milli-liberal partiýa, milli blok, we beýlekiler).**Hojalygy**-Liwanyň ykdysady durmuşynda, daşary ýurt monokoliýalary bilen ýakyndan ysnyşykda bolan söwda-

bank buržuaziýasy agalyk ediji pozisiýany eýeleýärler. Ýurt öz özbaşdaklygyny alanyňdan soňra „Erkin ykdysady“ ösüş ýoluna üns berdi. Daşary ýurt maýa goýumlaryny ulanyýan hususy kärhana eýeleri iň möçberde höweslendirildi. Döwlet energetika, suwaryş, transport we aragatnaşyk pudaklaryny ösdürmeklige uly üns berýär.



düşýär we ol önümleriň köp mukdary daşary ýurtlara çykarylýar. Takmynan ýurtda her ýylda 350 müň tonna sitrus önümleri, 150 müň tonna alma, 20 müň tonna zeýtun, 50 müň tonna bugdaý, 4 müň tonna temmäki öndürilýär. Dänäniň öndürilişi ýurduň islegini kanagatlandyrmaýar. Şonuň üçin-de däne daşary ýurtlardan geçirilýär. Ýurtda maldarçylyk pudaklary gowşak ösendir. Liwanda senagat hem gowşak ösendir. Senagatyň paýyna ýurduň milli girdejisiniň 15%-i düşýär. Gurluşyk materiallaryny öndürmek, senagatyň has ösen pudaklarydyr. Ýurtdaky köp kärhanalar daşary ýurt, ilkinji nobatda fransuz we amerikan kapitalyna degişlidi. Şeýle hem mili we daşary ýurt kapitalynyň bileleşikdäki kärhanalary bardyr. Liwan özbaşdaklygyny alandan soňra fabrik-zawod kärhanalaryň sany artdy. Elektroenergetika çalt depginler bilen ösýär. Ýurtda her ýylda 2,5 mlrd.KWt.sag. elektrik energiýasy öndürilýär. Ýurtda azyk, ýeňil, dokma, tikin, mebel kärhanalaryndan boýunça-da uly bolmadyk metallurgiýa kärhanalary bardyr.

Awtomobil-transportyň möhüm pudagydyr. Ýurtdaky awtomobil ýollarynyň uzynlygy 7,7 müň km bolup, şonuň 5,4 km-i asfaltlanandyr. Demir ýollaryň uzynlygy 408 km bolup, olaryň transport ähmiýeti örän azdyr.

Öň belläp geçişimiz ýaly Liwanyň ykdysadyýetinde daşary söwdanyň örän uly ähmiýeti bardyr. Sebäbi ol turizm bilen bilelikde ýurduň girdejisiniň möhüm çeşmesi bolup durýar. Liwan daşary ýurtlardan azyk önümlerini, çig mallary, maşynlary we enjamlary, köp sarp edilýän harytlary alýar. Öz gezeginde ol daşary ýurtlara esasan oba hoajlyk önümlerini çykarýar. Ol söwda aragatnaşygyny arap ýurtlary, esasanda Siriýa, şeýle hem ösen kapitalistik ýurtlary bilen edýär.

**Beýrut** ýakyn gündogardaky iň iri bank merkezidir. 1980-nji ýyllaryň ortalarynda Liwanda 93 sany söwda banklary bardy. Olaryň aktiwinde 89,1 mlrd.liwan funty bolup, olaryň 45 mlrd-y daşary ýurt kapitallarydy. Soňky wagtlarda Liwan

banklary ABŞ-a weGünbatar Ýewropa ýurtlaryna öz täsirini ýetirýär.

Pul birligi-liwan funty.1000 liwan funty-1,10man.

## Komor adalary.
## (Komor adalarynyň Federatiw Yslam respublikasy)

Mozambik bogazynda ýerleşýän adalar toparyna degişli bolup, meýdany -2.2 müň kw.km. daglyk relýefi, klimaty tropiklidir.

**Ilaty**-614 müň adam. Ilatynyň ýyllyk ösüşi 2000-2006-njy ýyllar ararlygynda-2.1 % barabar boldy. Ilatynyň düzümi-gelip çykyşy: Malaziýadan, Gündogar Arap döwletlerinden, madagaskar adasyndan we Afrika döwletleriniň halklaryndan ybarat bolup, döwlet dili arap we fransuz dilidir, banti dil toparyna degişli bolan, suahili diline ýakyn komor dili esasy ýerli dilidir. Ilatynyň 98 %-i musulman diline uýýar. Ömrüniň ortaça dowamlylygy-59 ýyl. Ilatyň 56%-i bilimlidir.

**Döwlet gurluşy**- Prezident respublikasy. Döwlet baştutany prezident bolup, 5 ýyl möhleti bilen saýlanylýar. Admisitratiw territorial taýdan-3 ada bölünýär.

**Paýtagty** –Moroni şäheri (36000 adam)

**Taryhy**-öňki fransuz koloniýasy bolup, 1975-nji ýylyň 6-njy iýulynda garaşsyzlygyny aldy.

**Pul birligi**-komor adalarynyň frankydyr, 392.03-komor adalarynyň franky- ABŞ –nyň 1 dollaryna barabardyr.

**Ykdysadyýeti-** içerki jemi önümiň 40%-i oba hojalygy we balyk tutmaklykdan, 4% senagatdan, 56-%-hyzmat ediş sferasyndan alynýar. Oba hoajlygynyň esasy ösen pudagy ekerançylyk we miweçilik bolup, kokos palmasy, banan, ananas, gwozdika ösdürilip ýetişdirilýär. Oba hojalygy ilaty iýmit bilen doly üpjün edip bilmeýär. Gazyp alýan senagaty ýokdur. Gaýtadan işläp bejerýän senagatyň pudaklary bolan azyk senagaty, parfýumer önümçiligi, mebel we gurluşyk

materiallaryny öndürýän, senagaty ösendir. Komor adalary ösüp barýan döwletleriň biridir.

**Daşary ykdysady gatnaşyklary**-eksportyň möçberi 34 mln dollara barabar bolup, esasy eksport edýän önümleri-gwozdika, kopradyr.

**Esasy söwda aragatnaşygyny edýän döwletleri-** Fransiýa, Germaniýa, Singapur, Niderlandiýa.

**Ykdysady toparlara gatnaşyklary**-Gündogar we günorta Afrikanyň ykdysady hyzmatdaşlyk bileleşiginiň agzasydyr.

## II bap

## §15. Afrikadaky arap ýurtlary.

Afrika materigi ýer togalagynyň gury ýer böleginiň 20% eýeleýär. Ol meýdany boýunça dünýä bölekleriniň arasynda Aziýadan soň 2-nji ýerde durýar. Afrikanyň demirgazyk we demirgazyk-gündogar bölekleri Ýewropa we Aziýa has golaý ýerleşýär. Şeýle geografiki ýerleşiş diňe materiginiň tebigy aýratynlyklaryny däl-de, eýsem onuň territoriýasyndaky ýaşaýan ilatyň köp sanly taryhy wakalaryny hem kesgitleýär.

Afrikanyň köp bölegi has öňki döwürlerden bäri gür ilatlaşandyr. Has gadymy zamanlarda we orta asyrlarda bu ýerde öz döwri üçin önümçilik güýçleri we medeniýet ýokary derejede ösen Ýegipet ýaly kuwwatly döwletler bolupdyr. Emma XV asyrdan başlap ýewropalylaryň çozuşlary başlanýar. Basybalyjylar ýerli ilata köp betbagtçylyklary getiripdirler. XIX asyryň ortalaryna çenli gülläp ösen gul söwdasy onlarça million adamlaryň ömür tanapyny kesdi. Şeýle ýagdaý afrikalylaryň biri-birlerine bolan ynamyny ýitirdi, duşmançylygy döretdi, köp sebitleriň hojalygynyň ösüşini pese düşürdi, kolonizatorlaryň ondan soňky basyp alyşlaryny ýeňilleşdirdi.

Afrikanyň gul edilen halklary köp taraplaýyn güýçli ezmekligiň obýektine öwrüldiler. Afrikalylar daşary ýurtlylaryň sütemi bilen ylalaşmadylar, olar özbaşdaklyk ugrunda yzygiderli göreş alyp bardylar.

Kolonial sistemanyň dargamagy Afrikanyň demirgazygynda başlandy. 1951-nji ýylda Liwiýanyň, 1956-njy ýylda Marokkanyň, Tunisiň, Sudanyň garaşsyzlygy yglan edildi. Marokko Fransiýanyň we Ispaniýanyň öňki mülklerinde döredildi. Tunis öň fransuz protektorady. Sudan öň iňlis koloniýasydy. 1962-nji ýylda Alžir (öňki fransuz koloniýasy) garaşsyzlygyny aldy.

Etniki alamatlary boýunça Afrikany 3 topara bölýärler:

1. Demirgazyk we demirgazyk-gündogarda araplar, berberiler, somaliler ýaşap, olar hamit-semit dil maşgalasyna girýär.
2. Saharadan günortada ilatyň milli düzümi has çylşyrymlydyr. Bu ýerlerde ýaşaýan hansa, fulbe, ýoruba, ibo we beýleki halklar ýerli dil maşgalalaryna degişlidir.
3. Ekwatorial we günorta Afrikada ýaşaýan halklar niger-horto far we kaýson dil maşgalalarynyň dillerinde gepleýärler.

Demirgazyk Afrika bütin materigiň 3/1 bölegini, eýeleýär, ilatynyň 4/1 bölegi ýaşaýar. Demirgazyk Afrikadaky arap döwletleri:

1) Alžir (AHDR)- Alžir
2) Ýegipet (MAR)-Kair
3) Günbatar Sahara-El-Aýun
4) Liwiýa-Tripoli
5) Mawritaniýa-Nuakşot
6) Marokko-Rabat
7) Suda-Hortum
8) Tunia-Tunis

Demirgazyk Afrika döwletleriniň ilatynyň düzümi, Afrikanyň bu bölegine araplar göçüp gelmezinden öň bu ýerlerde berbertleriň taýpalary ýaşapdyr. Bu sebitiň esasy arap dili bolup, bu dil dürli dialektde ulanylýar, sebäbi Mawritaniýanyň ilatynyň 4/1 bölegi Sudanyň 3/1 bölegi negroid jynsynyň wekilleridir. Ilatyň ösüşi bu tropiki sebitde ýokarydyr. Ilat has-da Alžir, Tunis döwletlerinde gür ýerleşendir. Ilatyň sany oba ýerlerinde ýokary, ýagny Sudanyň we Mawritaniýanyň ilatynyň 80%, Marokkanyň ilatynyň 60%, Alžiriň,Tunisiň, Liwiýanyň,Müsüriň ilatynyň 2/1 bölegi oba ilatydyr. Demirgazyk Afrikada şäher ilatynyň 3/2 bölegi esasan üç döwletde, ýagny Müsürde, Alžirde we Marokkada ýyl-ýyldan ýokarlanýar.

Afrikadaky arap ýurtlarynyň meýdany we araçäkler:

1) Alžir-meýdany 2,4 mln kw.km. ilaty 33,3 mln. Adam, ilatynyň 83% araplar, 19% berberitler-paýtagty Alžir, iri şäherleri- Oran we Konstantina.
2) Müsür-meýdany 1mln. (müň) kw.km, ilaty 79 mln adam. Ilatyň köp bölegi araplar, bary-ýogy 2% berberitler we nubiler. Paýtagty-Kair, iri şäherleri-Aleksandriýa, Port-Said, Sues.
3) Günabatr Sahara- meýdany 266 müň kw.km,ilaty 170 müň adam. Paýtagty-Al-Aýun, döwlet dili arap dili bolup, berberi dili hem giňden ulanypdyr.
4) Liwiýa-meýdany 1760 müň kw.km, ilaty 6 mln adam. Ilatyň esasy bölegi araplar we berberler, paýtagty-Tripoli.
5) Marokko-meýdany 446 müň km.kw. ilaty 30 mln. adam. Onuň 20 mln. Marokkaly araplar, 7 mln.berberler, olardan başga-da fransuzlar, ýewreýler, ispanlar, portugallar şäherlerde ýaşaýarlar. Paýtagty-Rabat, iri şäherleri Kasablanka, Marnaheş, Fes.

6) Sudan- meýdany 2506 müň km.k. ilaty 36 mln.adam. ilatyň düzümi: negroid taýpalary 49%, araplar 39%, nubiler-8%, bezalardan-4% ybarat bolup, döwlet dili arap dilidir. Paýtagty-Hartum, iri şäherleri-Omdurman, D.g Hartum, Port-Sudan.
7) Tunis-meýdany 163,6 müň km.kw. ilaty 10 mln.adam. paýtagty-Tunis. Iri şäherleri-Sfaks, Arýana.
8) Mawritaniýa Yslam respublikary-G.b. Afrikada ýerleşýän arap döwletdir. Meýdany 1,026 müň km.kw. ilaty 3 mln.adam. Paýtagty- Nuakşot.

## §16.Alžir (Alžir Halk Demokratik Respublikasy)

**Geografik ýerleşişi.** Afrikany demirgazykda ýerleşýän döwlet bolup, günbatarda Marokko, günortada Nigeriýa, Mali, Mawritaniýa, gündogarda Tunis we Liwiýa bilen araçäkleşýär. Demirgazygyny Ortaýer deñzi ýuwýar. Meýdany 2.4 mln. kw.km.

**Tebigy şertleri-** Alžiriñ territoriýasynda ýerleşýän Atlas dagy Ortaýer ýygyrtly geosinklinal guşaklygynda, Sahara çöli bolsa gadymy Afrika platformasynda ýerleşýär. Demirgazykda Alžiriñ klimaty subtropiki, gyşy ýyly ýagyşly, tomsy gurak we yssy. Ŷanwaryñ ortaça temperaturasy kenarýakasynda +12$^0$, daglyk territoriýasynda +5$^0$c, iýulyñky +25$^0$c. +40$^0$-c çenli yssy bolup, güýçli gurakçylyklar bolýar. Gyşyna daglyk etraplarda dag depelerinde 10-20 gün garlar saklanýar. Alžir Saharanyñ zonasyna geçildigiçe ýarymçölleriñ gurak klimaty başlanýar. Saharynyñ gurak, yssy klimaty bolup, gurak ýeller çägeleri sowurýar. (tomsuna temperatura gündiz +40$^0$ ýokary, gijesine +20$^0$c, gyşyna +20$^0$c gündizine, gijesine 0$^0$ çenli sowaýar). Ŷer astynda nebitiñ, tebigy gazyñ, uranyñ, demir rudynyñ, fosfatyñ, sinkiñ, gorlary bardyr.

**Ösümlik we haýwanat dünýäsi**. Çölleriñ we ýarymçölleriñ ösümlikleri mahsus bolup, daglarynda dub tokaýlary bardyr. Antilopolar, towşandyr, gözeller ýaşaýar.

**Ilaty** -33.3 mln adam. Ilatyñ ortaça gürlügi 1 kw.km. 13 adamdan gowrakdan ýetýär. Ilatyñ düzümi: Alžir raplary-83%, berberiler-16%, ýewropalylar-1% golaýyny tutýar. Arap dili-döwlet dili bolup, berberi we fransuz dilleri hem ulanylýar.

**Dini**-Yslamyñ süni ugrudyr.

Alžir 1961-ýylda öz garaşsyzlygyny gazanýar we ýewropanyñ garamagyndan azat bolýar. Arap dili döwletiñki bolýar. Alžir ýazyjylarydyr suratkeşleri özleriniñ (däplerine) arp we berberileriñ ata-baba däplerine gaýdyp gelýär.

**Geografiýasy we ykdysadyýeti.** Alžiriñ territoriýasynyñ bäşden dört bölegini Sahara çöli eýeleýär. Howanyñ temperaturasy bu ýerde $49^{0-}$çenli ýetmek mümkinçiligi bar. Belent çäge depeleri çöl bilen ýuwaşlyk bilen ýeliñ kömegi arkaly hereket edýärler. Kä wagtlar „Sirokko“ diýip atlandyrylýan güýçli ýel bolýar, ol çäge bulutlaryny demirgazyga Ortaýer deñiziniñ üsti bilen uzak Ŷewropa ýurtlaryna çenli göçürip äkidýär.

Alžirden Nigeriñ aralygynda ýatan Ahaggar pes daglygy Saharanyñ günorta böleginde ýerleşip, gündiz gün şöhleleriniñ astynda gyzýar we gijelerine çuññur sowaýar. (Őnelgesiz) çöl ýurduñ esasy girdeji çeşmesi hasaplanýar. Çölüñ çägeleriniñ astyndan araçäkden daşary, demirgazyga çykarylyp satylýan nebitiñ we tebigy gaz känleriniñ ýataklary ýerleşýär. Bulardan başga-da bärden gymmat bahaly fosfat we demir magdany gazylyp alynýar.

Kenarýaka şäherler Alžiriñ wajyp industrial merkezi hasaplanýar. Bu ýerde dokma we gurluşyk materiallary öndürilýär. Olar fermerleriñ däne, sitrus we gök önüm ösdürip ýetişdirýän tokaýly etraplarynda we mes toprakly düzlüklerde ýerleşýär. Atlas daglary kenarýaka etraplary çölden bölýär. Beýik baýyrly daglarda sygyrlary, goýun-geçileri bakýarlar,

olar özleriniñ obalaryny terk edip örileriniñ gözlegine-de çykýarlar. Bu ýeriniñ klimaty yssy, ýagyşlar örän az ýagýar, ýöne edil günortasyndaky çöllüklerdäki ýaly däl.

**Syýasy gurluşy:** Alžir –BMG-nyñ, Arap döwletleriniñ ligasynyñ agzasy. Döwlet gurluşy- respublika.

Döwlet baştutany-Prezident.

Hökümet baştutany –premýerministr.



beýiklikdäki Etbaý dag ulgamy Gyzyl deňziniň bütin kenary boýunça uzalyp gidýär.

Liwiýa çölünde akarlar ýok diýen ýaly.Diňe oazislerde grunt suwlary ýeriň üstüne çykýar.

Ýegipetiň ýer jümmüşinde peýdaly gazma baýlyklaryň birnäçe görnüşi jemlenendir.Bu ýerde uglewodorod çig malynyň ep-esli gory bar.Nebit ýataklary Gyzyl deňziniň we Sues aýlagynyň rift çöketliklerinde we Liwiýa çölüniň demirgazyk böleginde bar.Nebitli hem-de delta ýerlerde gaz ýataklaryň barlygy anyklandy.Sinaý ýarym adasynyň demirgazygynda Faýum çöketliginde daş kömrüň känleri ýerleşýär.Ýurduň esasy magdanly ýeri Etbaý daglary bolup durýar. Bu ýerde uranyň, titanyň, galaýynyň, misiň, altynyň, molbdeniň we wolframyň känleri bar. Sinaý ýarym adasynda marganesiň ep-esli gory,Gyzyl deňziniň kenarynda, Niliň jülgesinde fosforitleriň iri känleri bar.Ýegipetde sement çig malynyň gorlary hem bar (hek, palçyk, mergel).Bu ýerde asuan granitleri we beýleki gurluşyk materiallary dünýä meşhurlygyndan peýdalanýarlar. Niliň deltasynda nahar we daş duzy, soda, gips, titan ýaly we beýleki peýdaly gazma baýlyklary ýerleşýär.

Ýegipetiň tropiki, çöllük kontinental klimaty bolup, gije-gündizlikamplitudasy örän ýokarydyr. Çölde temperatura gündizine 50 $^{0}$C,gijelerne bolsa 0 $^{0}$C ýetip bilýär. Ýokarky Ýegipetde (Kairden günortada) salkyn möwsüm dekabr aýyndan fewral aýyna çenli dowam edýär. Mart aýyndan oktýabr aýyna çenli kölegede 42 $^{0}$C ýetýän örän yssy howa saklanýar. Mart - Maý aýlarynda Saharadan öwüsýän gyzgyn, gurak ýeller çägeli tupanlary döredýär. Howanyň otnositel çyglylygy Iýul aýynda, Niliň joşýan döwri ýokarlanýar. Aşaky Ýegipetde (Kairden demirgazykda), esasanam,kenarýakalarynda klimat ortaýerdeňiz subtropiki. Salkyn möwsüm Oktýabr aýyndan April aýyna çenli dowam edýär. Ýygy-ýygydan ýagyş ýagýar.Ýegipetiň demirgazygynda

ortaça ýyllyk temperatura 25-26 $^{0}$C,günortada 30-34 $^{0}$C. Ýegipet örän gurak şertlerde ýerleşýär, ygal juda seýrek düşýär. Meselem, ýokarky Ýegipetde ygal 7-10 ýylyň dowamynda hem ýagmaýar.Ygalyň ortaça ýyllyk mukdary 100 mm ýetmeýär.

Ýegipetiň köp ýerleri toprak örtüginden mahrumdyr, esasanam günbatarda, çölleriň agdyklyk edýän ýerlerinde. Toprak örtüginiň bar ýerlerinde bolsa indikiler saýlanýar: goňur-sary çöl topraklary, takyr görnüşli çal topraklar, takyrlar, şorluklar, Ortaýerdeňiz çöl sähra we Niliň deltasynda bolsa batgalyklar, batgaly-çemenlikler ýaly topraklar ýaýran.

Klimatyň guraklygy zerarly Ýegipet tebigy ösümlik örtüginden mahrumdyr. Çölleriň käbir ýerlerinde gyşky ýagyşlardan soň efemerler gögerýär (gülälek, çerrik, iris). Niliň deltasynda papirus, palmalaryň käbir görnüşleri, tamariks, oleandr, injir ösýär. Oazislerde tebigy ösümlikler medeni ösümlikler bilen çalşyrylan (däneliler, pagta we hurma plantasiýalary bilen).

Ýegipetiň haýwanat dünýäsi garyp, ýöne guşlaryň görnüşleri köp. Ýyrtyjy guşlardan laçyn, saryç, gajar ýalylar ýaşaýar. Çöllerde ýylanlaryň käbir görnüşleri, hažžyklar we mör-möjekler duşýar. Süýtemdirijilerden şagal, tilki, ýekegapan, syrtlan, mangust we ownuk gemrijiler bar.

**Ilaty we döwlet gurluşy.** Ýegipetiň ilaty 2003-nji ýylyň maglumatlaryna görä 74,71 mln adam. Ilatyň köp bölegi Niliň jülgesinde, onuň deltasynda we Sues kanalynyň ugrunda ýerleşendir. Ilatyň az bölegi günbatar çölleriň oazislerinde, gündogar çöllerdäki kiçijik şahtýorlaryň şäherlerinde we Ortaýer deňziniň käbir buhtalarynda jemlenendir. Ilatyň has gür ýerleşen ýeri Niliň deltasydyr. Soňky onýyllyklarda oba ilatynyň şäherlere göçüp gelmegi bolup geçýär. 1960-njy ýyldan bäri ýurtda dogulyşy çäklendirmek hakyndaky döwlet maksatnamasy amala aşyrylýar. Medisina hyzmatlarynyň gowulandyrylmagy bilen ölüm derejesi 1960-njy ýyldan 2006-njy ýyla çenli müň adama 20-den 5,35 çenli azaldy. 2008-nji

ýyla çenli ilatyň tebigy ösüşiniň ortaça ýyllyk derejesi 1,88 % deň boldy. Takmynan ilatyň 35 % 15 ýaşdan kiçiler. Däp boýunça nika örän ýaş döwürde baglanşylýar. Ýaşaýyş derejesiniň ýokarlanmagy bilen hem-de zähmet çekýän aýal-gyzlaryň sanynyň köpelmegi bilen nika ýaşy, esasanam, şäherlerde ýokarlandy.Garaşylýan ýaşaýşyň dowamlylygy Ýegipetde 70,41 deň bolar.

**Döwlet dili**-arap dili. Şäherlerde iňlis dili we fransuz dili giňden ýaýran.Ýurduň günbataryndaky ilat berberi dilde gürleýär. Ilatyň 94 % yslamyň sünniler akymyna uýýar. Galan 6 % hristianlar-koptlar bolup, beýleki diniň agzalary köp däl.

1923-nji ýyldan Ýegipet Beýik Britaniýadan ýarym kolonial garaşlylykdaky konstitusion monarhiýa görnüşindäki döwletdi. Ýerine ýetiriji häkimiýet ministrler kabinetiniň elinde jemlenendi, kanun çykaryjy häkimiýet iki palataly parlamentden ybarat bolup, aşaky palata saýlow esasynda döredilendi. 1952-nji ýylyň Gorkut aýynyň 23-ne Gamal Abdel Naseriň baştutanlygyndaky “Azat ofiserler” atly gurama döwlet agdarylşygyny amala aşyrdy.Bu guramanyň hereketleri halk içinde doly goldaw tapdy. Rewolýusiýanyň ýolbaşçylyk soweti (RÝS) diýlip atlandyrylýan täze häkimýetiň talaby bilen patyşa Faruk tagtdan ýüz dönderdi. 1953-nji ýylyň oguz aýynyň 18-ne Ýegipet respublika diýip yglan edildi. Şondan soň täze häkimýet syýasy oppozisiýalary döretmegi gadagan etdi.

Täze konstitusiýa döredilenden soň (1956ý.) RÝS dargadyldy we netijede Ýegipetiň prezidentligine ýeke-täk dalaşgär Naser 6 ýyl möhleti bilen bellenildi. 1958-nji ýylyň fewral aýynda Ýegipet bilen Siriýa Birleşen Arap Respublikasy (BAR) diýen federasiýa birleşýärler. 1961-nji ýylyň sentýabr aýynda Siriýa goşuny döwlet agdarylşygyny amala aşyrýar we Siriýa BAR-yň düzüminden çykýar.

**Hojalygy.** Ýegipetde oba hojalyk önümçiligi 8 müň ýyldan bäri bar. XX asyryň ortalaryna çenli ilatyň aglaba bölegi oba ýerlerde ýaşaýardy.Ýegipetiň şäher siwilizasiýasy örän

gadymydyr. Kair resmi taýdan 1969-njy ýylda esaslandyrylan bolsa-da, Aleksandriýa baryp Aleksandr Makedonskiý tarapyndan esaslandyrylan. Ýüzýyllyklaryň dowamynda Kair diňe bir syýasy däl, eýsem, söwda merkezi bolup, Afrikadan, Arabystandan, Hindistandan, Siriýadan, Ortaýerdeňzinden we Balkanlardan gelýän ýollaryň çatrygynda ýerleşýär.Häzirki zaman ykdysadyýetiniň düýbi 1805-1849-njy ýyllarda ýurdy dolandyran Muhammet Aly döwründe tutuldy.1952-nji ýyldaky rewolýusiýadan soň milli ösüşiň esasy meselesi ýurdy industrializasiýalaşdyrmak boldy. 1990-njy ýyla çenli ýurduň zähmet resurslarynyň 22 % senagatda jemlenendi. Ýurdy industrializasiýalaşdyrmak ýaly ambisioz planlar durmuşa geçirlende, käbir päsgelçilikler ýüze çykdy. Olaryň iň ähmiýetlisi: 1967-nji ýylda Ysraýyl bilen uruşda Ýegipetiň ýeňilmegi onuň ykdysadyýetine uly urgy boldy. Urşuň netijesinde esasy nebit ýataklarynyň jemlenen ýeri bolan Sinaý ýarym adasy we Sues kanalynyň daş-töweregi elden gitdi.1973-1974-nji ýyllarda nebitiň nyrhynyň ýokarlanmagy bilen ykdysadyýetiň ýagdaýy gowulaşyp başlady.

Ýegipetde möhüm ykdysady meseleleriň biri işsizlik bolup durýar. 2006-njy ýylyň maglumatlaryna görä işsizligiň derejesi 3,2 % deň boldy,zähmet resurslarynyň ýyllyk ösüşi bolsa 3 % deň boldy.Dünýä bankynyň berýän maglumatlaryna görä Ýegipetlileriň 3,2 %-i garyplygyň çäginden geçenlerdir.

Ýurduň meýdan-çäginiň 97 %-ini çöl tutýar.Şonuň üçinem oba hojalygy diňe birnäçe oazislerde alnyp barylýar.Hasylly ýerleriň umumy meýdany 2,5 mln ga,olaryň 97 % Niliň jülgesinde we deltasynda jemlenen.

Ýegipetde 5 sany esasy oba hojalyk etraplary tapawutlandyrylýar.Olaryň iň möhümi-Niliň deltasy bolup,oňa hasylly ýerleriň ýarysy diýen ýaly we oba ilatynyň 60 %-i girýär. Bu ýerde şaly, pagta, bugdaý, ir-iýmişler we gök önümler ösdürilýär.Iri senagat kärhanalarynyň köpüsi Kairiň töwereklerinde we Niliň deltasyndaky uly şäherlerde

jemlenen.Bu ýerde metallurgiýa kombinaty, tekstil we azyk kärhanalary, nebiti gaýtadan işleýän zawodlar bar.



2007-nji ýylda Ýegipetiň içerki jemi önümi (IJÖ) 289,8 mlrd. dollara barabar boldy (onuň 17 %-i oba hojalygyna,34 % senagata,49 % durmuş hyzmatyna degişli). Şol ýylyň özünde IJÖ 3,2 % çenli ösdi.Şeýle hem, şol döwürde IJÖ jan başyna düşýän paýy 4000 dollara çenli ýokarlandy.

2006-njy ýylda Ýegipetiň zähmet resurslary 19 mln adamdy. Olaryň ¾ bölegi oba hojalygynda işleýänler. Zähmete ukyply adamlaryň 12 % işsizler.Ýegipetliler däp boýunça döwlet sektorynda işläp gelýärdiler. Ýöne, 1991-nji ýylda priwatizasiýalaşdyrmak we hususy sektory goldamak ýaly syýasatlardan soň, hususy sektorda işleýänleriň sany artdy. Bu sektor zähmet resurslaryň 40 %-ini iş bilen üpjün etdi, we iş ýerlerini her ýylda 2,8 % köpeldýär. Ykdysadyýetde hem hususy sektoryň paýy artýar.

**Energetika.** Esasy energetik gory-nebitdir. Beýleki çeşmeler-ýerli tebigy gaz,gidroelektroenergiýa. Soňkysy Asuanyň töwereginde ýerleşýän iki sany GES-den alynýar. Elektrik energiýasynyň ¾ bölegi gazylyp alynýan ýangyçda işleýän ýylylyk elektrostansiýalardan alynýar. Galany GES-den alynýar.2004-nji ýylda Ýegipetde 63 mlrd kWt/sag elektrik energiýasy öndürildi.Bu pudak içerki energiýa isleglerini doly kanagatlandyrýar.

Ýegipetde nebit bilen gazdan başga gazma başga gazma baýlyklar az. Nebit Sues kanalynyň töwereklerinde we Sinaý ýarym adasynda, gaz bolsa Aleksandriýada, Niliň deltasynda we Liwiýa çölünde gazylyp alynýar. Çäge daşy, çagyl, gips, hekdaşy ýaly gurluşyk materiallaryň ähmiýetli gorlary bar. Gyzyl deňziniň günbatar kenarynda fosforitleriň, Sinaý ýarym adasynda bolsa marganesiň gorlary işlenilýär.

Nebiti gazyp alýan we gaýtadan işleýän senagat 1990-njy ýylda ösüp başlady.Ondan soň azyk, tekstil we metallurgiýa senagaty ösüp başlady. Senagatyň esasy pudaklary döwlete degişli. Maşyn gurluşygy taýýar enjamlary (bölekleri) ýygnamaga esaslanýar. Bu pudak holodilnik, telewizor, ýeňil

we ýük awtomobilleri, awtobus, traktor ýygnaýar. Metallurgiýa kombinatynyň öndürijiligi pes.

**Ulaglar ulgamy.** Ýegipetiň relýefiniň düzlük häsiýetde bolmagy we ähli ilatyň Niliň deltasynda we jülgesinde jemlenmegi transport meselesini ýeňilleşdirdi. Ýurduň awtomobil ýollarynda, demir we içerki suw magistral ýollarynda ýetmezçiligi ýok. Awtomobil ýoly 64 müň km (2004 ý.),demir ýoly 5024 km (2005 ý.). 2006-njy ýylda Müsürde 2 sany halkara aeroporty bardy: biri Kairde,beýlekisi Luksorda, 88 sany içerki gatnawlar üçin aeroportlar bardy. Esasy deňiz portlary: Aleksandriýa, Sues, Port-Said. Ýurduň transportynda Sues kanalynyň ähmiýeti uly.

**Daşarky ykdysady aragatnaşyklary.** Esasy eksporty düzijiler: nebit we nebit önümleri, pagta, tekstil, oba hojalyk ekinleri (şaly,kartoşka,ir-iýmiş,gök önümleri).

Esasy importy düzüjiler: maşynlar we tilsimatlar,käbir gurluşyk materiallary (sement) we awtomobil. Satylan nebitden gelýän ähli girdeýjiler daşary ýurtdan haryt satyn almaga harçlanýar. 2006-njy ýylda Ýegipetiň daşarky bergisi 30 mlrd dollara barabar boldy.

## § 17. Günbatar Sahara (Günbatar Sahara Respublikasy)

Ol demirgazyk –günbatar Afrikadaky Ispaniýanyň öňki kolonial eýeçilgindäki territoriýadyr. Günbatar Saharanyň gelejegi BMG-nyň we Afrikanyň bütewilik guramasynyň kararlaryna laýyklykda düzgünleşdirdiler. Meýdany- 266 müň km$^2$. ilaty- 170 müň adam balyk, olar esasan asly arap-berberlerden bolan 20 sany taýpadan durýar. 1975-nji ýyla çenli bu ýerde 35 müňden gowrak ispanlar ýaşaýardy. Administratiw merkezi- El-Aýun şäheri (100 müňe golaý adam). Ýerli esasan arap dilinde gepleýär we yslam dinine uýýarlar.

XV-asyryň ortalaryndan başlap Günbatar Saharada ýewropa döwletleriniň arasyndaky göreş obýektine öwrüldi. 1881-nji ýylda Ispaniýa Günbatar Saharanyň territoriýasyny basyp alyp başlady. Bu babatda Fransiýa hem çetde durmady. Ýerli çarwa taýpalary öňden bäri ispan kolonizatorlarynyň garşysyna göreş alyp bardylar. Emma ispan we fransuz kolonizatorlary şeýle çykyşlary zorluk bilen ýatyrýardylar.

Günbatar Saharada kolonial düzgünine bes etmek hakyndaky meselä BMG-nyň Baş Assambleýasynyň XXI sessiýasynda seredildi (1966ý.). 1976-njy ýylda Ispaniýa öz goşunlaryny Günbatar Saharadan çykardy. 1981-nji ýylda Marokkanyň koroly Hasan II G.b.Saharada referendum geçirmekligi ylalaşdy. Günbatar Saharanyň ilaty özleriniň doly garaşsyzlygyny gazanmak we Sahara Arap Demokratik respublikasyny döretmek ugrunda göreşýärler. Häzirki wagtda bu ýurduň garaşsyzlygyny dünýäniň 70-den gorak ýurdy ykrar etdi. 80-nji ýyllarda Günbatar Saharanyň ykdysadyýetinde Marokkanyň goýan köp mukdardaky maýa goýumlary (9 mlrd-dan gowrak Marokko dirhamy)-ýollaryň, şäherleriň, mekdepleriň, keselhanalaryň gurulmagy, ilatyň köpçülikleýin göçüp barmagy onuň keşbiniň üýtgemegine getirdi.

Çarwa ilaty esasan maldarçylyk bilen meşgulanýar. Emma bu pudagyň önümliligi pesdir. Ekerançylyk diňe oazislerde ösendir. Arpa we dary ekilýär, gök ekerançylyk ösdürilýär. Kenarýaka suwlaryndan her ýylda 4-5 müň.tonna balyk, şeýle hem gubka (ýönekeý deňiz haýwanlary) tutulýar suw otlary ýygnanýar. Ýurt ep-esli tebigy resurslara eýedir. (fosforitler, demir we mis magdanlary, marganes, kaliý duzy, uran). Aýratyn-da fosforitleriň iri ojagy (Bu-Kraa raýony) bardyr. Onuň zapasy 3 mlrd.tonnadan geçýär, 1988-nji ýylda 2 mln.tonna fosforit gazylyp alyndy. Daşary ýurtlara fosfatlar, köp bolmadyk mukdarda mallar, deriler, ýüň çykarylýar. Alžirde onlarça müň Günbatar Saharaly bosgunlary bardyr.

Olara Halkara Gyzyl Haç, beýleki halkara we milli guramalaryň pikiri boýunça kömekler berilýär.

## § 18.Mawritaniýa (Mawritaniýa Yslam Republikasy)

**Meýdany** -1 mln 36 müň km$^2$. ilaty -3 mln. Adam (2007ý.). paýtagty –Nuakşot (500 müň adam). Ol Afrikanyň demirgazyk-günbatar böleginde ýerleşýär. Ol demirgazyk-günbatarda G.b Sahara bilen, demirgazyk-gündogarda Alžir bilen, gündogarda we günorta –gündogarda Mali bilen, günorta-günbatarda Senegal bilen araçäleşýär. Günbatar kenarlaryny Atlantik okeanynyň suwlary ýuwýarýurduň ilatynyň 70 %-e golaýy araplardan we mawrlardan (araplaşan berberlerden) durýar. Galanlary negr halklaydyr (türkjler, pel, wolof we beýlekiler.). ýurduň ilatynyň 25%-i çarwalardyr. Döwlet dili-arapçadyr we fransuzçadyr. Yslam-döwlet döwlet dinidir. XIX asyryň ortalarynda Fransiýa Mawritaniýanyň territoriýasyny koloniýalaşdyryp başlady, ony 1903-nji ýylda özüniň protektoraty, 1920-nji ýylda bolsa koloniýasy diýip yglan etdi. Ýurduň özleriniň milli azatlygy ugrunda yzygiderli göreş alyp bardylar, ol aýratynda II-jahan urşundan soňra güýçlendi. Ol 1958-nji ýylda Fransiýa bileleşiginiň çäginde awtonomiýa hukugyny aldy. 1960-njy ýylyň 28-nji noýabrynda ýurduň garaşsyzlygy yglan edildi we ol respublika boldy.

Döwlet we hökümet baştutany prezidentdir. Bir palataly Milli ýygnak döredildi. Mawritaniýa ykdysady taýdan gowşak ösen agrar ýurtdyr. Daşary yurt kapitaly (esasan fransuz) ykdysadyýetiniň esasy pudaklaryny gözegçilik edýär. Dag-magdan senagaty ýurduň senagatynyň esasy pudagydyr. He ýylda 8-9 mln. tonna demir magdany gazylyp alynýar
. Fosfatyň we misiň senagat zaapasy bardyr.

Ýurduň oba hojalygynyň esasy pudagy et-ýüň berýän maldarçylykdyr. Ýurtda 780 müň baş iri şahly mallar, 5,5 mln. Baş goýun we geçiler, 700 müň baş düýe bardyr. Ekerançylyk


Канарские о-ва (Исп.)
МАРОККО
АЛЖИР
АТЛАНТИЧЕСКИЙ
ОКЕАН
ЗАПАДНАЯ
САХАРА
ЕТТИ
Айн-Бен-Тили
Бир-Могрейн
ЭЛЬ-КАГЕТ
Фдерик
Зуэрат
г. Иджиль
(915 м)
МАКТЕЙР
ВАРАН
ИДЖАФУН
м.
Нуадибу
Нуадибу
АЗЕФАЛЬ
Атар
Шингетти
АКШАР
Акжужт
ЭЛЬ-МРЕЙЕ
Тиджикжа
Тишит
НУАКШОТ
МАЛИ
ТРАРЗА
Муджерия
ТАГАНТ
АУКАР
Бумдейт
Валата
Медердра
Алег
Киффа
Аюн-эль-
Атрус
ХОД
Нема
Боге
Росо
Сенегал
АФОЛЛЕ
Тимбедра
Каэди
Мбут
Басикуну
Магама
Селибаби
СЕНЕГАЛ
ГАМБИЯ
0
100
200
400 км
©RMN
18°
16°
14°
12°
10°
8°
6°
4°
28°
26°
24°
22°
20°
18°
16°
14°

sostawyna goşdular. I-jahan urşunyň öň ýanynda ony Italiýa basyp aldy. II-jahan urşy ýyllarynda Liwiýany iňlis we fransuz häkimýetleri dolandyrdylar. Liwiýa halkynyň köp ýyllaryň dowamynda kolonizatorlara garşy gaýduwsyz göreşi Liwiýanyň garaşsyzlygyny gazanmagyna getirdi. (1951-nji ýylyň 24-nji dekabry). Emma imperialistik döwletleriniň ýurduň syýasatyna edýän täsiri dowam edýärdi. 1953-nji ýylda Liwiýanyň territoriýasyndan Angliýa birnäçe harby bazalar berildi. Şeýle ylalaşyklar ABŞ bilen hem baglaşyldy.

1969-njy ýylyň 1-nji sentýabrynda M.Kaddafiniň ýolbaşçylygynda ýaş ofiserler toparynyň çykyşy netijesinde ýurtaky monarhiýa düzgüni ýykyldy we liwiýa Arap respublikasy dilip yglan edildi. Täze düzgün özüniň milli garaşsyzlygy berkitmäge we daşary ýurt aralygyny berkitmäge, progressiw sosial-ykdysady özgerişlere aşyrmaga ymtylýandygyny beýan etdi. 1970-nji ýylda Angliýa we ABŞ öz harby bazalaryndan gitmäge mejbur boldular. 1977-nji ýylda Liwiýanyň döwlet kada-kanunyna üýtgeşmeler girizildi. Ähliumumy halk kongresi döwlet häkimýetiniň ýokary organy diýilip yglan edildi. Onuň baş sekretarlygyna M.Kaddafi saýlanyldy. Ýokary halk komiteti Liwiýanyň ýerine ýetiriji organy boldy (hökümet). Ýurduň öňki ady (LAR-Liwiýa Arap respublikasy) täzelendi we ol sosialistik halk Liwiýa Arap Jamahiriýasy (Jamahiriýa arapça-halk häkimýeti, köpçülik döwleti) diýilip atlandyryldy.

1986-njy ýylyň mart-aprel aýlarynda ABŞ toslanyp tapylan bahanalar arkaly Liwiýa garşy çozuşy amala aşyrdy. ABŞ-nyň awiasiýasy Liwiýanyň territoriýasyna köp sanly köpçülikleýin uruşlary gurady. Ony proressiw pikiri dünýä jemgyýetçiligi ýazgyrdy.

1987-nji ýylda Kaddafiniň düzgünini üýtgetmek maksady bilen imperialistik toparlar Liwiýa-Çad harby çaknyşygyny guradylar. Şol ýylyň sentýabr aýynda Afrikanyň bütewilik guramasy (OAE) Çad we Liwiýanyň arasyndaky

harby çaknyşygyň bes edilmegini gazandy. 1988-nji ýylyň oktýabr aýynda bu iki ýurduň arasyndaky diplomatik gatnaşyklar dikeldildi.

1950-nji ýyllaryň ikinji ýarymynda iri nebit ojaklary açylandan soňra nebit gazyp almaklyk Liwiýanyň ykdysadyýetiniň esasy boldy we milli girdejisiniň artmagyna mümkinçilik berdi.



Eger-de monarhiýa düzgüni wagtynda Liwiýanyň nebit senagaty daşary ýurt kompaniýalarynyň (esasan amerikan) elinde bolan bolsa rewolýusiadan soňra öz tebigy resurslarynyň üstünden gözegçilik etmäge mümkinçilik gazandy. Daşary ýurt monopoliýalarynyň ençemesi millileşdirildi. Nebitiň we onuň önümleriniň ýurduň içinde satylşyny döwlet öz eline aldy. Şeýle hem Liwiýanyň häkimýeti milli nebit-himiýa senagatyny ösdürmek, hususy tanker flotyny döretmek üçin çäreleri görýär.

Liwiýanyň oba hojalygynyň, yza galak häsiýeti bardyr. Maldarçylyk onuň esasy pudagydyr. Ýurtda bugdaý, arpa, gök ekinler, miweler we beýlekiler ösdürülip ýetişdirilýär. Liwiýa özüni azyk önümleri bilen üpjün edip bilmeýär we ony başga ýerlerden getirmäge mejbur bolýar.

Ýurtda senagat hem gowşak ösendir. Nebiti gazyp almak, ony täzeden işlemek senagatyň esasy pudaklarydyr. Azyk, dokma, temmäki, gurluşyk materiallary önümçiligi, gön-aýakgap senagatyň beýleki möhüm pudaklarydyr. Ýurtda ýarym hünärmentçilik işindäki ownuk kärhanalar agdyklyk edýär. Onlarça häzirki zaman fabrikleri we zawodlary gurulýar.

Ýurtdaky awtomobil ýollarynyň umumy uzynlygy 43 müň km-den geçýär. Tripoli, Bengazi, Tobruk Liwiýanyň iri deňiz portlarydyr.

Liwiýanyň eksportynda nebit möhüm rol oýnaýar. Ol port boýunça eksportlardan alynýan girdejiniň 98,9%-ni berýär. Maşynlar, enjamlar, azyk önümleri, mineral dökünleri, gurluşyk materiallary we beýlekiler daşary ýurtlardan getirilýän harytlardyr. Ýewropa ykdysady bileleşiginiň ýurtlary we Ýaponiýa Liwiýanyň esasy söwda edýän döwletleridir.

Pul birligi –Liwiýa dinary.

## § 19.Tunis (Tunis Republikasy)

**Meýdany**-16,6 müň km$^2$. ilaty 10 mln.adam (2006ý.). Paýtagty- Tunis şäheri (2 mln.adam). tunis Afrikanyň

demirgazykda ýerleşen ýurtdyr. Ol günbatarda Alžir bilen, günorta-gündogarda Liwiýa bilen araçäkleşýär. Döwlet dili-arapça. Ýurduň ilatynyň esasy bölegi musulman –sünnülerdir.
demirgazykda ýerleşen ýurtdyr. Ol günbatarda Alžir bilen, günorta-gündogarda Liwiýa bilen araçäkleşýär. Döwlet dili-arapça. Ýurduň ilatynyň esasy bölegi musulman –sünnülerdir.

Tunis agrar ýurtdyr. Dag-magdan, ýeňil we azyk senagat pudaklary bardyr. Zähmet çelmäge ukyply ilatyň $^{1}/_{3}$-i oba hojalyk öndürijiliginde işleýärler. Bugdaý, arpa, süle ýurduň esasy däneli ekinleridiur. 1987-nji ýylda ýurt boýunça 1,8 mln.tonna däne ýygnalyndy. Içerki sarp edilişi kanagatlandyrmak üçin ýylda 200 müň tonnadan gowrak däne getirilýär. Zeýtun önümçiligi oba hojalygynyň iri pudagydyr

Tunis 75 ýyllap fransiýanyň koloniýasy boldy. Ol 1956-njy ýylyň mart aýynda özbaşdaklygyny gazandy. 1957-nji ýylda monarhiýa ýatyryldy we Tunis republikasy yglan edildi.

Döwlet baştutany prezident. Wekilleriň palatasy – ýokary kanun çykaryjy organydyr önümleri, 1 mln.tonna golaý gök önümleri, 305 müň tonna gant şugundyry, 70 müň tonna hurma ýygnaldy. Şeýle hem zeýtun ýagy, çakyr, gant we beýlekiler ödürilýär. Ýurtda 208 mln baş goýun, 600 müňe geçi, 340 müň iri şahly mallar bardyr.Her ýylda 100 müň tonna balyk tutulýar.

Dag-magdan-senagatyň esasy pudagydyr. 1987-nji ýylda 5 mln tonna nebit, 300 müň tonna golaý demir magdany, 6,2 mln.tonna fosfat, 3,4 müň tonna gurşun konsentraty, 10,7 müň tonna sink konsentraty gazylyp alyndy.

Tunis agrar ýurtdyr. Dag-magdan, ýeňil we azyk senagat pudaklary bardyr. Zähmet çelmäge ukyply ilatyň $^{1}/_{3}$-i oba hojalyk öndürijiliginde işleýärler. Bugdaý, arpa, süle ýurduň esasy däneli ekinleridiur. 1987-nji ýylda ýurt boýunça 1,8 mln.tonna däne ýygnalyndy. Içerki sarp edilişi kanagatlandyrmak üçin ýylda 200 müň tonnadan gowrak däne getirilýär. Zeýtun önümçiligi oba hojalygynyň iri pudagydyr.


Средиземное море
ИТАЛИЯ
Бизерта
Мензель-Бургиба
Матир
Картаджанна
м. Эт-Тиб
Келибия
Беджа
ТУНИС
Мензель-Темим
Айн-Драхам
Халык-эль-Уэд
Хаммам-Лиф
Джендуба
Эль-Кеф
Набуль
Хаммамет
Сильяна
залив Хаммамет
Сус
Кайруан
Мсакен
Мокнин
Ксур-эс-Саф
г. Шамби (1544 м)
Эль-Джем
Сбейтла
Джебиньяна
Фериана
Кассерин
Сфакс
о-ва Керкенна
Тамагза
Гафса
Махарес
Сехира
Метлави
залив Габес
Нефта
Таузар
Габес
Хумт-Сук
о. Джерба
Кебили
Джерид
Дуз
Матмата
Джарджис
Меденин
Бен-Гардан
Фум-Татавин
Бордж-Сиди-Тви
АЛЖИР
Ремада
РМЕЛЬ-ЭЛЬ-АБИОД
Дехибат
ЛИВИЯ
0
50
100
200 км
©RMЯN
6°
8°
10°
12°
36°
34°
32°
30°

ýurtlar bilen aragatnaşygynda möhüm rol oýnaýarlar. Fransiýa, Germaniýa, Italiýa, Ýewropa ykdysady bileleşiginiň beýleki ýurtlary, ABŞ Tunisiň esasy söwda edýän ýurtlarydyr. Pul birligi –dinar. Ýurtda ilatyň durmuş derejesi pesdir. 300 müňe golaý işsiz bar. 500 müňden gowrak tunisler iş gözläp Ýewropa ýurtlaryna gitdiler.

## § 20. Marokko (Marokko şalygy)

Marokko döwleti Afrika, Ortaýerdeňzi, Atlantika we Saharanyň araçäginde ýerleşýär. Kenarýaka we çöllük etraplaryň arasyndan Atlas daglarynyň iň beýik depeli dag zynjyrlary uzalyp gidýär. Araplar bu ýurda Al-Magrib ýa-da Al-Magrib-al-Aksa, ýagny “uzakdaky günbatar” ýewropalylar-Marokko diýip atlandyrýarlar.

Marokko Afrika kontinentiniň çet demirgazyk-günbatar bölegini tutup, Ýewropa has golaý ýerleşýär. Giňligi dürli ýerlerde 14-44 km bolan Gibraltar bogazy Morokkany Ispaniýadan aýyrýar. Demirgazyk Afrikanyň beýleki ýurtlaryndan tapawutlylykda Al-Magribiň Ortaýer deňzine we Atlantik ummanyna gönümel çykalgasy bar. Şeýle deňiz araçäkleriniň bolmagy ýurduň daşary ykdysady gatnaşyklary, ulag üpjünligi we deňiz balykçylygy üçin möhüm ähmiýeti bardyr. Marokkanyň meýdany uly däl – 445,5 müň km$^2$. ilatynyň sany (20 mln adam) boýunça ol Afrikada altynjy, Arap döwletleriniň arasynda bolsa 2-nji orny eýeleýär. Marokko – Afrikanyň iň gadymy döwletleriniň biri, onuň taryhy kökleri VIII-IX asyrlarda Magribiň çäginde ilkinji Arap döwlet emele gelişlerine siňip gidýär. Marokko 191-1956-njy ýyllarda Fransiýanyň we Ispaniýanyň kolonial agalygynda boldy. Onuň meýdany dürli böleklere bölündi.

Marokko halkynyň kolonizatorlara garşy tutanýerli göreşi netijesinde 1956-njy ýylda Fransiýa we Ispaniýa onuň döwlet

garaşsyzlygyny we meýdanynyň bütewiligini ykrar etmäge mejbur boldular.

Marokko-konstitusion monarhiýa. 1972-nji ýylyň konstitusiýa boýunça şa döwletiň baştutany, ýaragly güçleriň Baş serkerdebaşysy, dine ynanýanlaryň ruhy baştutany bolup durýar. Yslam döwlet dini diýlip yglan edildi. Ýokary kanun çykaryjy gurama-bir palataly parlament, ýerine ýetiriji häkimiýet bolsa hökümet tarapyndan amala aşyrylýar. Syýasy gurluşy üçin köp partiýalylyk ulgamy häsiýetlidir.

Syýasy-dolandyryş taýdan ýurduň meýdany prowinsiýalara, okruglara, şäher we oba komunallaryna bölünýärler. Ýurtda 31 prowinsiýa we 2 profektura (Kasablanka we Rabat-Sale) bar. Morokkanyň döwlet dili arap dili hasaplanýar. Ýurduň ýaşaýjylarynyň esasy bölegi arap diliniň Marokko dialektinde gepleýän araplardyr.

**2. Tebigy şertleri we baýlyklary.**Marokkanyň meýdan-çäginiň geologik gurluşynyň dürlüligi, gadymy kristalliki we metamorfizirlenen, şeýle hem wulkaniki jynslaryň giňden ýaýramagy – bularyň hemmesi ýurduň gazma baýlyklaryna iňňän baý bolmagyny kesgitledi. Anti-Atlasda gadymy dag jynslaryň çykymy bilen baglanyşykly altynyň, margensiň, kobaltyň, nikeliň, misiň we ş.m. magdanlarynyň känleri ýerleşýärler. Beýik Atlas daglary we ýurduň merkezi bölegi köp görnüşli reňkli we seýrek duşýan metal magdanlarynyň (gurşun, sink, myşýak, wolfram, molibden we ş.m.) jemlenen metallogeniki prowinsiýa hasaplanýar. Marokkanyň merkezi böleginiň paleozoý çökündi jynslarynda demir magdanynyň, mezozoý çökündilerinde bolsa-marganes magdanynyň ýataklarynyň baý gatlaklary tapyldy. Ýurduň günbatarynda deňiz tretiki çökündilerde fosforitleriň ummasyz gatlaklary we ikinji derejeli gurşun-sink magdanlary döräpdir.

Rif öňi bükülme etraplarda (raýonlarda) nebit bar, ýurduň demirgazyk-gündogarynda bolsa Džerada daş kömür basseýni ýerleşýär. Marokkoda şeýle magdan däl gazma baýlyklarynyň,


ПОРТУГАЛИЯ
ИСПАНИЯ
Гибралтар (Брит.)
Средиземное море
Гибралтарский пролив
АТЛАНТИЧЕСКИЙ
ОКЕАН
Танжер
Сеута (Исп.)
Асила
Тетуан
Эль-Хосейма
Мелилья (Исп.)
Надор
Эль-Араиш
Эль-Ксар-эль-Кебир
Уаззан
ЭР-РИФ
Беркан
Уджда
Кенитра
Сале
РАБАТ
Сиди-Касем
Фес
Таза
Таурирт
Джерада
Мекнес
Сефру
Касабланка
Мохаммедия
Эль-Хаджеб
Азру
СРЕДНИЙ АТЛАС
Мулуя
Эль-Джадида
Беррешид
Тендрара
Сеттат
Хурибга
Уэд-Зем
Хенифра
Мидельт
Сиди-Бенур
Фких-Бен-Салах
Касба-Тадла
Бу-Арфа
Сафи
Бени-Меллаль
Бен-Герир
Фигиг
Эль-Келаа-де-Срагна
Бу-Дениб
Эр-Рашидия
Эс-Сувейра
Марракеш
ВЫСОКИЙ АТЛАС
Эрфуд
г. Тубкаль (4165 м)
Тамри
м. Гир
Тарудант
Варзазат
Агадир
Загора
Дра
Тагунит
АНТИАТЛАС
Тизнит
Тата
Канарские о-ва (Исп.)
Сиди-Ифни
Бу-Изакарн
Гулимин
Фум-эль-Хасан
АЛЖИР
Асса
Тантан
Тарфая
ЗАПАДНАЯ САХАРА
МАВРИТАНИЯ
0 50 100 200 км
©RMPN

ýagny flýuoritiň, grafitiň, slýudanyň, asbestiň, dürli mineral duzlaryň uly känleri bardyr. Gurluşyk materiallaryň hem gorlary uludyr.

Klimatik babatda, bütin Magrib ýaly, Marokko subtropiki guşaklyga degişli. Ýurduň klimatynyň özboluşlylygy relýefiň çylşyrymlylygy we beýikligi we Atlantik ummanynyň täsiri bilen baglanyşykly. Kenarýakasy boýunça birneme sowuk kenar akymy geçýär, ol tomus howanyň temperaturasynyň peselmegine ýardam edýär. Tomus wagty Azor antisiklonynyň döredýän yssy we gurak howasy ýurduň bütin meýdan-çäginde agdyklyk edýär. Gyş aýlary deňiz çygly we birneme sowuk howa agdyklyk edýär. Kähalatlarda howanyň durumsyzlygy ýylyň dowamynda ygalyň düşüş režimine täsir edýär, bu bolsa oba hojalygynda kynçylyklary döredýär.şunlukda ygalyň esasy bölegi daglara düşýär, düzlükler bolsa has az atmosfera ygalyny alýar. Ýurduň meýdanynyň uly böleginde ygalyň ortaça mukdary 300-400 mm-den geçmeýär. 800 mm ýokary ygal ýylda ýurduň 2,5% meýdanyna düşýär.

Ortaça aýlyk maksimal temperatura $45^0$S ýetýär, absolýut maksimum $51^0$S yssa deňdir. Döwürler boýunça temperaturanyň üýtgemek amplitudasy örän uly, ähli ýerde 20-$30^0$S.

Esasy oba hojalyk etraplary 600-den 300 mm ygal ýagýan zonalarda ýerleşýärler. Eger-de daglyk we gurak etraplary hasap etmeseň, onda oba hojalygy babatda önümli meydanlar (300 mm köp ygal ýagýan) ýurduň umumy meýdanynyň 1/3 bölegini tutýar. Gurak Sahara öňi etraplarda ýagyş kähalatlarda 2-3 ýyldan düşýär. Ýylyň döwürleri boýunça ygal endigan düşmeýär. Bu bolsa kä ýyllarda ýagyşyň öň ýa-da giç düşmegi zerarly hasylyň möçberine uly zyýan ýetirýär.

Derýalaryň uzyn bolmagyna garamazdan, olaryň diňe ikisiniň gurak tomus möwsüminde birneme doly akymy saklanýar (Sebu we Umm-er-Rbiýa). Galan ähli derýalar tomsuna bütinleý ýa-da doly diýen ýaly guraýarlar. Derýalaryň

akymyny dogry kadalaşdyrylan ýagdaýynda, olar energetika we suwarymly ekerançylyk üçin uly mümkinçiliklere eýedir.

Köller uly hojalyk ähmiýetine eýe bolmasa-da, Atlas oblastynyň bu günbatar böleginiň özboluşly tebigatyny häsiýetlendirýärler. Diňe Marokkoda süýji suwly köller bar, Atlasyň beýleki ýerlerinde olar gabat gelmeýär.

**Ýerasty suwlary** – ilatyň suw üpjünliginiň, ýurduň bütin gurak etraplarynda mallary suwa ýakmagyň esasy çeşmesidir. Hatda demirgazyk etraplarda hem ýerasty suwlar suwarmak üçin peýdalanylýar, diňe Garb düzlüginde bu maksatlar üçin ýylda 200 mln kub m. çenli ýerasty suw ulanylýar. Marokkanyň umumy suw balansy 520 kub m/sek geçýär, ýone häzirlikçe onuň 1/5 bölegi ulanylýar.

Marokkanyň esasy zonal toprak görnüşi goňur toprakdyr. Atlantik kenarýakasynyň demirgazyk böleginiň hasylly düzlüklerinde sary we sary-goňur subtropiki topraklar ýaýrandyr. Gündogar düzlükleriň, ýarymçöllükleriň we çöllükleriň uly böleginde çöl toraklar, ýurduň merkezindäki düzlüklerde subtropiki gara topraklar ýaýrandyr.

**3. Hojalygyň umumy häsiýetnamasy.** Marokko – belli bir derejede ösen dag-madgan senagatly, oba hojalyk ýurtdyr. Oba hojalygynyň çig mal öndürýän pudaklarynyň we gazma baýlyklaryny gazyp almagyň paýyna ähli öndürilýän önümiň ýarysyndan gowragy düşýär. Marokko – mineral çig malyň we oba hojalyk önümleriniň birnäçe gymmatly görnüşini, esasan-da fosforitleri, gurşun konsentratyny, margenes magdanyny, sitruslary, tomatlary, üzüm çakyryny köp öndürýän we eksport edýän döwletdir. Hojalygynyň gurluşy we ýörütelişişi XX asyryň birinji ýarymynda kolonial agalygy şertlerinde döredi.

Garaşsyzlygy yglan edilenden soňra hojalygy üýtgedip gurmak we ony milli ösüş ýoluna ugrukdyrmak başlandy.

Ýurduň häzirki ykdysadyýeti köp ugurlydyr. Onda hususy kapitalistik we döwlet sektory tapawutlanýar. Döwlet sektoryna

esasan transport, energetika, gazyp alma senagatyň öňdebaryjy kärhanalary degişli.

Oba hojalygy ykdysadyýetiň esasy pudagy. Onuň içerki jemi önümiň 1/5 böegini öndürýändigine garamazdan, ykdysady işjeň ilatyň 80%-i bu pudakda meşgullanýarlar. Oba hojalyk ümleri eksportyň 1/3 bölegini tutýar. Oba hojalyk ekerançylyk ýerleri 24 mln.ga, ýa-da ähli ýer fondunyň 58% eýeleýär, onuň işläp bejerilýän ýer bölegi 8 mln.ga (ýer fondynyň 20% töweregi). Günbatar we Demirgazyk Marokkoda ähli sürülýän ýerler ýerleşýär. Ekilýän ýerleriň ýarysyndan gowragy Marokka feodallaryna we ýer eýeleri – telekeçilere degişli (5 mln ga). 1mln-dan gowrak daýhanlar 5 ga-dan az, köplenç 1-2 ga ýere eýedirler. Ilatyň 1/3 bölegininiň ýeri bolman, olar feodallardan kärendesine almaga mejbur bolýarlar. Oba ýaşlary güzeran üçin şäherlere ymtylýarlar.

Ýurduň oba hojalygynda birinji orny eýeleýän ekerançylykda esasy orun däneli ekinlere degişlidir. Olaryň paýyna işläp bejerilýän ýerleriň 4/5, ekerançylyk önümleriň bolsa 2/3 bölegi (gymmaty boýunça) düşýär.

Soňky ýyllarda kenarýaka zolakda we Günbatar Marokkanyň içerki etraplarynda gök-bakja, tehniki, şeýle-de miweli ekinleriň meýdanlary giňelýär. Gant şugundyrynyň hasyly her ýylda 2 mln tonna ýetýär. Zähmeti köp talap edýän, ýöne köp girdeji berýän ekinler uly we orta hojalyklarda ýetişdirilýär.

Harytltk ekerançylykda möhüm orun subtropiki ekerançylyga, ilkinji nobatda sitrus we üzümdarçylyga degişli. Olar esasan daşary bazara niýetlanilendir. Marokko sitrus öndürmek boýunça Afrika döwletleriniň arasynda birinji orny eýeleýär. Üzüm (çakyrlyk görnüşleri), irki gök önümler (tomat, kartofel we ş.m.) kenarýaka zolakdaky ýokary önümli kapitalistik tipdäki hojalyklarda öndürilýär. Maldarçylyk tutuşlygyna önümçiligiň adaty sektoryna degişli. Bu köp derejede köpsanly mal sürüleri, pes önümli we daganyk

ýagdaýdaky maldarçylygy bolan Marokko üçin özboluşlydyr. Häzirki wagtda ýurda 4 mln goýun, 6 mln geçi, 3,6 mln iri şahly mal, şeýle hem 200 müň düýe, 400 müň at, eşek, gatyr bar. Ot-iým bazasynyň az bolmagy maldarçylykda önümliligiň pes we ölüm-ýitimiň köp bolmagyna sebäp bolýar.

Marokkada suwaryş ulgamyny ösdürmek, häzirkizaman agrotehnikanyň önümçilige ornaşdyrylmagy, täze Meksika we Italýan ýumşak bugdaý sortlaryny, beýleki ýokary hasylly ekinleri, oba hojalyk kreditini girizmek esasynda oba hojalygyny ösdürmeklige uly ähmiýet berilýär. Bu ýerde senagat ähmiýetli balykçylyga hem uly üns berilýär. Balyk tutmak boýunça Marokko Afrikada görnükli orun eýeleýär (1995-nji ýylda 300 müň tonna).

Garaşsyzlyk gazanylandan soňra ýurduň ykdysady syýasaty milli senagaty ösdürmek üçin şertler döretmegi göz öňünde tutýar.

Energetikany, dag-magdan we işläp bejerýän pudaklary öz içine alan senagat hojalygyň düzüminde möhüm orny eýeleýär we ýurduň ykdysady ösüşinde barha artýan ähmiýete eýedir.

Gazma baýlyklaryny gazyp almak, işlemek we eksport etmek dag-magdan senagatynyň esasy häsiýetini kesgitleýär, ýöne işläp bejerýän senagat bilen gowşak baglanyşykly ýagdaýynda galýar. Onuň paýyna ähli senagat önüminiň 1/3 bölegi düşýär.

Dag-magdan senagatynda esasy orun fosforitleri gazyp almaga degişli. Her ýylda onuň mukdary 8 mln tonna ýetýär, bu bolsa Marokkany dünýäde ilkinji orna çykardy. Fosforit çykarmak döwlet kompaniýasy tarapyndan iki uly kände: Huribgi we Ýusufii etraplarynda. Onuň 9/10 bölegi Fransiýa, Angliýa we Günbatar Ýewropanyň beýleki döwletlerine eksport edilýär. Gurşun, sink konsentratorlaryny, demir, marganes, kobalt we mis magdanlaryny, daş kömri gazyp almagyň hem uly ähmiýeti bar. Nebitiň we gazyň gazylyp

alnyşy uly däl. Elektrik energiýasyny öndürmek 2000-nji ýylda 4,6 mlrd. kwt. sagada ýetdi. Onuň 1/3 bölegini GES-ry berýär.

Işläp bejerýän senagat esasan azyk-tagam, dokma we tikin, metal işläp bejerýän, himiýa we nebiti gaýtadan işleýän pudaklaryň ownuk kärhanalary bilen häsiýetlenýär. Ýurtda soňky ýyllarda birnäçe häzirkizaman senagat kärhanalary: himiýa zawody (Safi ş.), awtodetallary ýygnaýjy zawod (Kosablanka ş.), nebiti gaýtadan işleýän zawod (Muhammedin ş.), dokma fabrikleri (Fese we Tanjer), gant zawodlary. Işläp bejerýän senagat esasan Atlantik kenarýakasyndaky uly şäherlerde, köne paýtagt merkezlerinde (Fes, Meknes, Marrakeş) we ýurduň gündogar-demirgazygynda (Udžda) ýerleşýär. Uzynlygy 150 km bolan Kasablanka-Kenira kenarýaka zolagynda işläp bejerýän senagat kärhanalarynyň 2/3 bölegi ýerleşýär.

**Transport we daşary ykdysady gatnaşyklary.** Içerki transportda esasy orun demir ýol ulagy eýeleýär. Demir ýollaryň umumy uzynlygy 2,0 müň km, onuň 800 km elektrifisirlenen. Baş demir ýol magistraly Mararakeş-Kasablanka-Fes-Udžda Marokkanyň günbatar we gündogar etraplaryny Alžir we Tunis bilen birleşdirýär. Awtomobil ýollarynyň umumy uzynlygy 60 müň km bolup, onuň 29 müň km asfaltlanan ýollar. Awtomobil transporty Marokkanyň günbatar etraplarynda has gowy ösendir. Deňiz transporty daşary söwda gatnaşyklaryny doly üpjün edýär we Marokkanyň daşyna ýolagçylaryň aglaba bölegini daşamaklygy amala aşyrýar. Esasy gämi duralgalary Kasablanka, Safi, Mohammediýa, Kenitra, Tanjer, Agadir.

Howa transporty garaşsyzlyk ýyllarynda öz ösüşine eýe bolup, diňe bir halkara däl, eýsem içerki liniýalara hem hyzmat edýär. Halkara ähmiýetli aeroportlar Kasablankada, Rabatda we Tanjerde hereket edýärler.

Daşary söwda Marokko ykdysadyýetiniň ösüşine uly täsir edýär. Daşyndan getirmegiň hasabyna Marokko nebite, senagat

enjamlaryna, azyk önümlerine öz isleglerini üpjün edýär. Daşary ýurtlara bolsa mineral çig malyň dürli görnüşlerini, oba önümlerini, soňky ýyllarda bolsa taýýar önümleri eksport edýär. Importyň takmynan 2/3 bölegini taýýar önümler, azyk önümleri, şol sanda şeker, bugdaý, süýt önümleri tutýar. Eksportyň 2/3 bölegini sekiz haryt: fosforitler-36%, sitruslar-11%, gök önüm konserwalary-4%, ter gök önümler-4%, çakyr-3%, gurşun we marganes magdany-6% tutýar. Marokkanyň daşary sodasynda esasy orun Fransiýa degişlidir. Şeýle hem Germaniýa, Italiýa, Belgiýa, ABŞ bilen ykdysady gatnaşyklary barha
ösýär.

## § 21. Somali (Somali demokratik respublikasy).

**Meýdany** -637,6 müň km$^2$. ilaty 8,4 mln.adam (2007ý.). Paýtagty - Magadişo. Somali Afrikanyň demirgzyk – gündogarda ýerleşen döwletdir. Ol çet demirgazyk-günbatarda Jibuti bilen günbatarda Efiopiýa bilen, günorta-günbatarda Keniýa bilen araçäkleşýär. Demirgazygyny we gündogaryny Hind okeanynyň suwlary ýuwýar. Ýurduň ilatynyň 95%-i somalilerden durýar. Başga-da araplar,hindiler, ýewropalylar (italýanlar) ýaşaýar. Somali we arap dilleri döwlet dilleridir. Ýurduň ilatynyň 99,8%-i yslam dininiň sünni ugruna uýýarlar. Yslam döwlet dinidir. Mogadişo (720müň adam), Kisimaýu (70 müň), Hargeýsa (65 müň), Berbera(70 müň) ýurduň iri şäherleridir. Ýurt administratiw –territorial taýdan 18 sany prowinsiýa bölünýär.

Orta asyrlarda Somali ýarym adasynyň demirgazyk böleginde birnäçe musulman soltanlary ýerleşýärdi (Zeýla, Ifat, Hadýa we beýlekiler). Somali XVII-asyrda portugallar bilen türkleriň arasyndaky uruş arenasyna öwrüldi. 1869-


40°
42°
44°
46°
48°
50°
52°
12°
10°
8°
6°
4°
2°
0°
ЭРИТРЕЯ
ЙЕМЕН
о. Сокотра
(Йемен)
Аденский залив
ДЖИБУТИ
ЭФИОПИЯ
КЕНИЯ
Алула
м. Гвардафуй
Кандала
Босасо
Баргаль
Майд
Карин
Хафун
Буллахар
Бербера
г. Шимбирис
(2407 м)
Меладен
Коттон
Харгейса
Бурьо
Тог-Дер
Кардо
Бандарбейла
Айнабо
ОГАДЕН
Гароуэ
Эйль
Бейра
Даборо
Дусамареб
Хобьо
Беледуэйне
Эльбур
Харардере
Доло
Булобарде
Уаджид
Эльдер
Байдабо
Джоухар
Джубба
Бардере
Динсор
Балъад
МОГАДИШО
Домадере
Марка
Узби-Шабелле
Бараузэ
Тарри
Камсума
Джамаме
Кисмайо
ИНДИЙСКИЙ
ОКЕАН
0
100
200
400 км
©RMCN

Somaliniň emirgazyk bölegini, 1889-njy ýylda Italiýa günorta bölegini, 1896-njy Fransiýa Jibuti raýonyny basyp aldylar. II-Jahan urşunyň başynda Italiýa Somali ýarym adasynyň ähli ýerini basyp aldy. Afrikada italýan goşunlarynyň çym-pytrak edilmesi bilen (1941ý.) öňki italýan Somalisi 1950-nji ýyla çenli iňlis harby administrasiýasynyň gol astynda boldular. 1950-1960-njy ýyllarda BMG-nyň hossarlygyndaky Italiýanyň dolandyrýan territoriýasy boldy. BMG-nyň Baş Assambleýasynyň kararyna laýyklykda (1959ý.) 1960-njy ýylda Britan Somalisine özbaşdaklyk bermäge Beýik Britaniýa mejbur boldy. 1960-njy ýylyň 1-nji iýulynda öňki Italiýan we

Britan Somaliler özbaşdak döwlete-Somali respublikasyna birleşdirdiler. Ýurtda parlament aýlandy, ministrler kabineti düzüldi. Halka demokratik özbaşdak, ykdysady gülläp ösmek, medeni yza galmaklykdan dynmak wada berildi. Emma bu wadalar ýerine ýetirilmeýärdi. Ýurt ykdysady we syýasy taýan imperialistik döwletlere güýçli suratda bagly bolmagyny dowam etdirýärdi. 1969-njy ýylyň 21-nji oktýabrynda Somali harby güýçleriniň ofiserleri harby agdarylşyk guradylar we Somali Demokratik respublikasyny yglan etdiler. Ýurtda häkimýet Ýokary rewolýusion sowetiň eline geçdi. Mohamed Siad Barre Ýokary rewolýusion sowetiň prezidenti, döwlet we hökümet baştutany boldy.

1976-njy ýylyň 1-nji iýulynda dolandyryjy Somali rewolýusion sosialistik partiýasy söredildi we bu partiýanyň programmasy, ustawy guramaçylyk gurultaýynda kabul edildi. Mohamed Siad Barre bu partiýanyň Mk-nyň baş sekretarlygyna, respublikanyň prezidentiligine, ministrler sowetiniň başlylygyna bellenildi. Ýokary rewolýusion sowet ýatyryldy. 1979-njy ýylda täze konstitusiýa kabul edildi, parlament saýlawlary geçirildi. 1986-njy prezident geçirildi. Ýene-de M.S.Barre prezidentlige saýlandy.

Somali ykdysady taýdan yza galan agrar ýurtdyr. Ýurduň ilatynyň 75% golaýy çarwa maldarçylygy bilen meşgullanýarlar. Ähli mallaryň baş sany (goýun, geçi, düýe) 40 mln-dan geçýär. Ekerançylykda esasan azyk ekinleri ekilýär. 1986-njy ýylda 294 müň tonna mekgejöwen, 512 müň tonna şekerçiňrigi, 110 müň tonna banan, 7 müň tonna şaly öndürildi.

Ýurtda senagat gowşak ösendir. Esasan işläp bejerýän senagatyň 200-e golaý kärhanasy bardyr.

Awtomobil ýollarynyň uzynlygy 21,3 müň km bolup, şonuň 5,8 müň km-i gaty örtüklidir. Berbera, Mogadişa, Kisimaýo esasy deňiz portlarydyr.

Diri mallar,banan, deri, et, et we balyk konserwleri , gymmat hilli agaçlar daşary ýurtlara çykarylýar. Ýurduň importynda senagat harytlary, maşyn we transport enjamlary, nebit önümleri, birnäçe azyk önümleri agdyklyk edýär. Saud Arabysatny, Italiýa, ABŞ, Angliýa, Germaniýa esasy söwda edýän ýurtlardyr.

**Pul birligi**- somali şirlingi. 180 somali şirlingi-1 dollar (1988ý.). ilatyň durmuş derejesi pesdir.

## § 22.Sudan (Sudan respublikasy)

**Meýdany**- 250.6 müñ kw.km bolup, Gyzyl deñziniñ aralygynda ýerleşýär. Ýer üstüniñ köp bölegi üçin çöllük häsýetli bolup, Tropiki ösümlikleri häsiýetlidir, günortada batgalyklar bolup, Hartuma golaý ýerlerde Ak we Gök Niliñ suwlary guýulýar.

**Ilaty**-36 mln.adam şäherlerinde ilatyñ diñe 20 % ýaşaýar. Ak we Gök Niliñ guýýan ýerlerinde ilat gür ýerleşendir.

**Ilatyñ düzümi**: negroid taýpalary 49%, araplar 39%, nubiler 8%, 4% bolsa begžirlerdir. Dini –ilatyñ 20% yslamyñ sünni ugruna uýýar, ýerli dinlere 25%, hristiançylyga 5%

uýýar. Döwlet dili arap dili, günortada negr halklarynyñ dili ulanylyp, iñlis dili giñden ýaýrandyr



**Döwlet gurluşygy**-prezident respublikalary, döwlet ýolbaşçylary, prezident.

Administratiw taýdan ýurt 25 sebitde bölünýär. Paýtagty –Hartum (600000 adam). Iri şäherleri Omduman (650 000) Demirgazyk Hartum (380 000), Port-Sudan (230 000).

**Taryhy.**Öñki Müsür Sudany bolup, 1956-njy ýylda garaşszylygyny gazanýar. Häzirki wagtda hem Yslam dininiñ ýolbaşçylary bilen hristian dinine uýýan negr taýpalarynyñ arasynda uruş dowam edýär. Bu zona ýurdy iki bölege bölmek barada teklibe çenli baryp ýetdi.

Hojalygy we tebigy baýlyklary-gazylyp alynýar. Tebigy baýlyklardan nebitiñ 600 mln tonna gory bolup, 15 mln tonna golaýy gazylyp alyndy. Ýene-de demir rudy, mis, marganes we az mukdarda minerallar gazylyp alynýar.

Täzeden işlap bejerýän senagat gowşak ösendir. Oba hojalygynda esasy pagta, şeýle-de aralyk ekilýär. Maldarçylykda –ownuk mallary bolmaklyk ýola goýulandyr.

Transporty-awtomobil ýollarynyñ uzynlygy-5 müñ km, awtomobil ýollary -4.7 müň urbageçirijileriñ uzynlygy 6000 km-e barabardyr. Iri deñiz porty –Port Sudan bolup -5 mln tonna çenli ýük daşalýar.

Daşary ykdysady gatnaşyklary- soñky 10 ýylyñ dowamynda daşary söwda güýçli depginde ösdi. Nebit we nebitönümlerini, oba hoajlyk önümleri bolan pagta, arahis, gant, ösümlik we mal ýagy, künji, gök, mallar eksport pudaklarynyñ önümleri, saglygy saklaýyş pudagy we dermansenagat önümleri.

Söwda aragatnaşygyny edýän döwletleri: esasy Hutaý Halk Respublikasy bilen, şeýle-de Ŷaponiýa, Saud-Arabystany, Birleşen Aarp Emiratlary, Müsür.

Pul birligi- Sudan funty-2 sudan funti-1 dollar.

II bölüm

# Eýran Yslam Respublikasy

## §23. Eýran Yslam Respublikasynyň geografiki ýerleşişi

Eýran yslam respublikasynyň ykdysadyýetini şonuň ýalyda fizik geografiki ýerleşişi boýunça öwrenmek biziň maksadymyz. Bu döwlet senagat önümçiliginde maddy önümçiligi esasy pudakdyr. Ýerleşiş aýratynlygyny öwrenmek, şonuň ýalyda ykdysady geografiýasyny öwrenmek möhüm wezipeleriň biri bolup durýar. Islendik döwletiň özboluşly taryhy tebigaty, milli mirasy, däp-dessury, döwletiň durmuş ykdysady aýratynlyklaryny,mümkinçiligi barada bilmeklik esasy wezipedir. Şeýlede Eýrana tebigy şertleriň we baýlyklarynyň köpdürlüligi, ilatyň sanynyň köplügi, ýerleşiş aýratynlyklary, olaryň ýurduň ösüşine täsirini bilmek zerurdyr. Netijede eýranyň ykdysady sebitleri baradaky düşünjelerini bilmek zerurdyr. Eýran yslam respublikasynyň geografiki ýerleşişi boýunça günorta-günbatar Aziýa ýurtlaryna degişlidir. Bu döwlet has takyk aýdanymyzda günorta-günbatar Aziýanyň merkezinde ýerleşýär. Ol günbatarda Yrak bilen araçäkleşip 1458km., Türkiýe bilen 499km., demirgazykda Türkmenistan bilen araçakleşip 992km., Azerbeýjan bilen bolsa 611km., Ermenistan bilen 35km., gündogarda bolsa Owganystan 936km., Päkistan bilen 909 km. bilen araçäkleşýär. Eýran yslam respublikasynyň meýdany 1mln.648 müň kwadrat km. barabar. Paýtagty Tährandyr. Eýran döwletiniň günortada Pars aýlagy, Oman aýlagy ýerleşýär. Demirgazykda Hazar deňzi ýerleşýär. Şeýlelikde Eýran şol gidro geografik boýunça Hindi okeanyna çykyp bilýär. Eýranyň relýefiniň 80% daglyk tutýar. Olar beýik we tekiz daglyklara bölünýär. Pesliklere-de duş gelinýär. Hazar pesligi okean derejeside aşakda ýerleşýär. Iň beýik gerşi Elbrus dagynda ýerleşýän Delmowent wulkany bolup, ol 564m. beýiklikde ýerleşýär. Ýurduň içerki bölegi giň meýdanlary tutýan Eýran tekiz daglygyndan ybaratdyr. Ol ähli tarapdan belent daglar bilen gurşalandyr: Zagros, Talyş, Elbrus,

Türkmen-Horasan daglary. Eýranyň çäginde 2çöl bar. Olar ýurduň 7% eýeleýär. 1.Deşdikewir 2. Deştelut.

**Eýranyň baýlyklary we tebigy şertleri.** Eýranyň klimatynyň esasy täsir ediji faktorlaryň biri geografiki ýerleşişi we ýerüstüniň gulușy sebäp bolýar. Klimaty barada aýdanymyzda içerki etraplarda gurak tropiki, suptropiki continental häsiýetlidir. Kenarýaka çig klimatdyr. Hazar kenary, Elbrus dagynyň demirgazyk ýapgytlarynda 1ýylda 1000-2000mm ygal düşýär. Emma ýurduň köp bölegi has gurak bolup 50-500m ýetýär. Ygal köplenç gyş,ýaz aýlarynda ýagýar. Ýanwar aýynda ýurduň demirgazyk temperature ortaça -2gradus bolup, iýul aýy +25 +40 gradusa ýetýär. Ortaça ýyllyk +1 +8 gradus. Pars aýlagynda gyş ýumşak, tomusy yssy we çyglydyr. Şol ýerlerde howanyň temperaturasy +54 gradusa ýetýär. Eýranyň d.g-g.b düzlüklerinde klimat aram häsiýetli. Ýurduň merkezi platogynda gury klimatdyr. Ýurduň gündogar-günorta gyş sowuk, tomus yssy bolýar. Bu döwletdäki klimat aýratynlyklary dürli-dürlidir. Mysal üçin: Pars aýlagynda +20, d.g-g.b dag ýerlerinde +2 gradus. Bu döwletde klimat 73Z% gurak, 24,4% ýumşak, 2,4 % daglyk klimata mahsusdyr. Ýurduň atmosfera bölünişi deň däl. Demirgazyk 635-1805mm, g.o 152-230 mm, günbatar 312-486mm, merkezi 116-302mm.

Ýurduň Pars we Umman aýlaglary tropiki klimata mahsus.ýurt boýunça Zagrosa daglaryna, Kaspi deňzine ýeterlik ygal düşýär. Ýanwar aýynda Tähranda +2, Abhazda +12, şirazda +9, Tebrizde +8 gradusdyr. Tebigy kanuna görä tomusda ýagyş ýagmaýar. Käbir ýyl 7aýlap hem ýagyş ýagmaýar.Tähranda ýanwar aýynda dagyň ýatyşy 0,5m ýetýär. Garyň şeýle ýatmagy ykdysadyýete örän täsirlidir. Sebäbi suw ätiýaçlygyny döredýär. Şol suw ekin dolanşygynda uly rol oýnaýar.

**Makran-** bu döwletiň günorta böeginde ýerleşip ini 200m, gündogara tarap 480m, ýagny tä Päkistana çenli uzaýar. Bu dagyň beýikligi ortaça 600-1500m barabar. Kuhran gerşi

2260m barabar. Relýefi boýunça tapawutlanýar. Gündogara Eýran daglary-1050km. Eýranyň günorta araçäginde ýerleşýär. Elbrus we Mikran dagynyň aralygydyr. Beýikligi 2450-2750m çenli bolup biler. Gündogar Eýran dagynyň iň beýik nokady Tekistan 4047m.

**Elbrus-**bu dag sistemasy eýranyň demirgazyk welaýatlaryny öz içine alýar. Elbrus dagy 3 bölege bölünýär:
**1.**demirgazyk-günbatar Talyş dagy, beýikligi 2150-2450m.
**2.**Merkezi Elbrus dagy, beýikligi 2450-3050m.
**3.**Türkmen-Horasan daglary, beýikligi 1500-1850m.
Elbrusyň belent nokady Demewand 5604m. bu dag sistemasynda 2 uly döwülme bar. 1.g.b. 2.g.d.

**Ermeni tekiz dagy-**bu dag ulgamy Ermeni,Azerbeýjana aralaşyp, beýikligi2130-3150m.üýtgäp gidýär.

**Eýranyň ösümlik dünýäsi.**Eýran döwletiniň ösümligine klimatyň täsiri ulydyr. Her bir ösümlik dünýäsiniň ýaýramagyna, topragyň çyglanmagy wajypdyr. Ösümlikleriň ösüşi klimatyň guraklygy sebäpli doly ösmeýär. Atmosfera ygallary az düşýär. Gün şöhlesai köp düşýär. Ösümlige oba hojalykda hem uly zyýan ýetýär. Meselem: Gereginden artyk mallaryň bakylmagy. Şonuň ýalyda köküne zyýan ýetýär. Ýurduň demirgazyk ýerleşen Elbrus dagynyň 2500m. beýikliginde tokaý ýerleşýär. Eýran döwletinde esasan çöl ösümlikler giň ýaýrandyr.

**Haýwanat dünýäsi-**örän baý we dürli görnüşli. Haýwanlary goramak maksady bilen 30 sany haýwanat bagy döredildi. Gulan,jeren,dag goçusy,geçisi,ýabany doňuz,gaplaň,gara bars bar. Bu döwletiň çäginde ýerli guşuň dürli görnüşi bar. Pars aýlagynyň kenarýakalarynda deňiz pyşdyly giň ýaýrandyr.

**Eýranyň ilaty.**Bu ýurduň ilatynyň etniki düzümi ýagny birnäçe ýyl mundane ozal hindi-ýewropa taýpasyndan bolan aramiýe diýip at dakypdyrlar. Olaryň ýarysy eýrana, hindistana

göçüpdirler. B.e.öňIV-III as. Grek-Makedon, VIIas araplar aralaşýar.omeýýat halyfyndan soň(VIIIas) Zakaspi oblastyna türk taýpalary aralaşypdyrlar. Olar anotomiýa çenli aralaşmaga başlapdyr. Häzirki wagtda eýranyň etniki taryhy doly saklanmandyr. Eýranda birnäçe halk ýaşaýar. Häzirki wagtda eýranyň 51% parslar, 24% azrtebeýjanlar, 8% mazendranlar, 7%kürtler, 3%arap,2% buluçlar,1% türkmenler. Araplaryň giň ýaýran bölegi günorta-gündogar bölegi. Şonuň ýaly hem käbir şäherlerinde ýewropalylar bar. D.g-g.b assirler we ermenler ýerleşýär. Eýranyň ene dili pars dilidir. Bu döwletiň çäginde esasan kürtleriň 4mln. ýaşaýar. Ilatyň 4/1 bölegi türki dilli ýagny azerbeýjanlar, türkmenler, türkler tutýar. Araplar ilatyň 1% eýeleýär. Ilatyň 7% din aýratynlygy boýunça sünni toparyna degişlidir.

## § 24.Eýran Yslam Respublikasynyň ilaty we daşary ykdysady gatnaşyklary.

Biziń duldegşir Gŭnorta gońşymyz Eýran Yslam Respublikasy Gŭnorta Gŭnbatar Aziýanyń ýurtlarynyń arasynda geografik taýdan merkezi bőleginde ýerleşýär.

Ýurt demirgazyk tarapda GDA ýurtlary bolan Ermenistan, (35 km) Azerbeýjan (611 km) we Garaşsyz, baky Bitarap Tŭrkmenistan (1200 km), Gŭnbatarda Yrak (1458 km) we Tŭrkiýe (493 km) bilen, Gŭndogarynda Owganystan (936 km) we Päkistan (909 km) bilen serhetleşýär. Gŭnorta tarapyny Hindi okeanynyń Pars, Oman aýlaglary, Ormuz bogazynyń suwlary, Demirgazygyny Hazar deńiziniń suwlary ýuwup durýar. Eýranyń Hindi okeýanyna we Hazar deńizine gőni çykalgasynyń bolmagy has amatly ýagdaýdyr. barabardyr. Tŭrkmenistan geçmişde Russiýanyń tabynlygynda bolupdy.

1881-nji ýylyń ýanwar aýynyń 12-sinde Gőkdepe galasy synyp, Tŭrkmenistan Orsýete birikdirilýänçä Rus-

eýran gepleşikleri bolýar. Şonda araçäk meselesi boýunça ilkinji konwensiýa gol çekildi. Ońa laýyklykda Esenguly aýlagyndan Babadurmaza çenli araçäk ugry kesgitlenildi. Ýagny Esenguly aýlagyndan Çata çenli aralyk Etrek derýasynyń ýakasy boýunça, Çatdan Demirgazyk- Gündogara uzalyp Sońydagyń, Sagyrym dagyń gerişleri bilen Çendire tarap gőnügip, Çakangala barýar. Şol ýerden Çensir bilen Sumbaryń aralygyndaky daglaryń gerşi bilen demirgazyga, sońra bolsa gündogara uzalyp, Sumbaryń jülgesi bilen Daýna metjidine çenli gidýär. Daýnadan Duruna gaýdýan ýoluń ugry bilen dowam edip, Kőpetdagyń gerşine çykýar we günorta-gündogara uzalyp, Germabyń ýakasy bilen günorta őwrülýär, daglaryń gerşi bilen Haýrabadyń demirgazykdan Pőwrize obasynyń bärisi bilen ýenede günorta-gündogara őwrülýär. Şol ýerde araçäk dag gerişleriniń üsti bilen geçip, tä Babadurmaza çenli gündogara tarap dowam edýär. Asylma dagyń gerşi bilen Babadurmazyń ýanynda Gäwersden (häzir Ak bugdaý) Lýuftabada barýan ýola çykýar we birikýär, soń dag etegindäki düzlüge çykýar. Ine ilki başdaky serhediń sudury şeýle. Sońra ońa käbir üýtgemeler girizilýär. Pőwrize jülgesi Orsýete geçýär. Lýuftabat obasy Eýrana berilýär. Bu ýerde häzir Artyk-Lýuftabat geçekgesi bar. Pőwrizä häzir Arçabil (27-29.12.1999) diýilýär.

Häzir bu araçäk üýtgewsiz. Bu araçäk Hazar deńzi, Etrek derýasy, Kőpetdagyń Pograniçniý, Merkezi gündogar gerişleri boýunça Tejen derýasyna çykýar. Umumy araçägiń 300 km-i düzlükden geçýär. Türkmen-Eýran serheti boýunça Esenguly, Gidrolum, Magtymguly, Howdan, Artyk, Sarahs geçelgeleri bar. Eýranyń meýdany 1mln 648 müń $km^2$ . Onuń kenar çyzyklarynyń uzynlygy 2440km.

Eýran esasan daglyk ýurtlaryń hataryna girýär. Ähli meýdanyń 4/5 bőlegini daglar, tekiz daglar we beýik tekiz daglyklar tutýar. Ýurduń içki bőlekleri tekiz daglyklar we düzlüklerden ybaratdyr. Relýefiń – ýer üsti keşbiniń häsiýetli

aýratynlygy peslikler birden belentlikler ybaratdyr. Meselem Hazarýaka peslik okean derejesinden 28 m aşakda ýerleşýär. Oňa ýanaşýan Elbrus dagy 900 m ýokary galýar. Elbrusda Eýranyň iň beýik nokady Demawent (5604 m) dagy ýerleşýär. 2002-nji ýylda (X-2002) türkmen dagaçarlary onuň depesine çykdylar. Eýranyň merkezi böleginde deňiz derejesinden 1200 m belentde ýerleşen sebitleri ýurduň ýarym meýdanyny tutýar. Gündogar böleginde pes daglar ýerleşýär. Eýranyň merkezi we günorta böleginde şor Deşte-kebir, daşly-çägeli, Deşte-lut, çöllükleri ýerleşýär. Eýranda Ermeni tekiz daglygynyň bir bölegi Zagros dag ulgamy, Türkmen Horasan daglarynyň günortasy, Mesopatamiýa pesliginiň bir bölegi, Pars we Oman aýlagynyň kenaryndaky Germsir çöli ýerleşýär.

Klimaty boýunça 3 bölege bölmek mümkin: 1. Pars we Oman aýlagy kenary örän yssy, 2. Merkezi daglyk aram gurak, 3. Elbrus daglary-sowuk. Ortaça ygallar: Abadanda 200 mm, Tähranda 250 mm, Elbrusda 2000 mm çenli. Ortaça ýanwar aýynyň derejesi Tähranda $-3^0$ $+7^0$, Pars aýlagy kenardaky Abadanda $+7^0$ $+17^0$, ortaça iýul aýy Tähranda $+22^0$ $+37^0$, Abadanda $+28^0$ $+44^0$ çenlidir.

Esasy derýalary: Şatt-el-arap derýasynyň goşandy Karun, Sefidrud (Kaspä guýýar) Gürgen derýalarydyr. Uly kölleri: Urmiýa, Hamun kölleridir. Eýranyň topragy köpdürliligi, aýratynda merkezi çöllük sebitlerinde köplenç daşlylygy, ýokary şorlaşanlygy bilen tapawutlanýar. Çöl çäge topragy, goňur, daggoňrumtyl topraklary agdyklyk edýär.

Eýranyň ýerasty gazylma baýlyklary köpdür. Tebigy gaz, nebit, kömür, demir magdany, hrom, mis, sink, marganes, gurşun, kükürt ýaly baýlyklar ýaýran. Ösümlik örtüginde deňze ýakyn, Elbrusda dub, berýoza, ýasen, çöllüklerinde kaktus, ýandak, daglarynda hoz, ilm, dub, pisseler ösýär. Eýranyň 7%-ni tokaýlar tutýar.

Haýwanat dünýäsinde: şagal, möjek, giýena, sugun, leopard, oklukirpi, dag geçisi, aýy, bars, gaplaň, tilki, towşan, kenar

ýakalarda: dürli guşlar, pars aýlagynda flamingo, gotan, merkezi bőleginde sülgün, käkilik kőp. Hazar deńzinde balyklaryń gymmatly gőrnüşleri: bekre, beluga, seld kőpdür. Süýrenijiler , gemrijiler ýaşaýar. Günorta- Gündogarda Turan rezerwaty goraghanasy ýerleşýär.

**Eýranyń ilaty kőpdürliligi bilen tapawutlanýar.** Eýranda 1960-njy ýylda 20,1 mln, 1970-nji ýylda 34,3 mln, 1987-nji ýylda 47 mln, 1996-njy 66,1 mln, 2004-nji ýylda 70,5 mln adam hasaba alyndy. Ilat ortaça ýylda 3%-e golaý kőpelýär. Şäher ilaty 47% barabardyr. Ilatyń ortaça gürlügi 43 adamdan geçýär. Milli düzümi boýunça hem eýran we türki dilli halklardan durýar. Parslar 53%, kürtler 7%, azerbeýjanlar 24% , gilaklar-mazendaranlylar 8% , araplar 3% , lohlor 2%, türkmenler 2% we beýlekiler ýaşaýarlar. Esasy dőwlet dili pars dilidir. Dininde yslamyń orny uly, Şaýylar dine ynanýanlaryń 94%-ni tutýar. Iń uly şäheri Tährandyr onda 11 mln ilat ýaşaýar. Ol Aziýanyń iri şäherleriniń biri bolup, deńiz derejesinden 1200 m beýiklikde ýerleşýär, beýleki uly şäheri Maşatdyr. Maşatda 2 mln adam bar. Üçünji uly şäheri deńiz derejesinden 1416 m beýiklikde ýerleşen Tőwrüz şäheridir, 1,1 mln adam. Yspyhanda 1,3 mln adam, Abadanda 0,8 mln adam ýaşaýar.

Eýranda türkmenler hem topbak bolup ýaşaýarlar, olar esasan Türkmenistan bilen serhetýakadaky Horasan we Mazendaran (häzirki Gülüstan) ostanlygynda oturymly bolup galan. Bu ýerlere Türkmensähra- türkmen oblasty hem diýilýär. Olaryń esasy kőplügi Mazendaranda ýaşaýarlar. Onuń merkezi Gürgen şäheridir. Ońa ozal Astrabat diýlen ekeni.

Türkmen oblastynyń 2 Şähristan Gürgen (Astrabat diýdik), Deşti-Gürgen degişli. Gürgen Şähristany 7 sany bahşa-raýona: Merkezi, Kürtguýy, Kümüşdepe (Gumüýşen), Akgala, Alýabat (Kotul) bőlünýär. Merkezi Bahşa-Astrabat (jemi 86 oba bar), Rastag, Maleg, Sadan, Rastag ilatly

punktlary degişlidir. Kürtguýy bahşyna Bender-Türkmen-Gürgen, Sary-Gürgen ýollarynyń ugrundaky 26 oba degişlidir.

Hazaryń kenarynda ulyly-kiçili 20 obadan ybarat Bendergez bahşy bar, onuń merkezi Bendergez portydyr, Bender türkmen bahşynda 6 sany oba ( Aşyrada, Syýahabad, Gijiwan, Garadepe, Garagaçly, Nyýazabad) we Bender Türkmen şäheri girýär. Onuń merkezi Kümüşdepe şäheridir. Akgala bahşy 27 obadan ybarat, merkezi Akgala şäheridir. Alyabat bahşyna (Kotul) 41 oba degişlidir. Türkmen oblastynyń beýleki bir şähristany Deşti-gürgendir. Onuń 7 sany bahşy – raýony bar. Houme, Helale , Morawdepe, Daşburun, Ramiýan, Minudeşt, Hasarça (Gőkleń). Şähristanyń merkezi Kümmethowuz şäheridir. Gürgen Şähristanynyń meýdany 2700 km$^2$ . Deńiz derejesinden 120 m beýiklikde ýerleşen, türkmenleriń dürli tire-taýpalary, türkler, buluçlar, parslar garyşyp ýaşaýarlar, gazaklar hem bar. Deşti-Gürgen Şähristanynyń meýdany 10 müń km$^2$, onda ýomutlar, gőkleńler ýaşaýarlar. Türkmençe, parsça ońat gürleýärler. Ilat esasan däneli ekinler: şaly, temmäki, gowaça , gők, bakja, miweli ekinler, maldarçylyk bilen őý hojalyk işleri, senetçilik, haly, ýüpekçilik, ahal-teke atlaryny ősdürip ýetişdirmek bilen meşgullanýarlar. Türkmenler dińe Gürgende, Deşti-Gürgende däl eýsem Horasan, Mazenderanda we Tähranyń őzünde hem ýaşaýarlar.

**Kőp dürli tebigy baýlyklaryń bardygyna garamazdan agrar-industrial ýurtdyr.** 1960-njy ýyla çenli agrar ýurtdy, 1970-nji ýyldan senagat ősüp başlady we çalt ősüp ugrady. Nebit senagaty çalt ősýär. Esasy milli girdejisini senagatdan , nebit eksportyndan alýar. Nebitiń uly zapaslary bar, ýylda 180mln tonnadan geçirip nebit őndürýär. Bas nebitli ýataklary: Nattelfiýa, Haftel, Agajarymejasüleýman, Geşsaryn, Zilaý, Läle, Gum(merkezinde) ýataklarydyr. Gaz çykýar, kőmür őndürilýär. Tähranda, Bakfda, Yspyhanda, Semnanda, Amolýada gara we reńkli metallurgiýa merkezleri

bar. Nebiti gaýtadan işleýän senagat çalt ősýär. bejerýän senagat gińelýär. Dokma tikin-trikotaž őnümçiligi ulydyr. Tähran, Şany, Begşäher, Tőwrüz, Yspyhan, Şuşa(Mazenderan) Şiraz, Maşat, Gum onuń esasy merkezleridir.

Eýranyń oba hojalygynda esasy orny ekerançylyk tutýar. Ol oba hojalyk őnümleriniń ¾ bőlegini berýär. Uly bőleginde düme ekerançylygy ősendir. Bugdaý,arpa, demirgazyk bőlginde şaly ekilýär. Gowaca, temmäki, sitruslar, ir-iýmişler, miweler ősdürilýär. Kősükliler, gant şugundyry, çińregi, çaý, hoz, pisse kőp ekilýär. Maldarçylykda goýunlar, geçiler, düýeler, atlar, iri şahly mallar, guşlar, vüpek gurçugy idedilýär, balyk tutulýar.

Eýranda nebithimiýa, kőmür, tebigy gaz, demir, mis, marganes, maşyngurluşyk, metallurgiýa, azyk, dokma senagaty bilen ugurdaş haly, metiz-mata őnümçiligi hem ősendir. Ulaglary: awtomobil ýollary-60 müń km, Tähran-Tőwrüz, Tähran-Maşat awtomobil ýollary bar. Demirýollary-5,5 müń km, olardan Transeýran ýoly Hazar-Tähran-Pars aýlagy (1400 km) iń ulusydyr. Deńiz ulaglary üçin hem ońat mümkinçilikleri bar. 1996-njy ýylda (15,16-05-96) Tejen-Sarahs-Maşat demir ýoly doly gurulyp işe girizildi. Ol Türkmenistan-Eýranyń üsti bilen gadymy ýüpek ýoluny täzeden dikeltdi. Geljekde Etrek-Bender-Türkmen ýoly gurlyp Pars aýlagyna ýene bir çykalga bolar. Türkmenabat-Mary-Maşat awtomobil ýoly, Aşgabat-Maşat, Aşgabat-Gürgen halkara awtomobil ýollary işe girizildi. Ösen howa ýoly bar. 1997-nji ýyldan bäri Kőrpeje-Gurtguýy gaz geçirijisi işleýär. Abadan-Tähran nebit geçirijisi, Ahwaz-Reşt nebit geçirijisi, Bidboland-Astra, sońra Tährana gidýän gaz geçirijileri bar. 2010-njy ýylyń 5-nji ýanwarynda Dőwletabat-Hangeran gaz geçirijisi işe girizildi. Umuman Eýran Yslam Respublikasynyń hojalygy kőp pudakly bolup ol ősüş ýolundadyr.

**Eýran dünýäniń gadymy medenýeti ýurtlarynyń biridir.** Biziń eramyzdan őńki 1-nji müńýyllygyń ortasynda

Beýik Kir Persiýa imperiýasyny döretdi. B.e.öňki 333-nji ýylda Aleksandr Makedonskiý Persiýany boýun egdirip basyp aldy we b.e.öňki IV –nji asyryna çenli onuň tabynlygynda boldy. III-nji asyrda Persiýa hanlygy dowam etdi. VIII asyrdan yslamyň gelmegi bilen Abbasiler halifatlygyna Medinä, soňra Damask halifatlygyna goşuldy. Köne dini akymlary yslam dargatdy. XI asyrdan Eýrany türkler, soňra sekjuklar, XIII asyrdan Çingizhan mongollary tarapyndan, Teýmirleň goşunlary tarapdan basylyp alyndy. XVI asyra çenli olaryň tabynlygynda boldy. 1502-nji ýyldan Sefewidleriň dinastýasy gelip Persiýa dinastýalaryny dikeltdi. 1722-nji ýyla çenli şa Abbas I ýurdy dolandyryp başlady. Olar XVII asyrda şu dinastýany ýokary derejä göterdi. Ol aradan çykansoň Eýran pese düşüp başlady we ony 1722-nji ýylda owganlaryň goşunlary eýeleýär. Birneme soňra täze dinastýa emele geldi we täzeden ösüp ugrady. Eýran XIX asyra çenli ýarym kolonial ýagdaýda bolup galdy. 1906-njy ýylda Eýran konstitusýon monarhiýa öwrüldi we 1979-njy ýyla çenli ony şa dolandyrdy. 1979-njy ýylda Muhammet Reza Pehlewi tagtdan düşürildi. Eýranyň dini ýolbaşçysy Aýatolla Homeýni Eýran Yslam Respublikasyny jar etdi.

**Döwlet gurluşy boýunça respublika , doly ady Eýran Yslam Respublikasy .** Döwlet baştutany prezidentdir. Ýurt baştutany Aýatolla (Ali Hoseýn Hamanai) ýokary kanun çykaryjy organ bir palataly parlament – yslam halkynyň ýygnagy-mejlisi. Döwlet dili parsi dili,dini Yslam-şaýylar 94% . Milli baýramy bolan Rewolýusiýa güni 1979-njy ýylyň 11-nji fewralyndan bäri bellenýär. Eýran sözi ariý taýpasynyň “arassa keramatly” sözündedir.

Eýran Yslam Respublikasy 24 sany ostana-prowinsiýa bölünýär. Olardan Gülüstan (Balkan tarapdan) we Horasan (Ahal tarapdan) ostanlary Türkmenistan bilen araçäkleşýär. Gülistanyň merkezi gürgen şäheri, Horasanyň merkezi Maşat şäheridir. 1935-nji ýyla çenli ýurduň resmi ady Persiýa

bolupdyr. 1935-1979-njy ýyllar arasy Eýran, 1979-njy ýylyń 11-nji fewralyndan bäri Eýran Yslam Respublikasydyr. Tähran mőhŭm merkezidir (11 mln ilaty bar). Ol Hazar deńzinden 100 km gŭnortada, Elbrus dagyndan gŭnortada ýerleşýär. Terjime edilende "dŭzlŭk" manysyny berýär. 1937-nji ýylda dőredilen Ylymlar akademiýasy, 1934-nji ýylda dőredilen Tähran uniwersiteti, mugallymçylyk instituty bar. Basdan muzeýi, Negeristan muzeýi, haly muzeýi, etnologiýa muzeýleri bar. XVIII-XIX asyrlarda gurlan Golestan kőşgi, 1894-nji ýylda gurlan Çeperçilik muzeýi, XIX asyrda gurlan Sapah-Salar, şa metjitleri bar. Ońa golaý ýerde Kumda aýotolla Homeýnä dikeldilen metjit işleýär.

Daşary ykdysady aragatnaşyklary ősendir. Ol 1945-nji ýyldan BMG-nyń agzasy, HWF-nyń , OPEK-iń, EKO-nyń we başga-da kőp halkara guramalarynyń agzalarydyr. Eksportunda: çig nebit we nebit őnŭmleri, metal, ýŭń, haly, gury miweler, çaý, işbil, serişdeler őnŭmleri bar.

Importynda: awtomobiller, agyr maşynlar, himiýa senagat őnŭmleri, demir, polat, mineral çigmallar, tekstil, kagyz, tebigy gaz, elektrik togy bardyr.

Esasy sőwda hyzmatdaşlary: Tŭrkiýe, BAE, Germaniýa, Beýikbritaniýa, Italiýa, Ýaponiýa, Tŭrkmenistan, Orsýet, GDA dőwletleridir. Eýranyń pul birligi rial-100 dinara deńdir. Beýik Garaşsyzlyk ýyllary içinde tŭrkmen-eýran gatnaşyklary çalt ősýär. Tejen-Sarahs-Maşat demir ýoly işe girizildi. Guryhowdan –Bajygyran ýoly başlady. Gidroliumyń deńińden täze geçelge açyldy. Aşgabat-Maşat, Aşgabat-Gŭrgen halkara awtomobil gatnawy başlady. Tŭrkmenbaşy potyndan Eýranyń Enzeli, Bendertŭrkmen portlaryna deńiz gatnawy işleýär.Kőrpeje-Gurtguýy gaz geçirijisi (26.12.1997 ýyldan) işleýär. Balkanabat- Alyabat elektrik geçirijisi tŭrkmen energiýasyny berip başlady, onuń ŭsti bilen tok Tŭrkiýä (20.12.2003 ) berlip ugrady. Tŭrkmenistanda eýranly

hŭnärmenler dŭrli desgalary, ýollary, jaýlary, kärhanalary gurýarlar.

Tejen derýasynyń boýunda “Dostluk” suw howdany guruldy (12.04.2004). Mary welaýatynyń Baýramaly etrabynda Rafsanjany adyndaky daýhan birleşiginde parslar ýaşaýar. Mysallary kőp getirmek boljak: Eýranly arkadaşlarymyz Ýusup Azmun Magtymguly adyndaky Halkara baýragyń eýesidir. 1991-nji ýylyń maý aýynda. Tŭrkmenistanyń Prezidenti Aktokaýa Magtymguly atamyzyń guburyna zyýarata bardy. Bu tŭrkmen-eýran gatnaşyklarynyń başlangyjydyr. Täze Galkynyşlar we ykdysady őzgertmeler zamanasynda bu gatnaşyklar täze derejelere ýokary gőterildi. Dostlukly dőwletleriń baştutanlary telim gezek iş sapary bilen duşuşdylar. Tŭrkmenistanyń Hormatly Prezidenti 2008-nji ýylyń tomsunda Eýranda iş sapary bilen boldy. Gatnaşyklar dŭrli ugurlar boýunça ysnyşykly ýola goýuldy. 2010-nji ýylyń mart aýynyń 27-sinde dŭnýäde ilkinji gezek BMG-niń karary esasynda bellenilýän Nowruz baýramçylygyna gatnaşmak ŭçin Tähranda sapar bilen boldy.

## § 25.Eýran Yslam resbublikasynyň tebigy şertleri

Eýran esasan daglyk, beýik tekiz daglyklaryň ýurdy, onuň tutýan meýdanynyň 4/5 bőleginidaglyklar tutýar. Ÿer üstüniň gurluşy őrän çylşyrymly. Eger Kaspi boýy çőketlik deňiz derejesinden 28m pes bolsa, Eýran tekiz daglygynyň kőp ýeri deňiz derejesinden 1000m belentlikdedir, olary gurşap alan dag gerişleri welin 3000-5500 m deňiz derejesinden ýokary beletliklere ýetýändir.

Eýranyň günbatar bőleginde tutuşlygyna diýen ýaly Zagros daglary tutýarlar. Geologik taýdan őrän çylşyrymly düzümi bolan bu daglarda mergi, mezozoý dőwrüniň hek jynyslary agdyklyk edip bu çőkündi jynyslaryň içinde nebtiň ýataklary kőp duşýarlar.

Zagros dag sistemasy bir-birine ugurdaş Demirgazyk-Günbatardan, Günortadan-Gündogara uzalyp gidýän Pakistanyň çäklerine ýetýän, aralary uzynlygyna dilkawlanan giň jülgeler bilen bőlünen dag gerşi ulgamlaryndan ybaratdyr. Zagros daglarynyň aýratyn belentlikleri 4500 m belentlige çenli ýetýärler. Zagros daglarynyň günorto bőlegi günorta Eýran daglary, G/D-sy bolsa Mekran dagy diýip atlandyrylýar. Zagros dag sistemasynyň demirgazyk-günbatarsy has-da güýçli dilkawlanandyr. Daglyklarynyň aralarynda guň çőketlikleri uly gollar, wulkaniki belentlikler we peslikler kőp duşýarlar. Wulkaniki çőketlikde ýerleşen Rizaýe kőli we sonen wulkan Sawalandag (4821 m) muňa mysal bolup bilerler.

Eýranyň demirgazagynda giňişlik boýunça Elbrus dagy uzalyp ýatyr. Onuň iň belent ýerleri Delawent (5604 m) ýurduň iň beýik nokady hasaplanýar. Horezem Şa gürrüň berleş.

Elbrusdan gündogara Türkmen-Harosan daglarynyň ulgamlary uzalyp gidýärler. Olaryň gerişleriniň arasy uzynly gysgaly jülgeler bilen bőleklenendir. D/g-ny dag ulgamlary Kőpetdag we günorta ulgamlary Aladag gős-gőni Elbursyň dowamy bolup durandyr.

Eýran-Owgan serhetlerinde bolsa onçakly beýik bolmadyk gadymy wulkanik oblastlarda emele gelen Kaýen we Pelengan daglar ýerleşendirler. Eýran tekiz daglygynyň içki bőleginde giň ýaýran oýluklar-peslikler bolup, olaryň iň ulylarynda Deşta Kebar we Deşta Lut diýip atlandyrylýan çőllükler ýerleşendirler.

Eýran daglary ýaş daglara, ýagny Alp dag ýygyrtlanma sistemasy dőwrüne degişlidirler. Şonuň üçin hem olaryň kőp bőlegi has-da Elbrus ulgamlary seýsmiki aktiw (hereketdäki) daglara degişlidirler. Olardaky őzgerişler

Ahemanidler tarapyndan gündogardan günbatara serhet goragy üçin göçürişi getirilen halkara bilen baglydyr.

VII asyrda Sasanidler Araplar doly ýeňip ýurdy eýeleýärler we tas 9 asyr;ap ol Arabystanyň, soňra Seljuk imperiýasynyň mongol hanlyklarynyň Ügizhan, Hulagyhan soňra Timurleň döwletleriniň bir bőlegi bolup galdy.

Arablar bu ýurtlardaky zoroastrizmi ýok edip, deregine täze kitaply bir Hudaýly dini-yslam getirdi.

Eýranyň ősen medeniýeti onuň őzboluşlylygyny saklap galmaga mümkinçilik beripdir we XVI asyrda őzbaşdak yurt Sefewidleriň dinastiýasynyň dőremegine getiripdir. (1502-11736). Şol wagtlar onuň düzümine Azerbeýjan (Häzirbegjan), Owganystan bir bőlegi getiripdir.

Sefewidler basyp alan ýerleriniň ilatyny Eýranyň içki raýonlaryna gőçüripdirler (ermenliler, gruzinler) 1722-1730 ýyllar arasynda Eýrany Owganlar eýeläpdirler. Olardan Eýrany türkmen Nedirta 1736-ýylda boşadýar we 1747-nji ýyla çenli şa bolýar, soňra 1750-1794 ýyllarda g/o Eýranly Zendler ýurduň häkimligini ele alýarlar. 1976-nji ýlda türki halk Gajarlar yurt başyna gelýärler we tä 1925-nji ýyla çenli dolandyrylýärlar. Ony esaslandyryjy türki taýpa gajarlardan bolan Aga Muhamedhan d/g Eýrany eýeläp, soňra zendleriň goşunlaryny ýeňip ýurdy eýeleýär. Őzüni Şahin şah diýip yglan edýär. Ÿurtda ősen feudal ekspluatatorçylyk düzgün bolýar.

### § 26.Eýran Yslam Respublikasynyň döwlet gurluşy.

Eýranda rewaliýusiýa 1978-1979ý bolup monarhiýa döwletiñ ýykylmagyna sebäp boldy. XIX asyryñ ortalarynda Eýran,Russiýa we Beýik Britaniýanyñ arasynda gapma-garşylyk boldy. 1905-1907ý öñki soýuz tarapyndan birnäçe syýasy maslahatlar berilýärdi. Ýurduñ çäginde birnäçe dini

inistitutlar işläp başlady. Şol döwürde Ruzallah Musawi Homeýni monarhiýa garşy hereket edýär. 1964ý Homeýni Yraga iberilýär. 1978-1979ý rewaliýusiýanyñ netijesinde Muhammet Ryza Pehlewi şa wezipesinde oturdy we az wagtda tagtdan agdaryldy. Netijede şol wagtlar ýurduñ çäginde gapma-garşylyklar döredi. 1.04.1979 Eýran yslam respublikasy döredildi. Şasy Homeýnidi. 1979ý konustitusiýada yslamyñ aýratynlyklary esasy orun eýeleýärdi.Bolup geçýän meseleler din we konustitusiýa tarapyndan çözülýärdi. Ýokary wezipäni Prezident hödürläp bilýärdi. Prezident saýlawy her dört ýyldan bolup, mejlis 260 adama çenli deputat saklap bilýär. Mejlis sowet ministriñ maslahatyny we ministr agzalaryny kesgitleýär.

**Eýranyñ daşary gatnaşygy.**1979ý rewaliýusiýa netijesinde eýranyñ daşary syýasatynda düýpli täzelik boldy. Eýran bilen ABŞ-yñ gatnaşyklary ýaramazlaşdy. 1944ý bu sebitde birnäçe uruş hereketi döredi. Eýran bilen öñki soýuzyñ arasyndaky gatnaşyk soýuzyñ ýykylmagy netijesinde düýbünden täzelendi. Ýagny Pars aýlagynda ýiti garşylyklar, g.b ýewropalylaryñ ýagny Amerikanyñ baştutanlygynda garşylyk boldy. Merkezi Aziýanyñ we Zakawkaziýanyñ ýerlerini Eýranyñ teritoriýasyna geçirmeklige goşulyşýar.Eýranyñ Pars aýlagynyñ töweregindäki döwletler bilen hem düşünişmezligi bardy.1997ý Muhammet Hademi tarapyndan baştutanlyk etmegi bilen birnäçe daşary ýurtlar bilen gatnaşygy açdy. 1999ý dekabrynda birleşen yslam konfrensiýasyny geçirip ýokary derejä ýetdi.

**Eýranyñ ykdysadyýeti.**Eýranyñ ykdysadyeti rewaliýusiýadan öñ hem nebit çykarmakda tapawutlanyp, ol hususy eýeçilik bolup birnäçe ýurtlara eksperement edýärdi. 1979ý bu pudak çäklendirip döwlet eýeçiligine geçirildi. 1980ý ortalarynda 90% kärhana döwlet garamagynda seredilýärdi. Eýran 1996ý dünýä bazarynda nebit we nebit önümi eksperement etmekde öñki hatarda durýar. 1996ý diñe nebit çykarmakda 4-nji orny eýeleýär. Şu nukdaýnazardan bolsa

döwlet nebitiñ täze ýataklaryny we öñ bar bolan ýataklary döwrebaplaşdyrmak barada meýilnama kabul etdi. XXasyrda Angilýanyñ kompaniýasy “Uilýam de arsi”1901ý eýran şasy bilen 60ýyllyk şertnama baglanyşýar. 1908ý bu kompaniýa Pars aýlagynda işlemek barada şertnama baglanyşdy. Angilýa Eýran nebit kompaniýasynyñ aksiýasy Beýik Britan döwletine degişlidi. 1954ý soñ eýran şasy halkara nebit kompaniýasy bilen işleşýän ABŞyñ kompaniýasy bilen şertnama baglanyşdy. Şol döwürüñ şasy ABŞyñ 40%, Angilýa-Niderlandiýanyñ 14%,Fransianyñ 6% ulanardy. Eýran diñe bu kompaniýa bilen işlemeklik bilen çäklenmän Malaziýanyñ Petronos, Italiýanyñ Ajib kompaniýasy bilen işleşýär. Dünýä möçberinde işleýän zawod Abadan bolup, ol ýagny Pars aýlagynda uruş bolandygy sebäpli ýykgynçylygy boldy.1990ý şol zawod täzeden dikeldildi. Şolar ýaly zawod Yspyhanda, Şirazda,Bendertheri, Erakda guruldy.

**Eýanyñ dag-magdan senagaty.**Eýran döwleti mineral baýlyklaryna baý hasaplanýar. Daşkömüriñ esasy çykýan ýeri Elbrus dagydyr.şonuñ ýalyda Elbrus dagynyñ töwereginde metallurgiýa kärhana ýerleşýär. Bu ýurduñ çäginde misiñ zapasy duş gelýär.4,50mln tonnadan 1,2% metallardyr. Mis çykarmak 1982ý uly üns berilýär. 1989ý orta hasap boýunça 150000 tonna mis öndürildi. Mis öndürmekde öñki hatarda durýar. Ýurduñ çäginde gurşunyñ,sinkiñ zapasy ýerleşýär. 1980ý hromidiñ eksport etmeklik mümkinçiligi peseldi. 1990ý dag-magdan senagatyñ çykarylyşyna uly üns berildi.

**Gaýtadan işleýän senagat.**1960ý başlarynda bu senagatyñ görnüşleri çäklidi. Gurluşyk materiallary,dokma senagaty degişli. 1960ý ösüşi 14% barabar. 1970ý ortalarynda bu senagatyñ täze kärhanalarynyñ gurulmagy onuñ ösmegine ýardam berdi. Soñky öndürilýän senagatlarda elektronika, ýeñilmaşyn, awtobus, himiki önümleri uly gerime eýe boldy. Metallurgiýa kombinatlary Ahwazda, Yspyhanda ýerleşýär.

**Eýranyñ oba hojalygy.**Eýranyñ oba hojalygy barada ýörite ministr döredilip 1994ý maglumatyna görä agrosenagatyñ ösüşi uly derejede boldy. Bu pudakda ilatyñ 3/1 işleýär.Içerki önüñmi paýy bolsa 29,2% barabar Eýranyñ ýerüstüniñ gurluşy,tebigy şertleriniñ oñaýly däldigi sebäpli ýurduñ teritoriasynyñ 10%-ni oba hojalyk üçin peýdalanýarlar. Suwarymly ekerançylyk üçin 40% pedalanýar.Esasy pedalanylýan derýalar Karaçaý,Sefidrud,Diz,Karun derýalarydyr. Käriz suwlaryñ uly ähmiýeti bar. Bugdaý,şaly,arpa ýaly däneli ekin ekilýär. Şalynyñ ekilýän esasy ýeri Kaspi kenarlarydyr. Ekin dolanşygyna ýaramly däl ýerler ýurduñ g.b we d.g ýerleşýär. Tehniki ekinlerden pagta, temmäki ekilýär. Huzistan welaatynda şekerçiñrik ýetişdirilýär. Ýurduñ çäginde hoz, gök-bakja ekinler uly gerime eýedir. Başgada dermanlyk ösümlikler hem ekilýär. Lakrinçik,,şafron ýaly ösümlikler esasan daşary ýurda eksport edilýär.

**Maldarçylygy** ýokary derejede ösen bolup mallar esasan daglarda, düzlüklerde bakylýar. Ýörite uly guş fabrigi we süýt öndürýän fermalar döredipdir.1979ý soñ maldarçylyk pudagynyñ ösmegi barada birnäçe işler alnyp baryldy. Rewaliýusiýadan soñky döwürlerde 1mln ga. ýeri daýhanlar eýeleýär. 1980ý bu görkeziji2,65 mln ga. ýetdi. Ýörite daýhanlar hojalyk başyna 2ga. bölüp aldylar. 10% ýeri daýhanlar kärendesine aldylar.

**Balyk hojalygy.**Eýranda birnäçe ýylyñ dowamynda kämilleşýär. Hazarda, Pars aýlagynda, Omanyñ g.o böleginde tutulýar.1989-1990ý “Şilak” balyk kompaniýasy 303380tonna balyk awlanyldy. Şonuñ ýaly hem bu kompaniýa balyklaryñ dürli önümlerini öndürýär. Balyklary eksport etmekde bu tapawutlanýar. Eýran esasan Gara ikrany eksport edýär.

**Tokaý hojalygy.**1968ý 18mln ga. ýer tokaý bilen örtülen. Şonuñ 10% dürli halk hojalyk ulgamlary üçin pedalanýar. Her ýylda tokaý baýlyklarynyñ gymmat bahaly taýýarlanyp olar Elbrus dagynyñ g.b eññitliklerinde ýetişýär.1,8

kub metr agaç taýýarlanýar. Käbir adamlaryñ tokaýlary ýok etmekligi bilen birnäçe agaçlaryñ azalmagyna getirdi.

**Daşary-ykdysady gatnaşyklar.** Eýran yslam respublikasyny esasy tebigy baýlyklaryndan daşary ýurda eksport edýäni nebit bolup durýar. 1970ý bu döwlet öndürilýän nebitiň 95% eksport edýär. 1979ý başlap bu döwletde çig nebitiň çig malynyň daşary ýurda eksport etmeklik kemeldi. Kanada,Fransiýa,ABŞ, Germaniýa,Italiýa, Gollandiýa, Ispaniýa, Turkiýe, Ýaponiýa we arap, aziýa ýurtlary satyn alýar.1991ý 1979ý aratapawudy 5% barabar. Eýran diňe nebiti eksport etmek bilen çäklenmän oba hojalyk ekinlerini, magdanlaryny eksport edýändir. 1979ý çenli Eýranda daşary-ykdysady gatnaşyga doly mümkinçilik ýokdy. 1983 başlap ýurduň ykdysadyeti gowlaşyp 22mlrd$ aldy. Onuň 4mlrd$ saglygy saklaýşa sarp edildi. 1988ý Eýran saglygy saklaýşa bolan derman önümlerine uly üns berdi.1994ý nebitiň pese düşendigi sebäpli, daşary ýurt gatnaşyklarynyň mukdary azaldyldy. Eýran döwleti esasan g.b bilen söwdany ýola goýandyr.

**Ulag ulgamy.** Eýran döwleti ýol gurluşygynda dünýä maştabynda uly orun eýeleýär. 1998ý ýurduň çäginde garaýoluň umumy uzynlygy 140,2m kwadrata barabar. Tizlikli hasap edilýäni 470km. barabar. Galan bölegi dürli görnüşdäki ýol bolup,ol 90,76m km. barabardyr. 1991-1992ý ýol kompaniýanyň bellisi"Dobral ko" kompaniýasydyr. Bu kompaniýa Aşgabat- Gökdepe ýoluny 42km. çekip berdi. Ol 1km. ABŞ 1mln$ şertnama gol ekdi. Soňra bu kompaniýa Gökdepe- Bäherden ýoly gurdy. Umuman eýranyň içki-daşky awtomobil ýollaryny g.b Ýewropa we ABŞ ýerine ýetirip berdi. Häzirki wagtda eýranda ýol gurluşygyna degişli hünärmenler tehnikalar doly derejede bar.

**Demirýol ulgamy.** Ýurt boýunça 500-600km. bardyr. Onuň Transiýa demirýolunyň uzynlygy 1392km. barabardyr. Ýagny bu demirýol şahalary Bendert türkmen Kaspi deňziniň

kenarýakasy boýunça tä Bender Hameni tä Pars aýlagyna çenli ýetýär. Ýurduň g.o geçýän demirýoluň uzynlygy 937km. bolup, Tährandan tä Horsem Şenra çenli. D.g uzynlygy 499km. bolup Tähran we Gorgan aralygyna çenlidir.Tşhran-Kerman 1106km, Tähran-Tebriz 743km, Azerbeýjan Zakawkaziýa, Türkiýe çenli demirýol çykýar. Halkara demirýoly hasaplanan Tejen-Sarahs-Maşat demirýolunyň ähmiýeti ulydyr.(1996) Tranzit kolidory hökmünde hyzmat edýär. Bu demirýol merkezi Aziýa döwletine we Hindistana çenli çykýar. Häzirki wagtda eýranda Bafk-Bender-Appasy birleşdirýän demirýol şahalary alnyp barylýar. Kum-Zahedan demirýol şahasy kontinentalara magistral ýoly bolup Ýewropa Türkiýäni, Indiýany birleşdirýär.Mundan başgada Zahedan-Kwetto demirýol şahasy eýrany Päkistan bilen birleşdirýär.

**Içki suwýollary** – bu esasan Urmiýa kölüni , Kamen derýasyny, Şatel Arab aralygyny birleşdirýän suwulgamy bar.Esasan gämi duralgasy arap deňzinde, parsaý, Kaspi d. gurulandyr.Şu duralgalar nebit terminaly bolup hyzmat edýär.Esasy terminallar Bender Homeýni, B.Appas we ş.m…Gämi ugrunda eýran hindi kompaniýasy bilen işleşýär.1999ý. maglumata görä 138 sany gämi bar.

**Raýat Obiýasiýasy** – Ýurduň çäginde ýolagçy we ýük gatnatmakda Eýr kompaniýasy bellidir.Iri halkara aeroport Mahrabatda gurýarlar.1999ý 288 sany aeroport hereket edýär.112 sany gonuş zolagy hökmünde peýdalanýar.

Eýranyň demirýol ulagy orta hasap bilen 6 mln 672 müň adamy hem-de 8 mln 47 müň tonna ýüki göterýär.Häzirki wagtda 550 km ýetýän demirýol gurluşygy alnyp barylýar.Suwulagyndan Iman-Homeýni porty bir ýylda 2 mln 688 müň tonna ýüki kuwwatlylygy bar.Ruşer 1 mln 112 müň tonna ýük kuwwatlylygy bar.Bendalabas 3 mln 624 müň tonna kuwwaty bar.Eýranyň g.o-ky porty umumy kuwwaty **8 mln 24** müň tonna barabardyr.Ýurduň d.g-iň iri porty Enzel porty bolup 311 müň tonna kuwwatlylygy bar.

**Eýran yslam respublikasynyň ykdysadyýeti.** – Eýran yslam resp. býužeti 1973-74.ý. aralygynda dünýäde nebitiň bahasynyň ýokary galmagy sebäpli milli girdeýjisiniň artmagyna uly täsir etdi.1977ý soňra birnäçe nebit ojaklarynyň işjeňligi peseldi.Ýurtda impilýasiýa ýüze çykdy..1983ý içerki önümiň paýy 27%, 1989ý bolsa 13% gelip ýetdi. 1980ý Pars aýlagynda uruşyň bolmagy sebäpli köpsanly social meýilnamalarynyň ýapylmagyna sebäp boldy. Sebäbi uruşa köp çykdaýjynyň edimegi bilen baglydyr. 1993-1994ý bu ýurtda girdeýjiniň ýagdaýy kadasyz ýagdaýa geçdi. Munuň sebäbi dünýäde nebitiň bahasynyň aşak düşmegidir.1990-1991ý şertnama esasynda satylmaly nebit hem býužete oňaýsyz täsir etdi. 1997ý Eýran yslam respublikasynyň daşary ýurtlara bergisi 15,8mlrd$ barabar boldy. Berilýän maglymata görä 1998ý Eýranyň gyzyl pulunyň ätiýaçlygy 5-6$. Ykdysady problema ýurtda impulýasiýa 1990ý 16%,1997ý 23% barabar bolupdyr.

**Eýran yslam respublikasynyň durmuş gurluşy.**Ýurtda sosial-ykdysady üýtgeşiklik 1921ý soň bolup geçdi. Şol ýyldan başlap sosial gurluş döwlet tarapyndan merkezleşdirildi. Esasanam şalaryň nesilleri döwletiň ýokary gatlaklarynda işleýärdi.1979ý rewaliýusiýanyň bolmagy sebäpli öňki hereket edýän gatlaklar ýok edildi. Şäher ilatyny işçiler düzýärdi. Durmuş toplumynda işleýän işçileriň ýagdaýy kanagatlanarlydy. Oba ýerlerinde ýaşaýan ilata rewaliýusiýadan soň ýer barada meýilnama Kabul edildi. Ýöne köp ýerlerde pomeşikler saklanyp galypdy.

**Eýranyň ykdysady içerki geografik tapawutlary.**Eýran yslam respublikasy dünýäde gadymy döwletleriň hatarynda durýar. Ýurduň çäginde birnäçe gadymy taryhy ýadigärlikler bardyr. Häzirki wagtda bu döwlet geografiki ýerleşişinden başlap, tebigy çig mallary özleşdirmek bilen bir hatarda daşary söwdany artdyrýar.Eýran Aziýa dünýä böleginde ýerleşmek bilen gury ýere we suwa çykmak

mümkinçiligi bardyr. Şonuň üçin tebigy baýlygy özleşdirip dünýä bazaryna çykarmaklyga mümkinçiligi bardyr. Oba hojalyk pudagyny alanyňda doly derejede özleşdirip daşary ýurtlara satýarlar.Ýurduň çäginde ýerleşen ykdysady etrabynyň özboluşly hojalygyny görmek bolýar. Şeýlelikde ykdysady taýdan seredeniňde uly ösüşe eýe bolýar. Esasanam agdyklyk edýän önüm nebitdir. 7,5mlrd nebitiň zapasy bardyr. Saud Arab, Yrakdan soňra 3-nji oruny tutýar. Berilýän maglumatlara görä tebigy gazyň ätiýaçlygy 14mln.kub metre barabardyr. Ýurduň çäginde senagat merkezlerini işletmek üçin nebitiň we gazyň uly mümkinçiligi bar. Mundane başgada daşkömüriň, kükürdiň,duzlaryň, gurluşyk materiallaryň ätiýaçlygy bardyr. Senagat merkezini işletmek üçin nebitiň, gazyň, daşkömüriň uly paýy bardyr. Eýranyň ykdysadyýeti içerki aýratynlygynda ýurduň milli girdeýjisine uly täsir edýär. Milli girdeýji bu ýurduň çäginde ähli senagat taýdan önümiň ozone düşýän gymmatydyr. Şonuň üçin her bir döwletde bolşy ýaly Eýranyň girdeýjisi ýylsaýyn artýar. Soňky ýyllarda ähli zawod-kärhanalary dünýäniň iň abraýly soňky tehnikalar bilen baýlaşdyrylýar. Bu bolsa fiziki işiň azalmagyna,hiliň ýokarlanmagyna talabalaýyklygy bilen mälimdir. Ekologiýa esasan ykdysady etraplaryň senagat merkezlerinde döreýändir. Her bir öndürilýän önümiň galyndysy bolýar. Şol gayndyny daşky gurşawa zyňmazlyk şerti bilen ýene-de gaýtadan işledilýär. Esasanam galyndylar 1960-1983ý daşky gurşawa köp taşlandy. Mysal üçin: gara reňkli metallurgiýa kärhanalarda ulanylýan ýerasty suwlara, kanallara, üstki akarlara goýberilýär. Şeýlelikde temperaturanyň gyzmaklygy bilen atmosfera göterilýär. Soňra adamlaryň saglygyna, topragyň zäherlenmegine alyp barýar. Şonuň üçin tebigaty goramak üçin birnäçe guramalar döredildi. Ilkinji nobatda ykdysady-geografiki etraplarda ekologiki edaralar döredildi. Olar senagatda seljerme işlerini geçirýär.

**Eýranyň ykdysadyýeti.** Eýranyň ykdysadyýeti ýurduň çäginde birnäçe tebigy baýlyklaryň bolmaklygy, senagatda gaýtadan işläp daşary döwletlere eksport etmekligi bilen kesgitlenýändir. Tebigy baýlyklar senagat ähmiýetli bolan baýlyklara aýdylýar. Bu döwlet tebigy baýlyklara baý bolmagy bilen bir hatarda 1960ý başlap ýurtda senagatyň öşmegi üçin ylalaşyklar gazanyldy. Şeýlelikde 1970ý başlap ykdysadyýeti ösdürmek bilen agrar indusdrial döwlete öwrülýär. Esasy milli girdeýjini bolsa nebiti çykarmakdan alýar. 1995ý maglumatyna görä Eýran döwleti 181mln.tonna nebit öndüripdir. Ýurduň çägide barlaglaryň netijesine görä nebitiň ätiýäçlygy boýunça dünýäde Kuweýtden, Saud Arabystandan soň 3-nji orundadyr. Nebitiň esasy känleri ýurduň g.o-g.b bölebinde ýerleşýär. Bu caked tebigy gazyň gorlary ýerleşýär. Senagatda mineral dökünleri öňdürmeklige alýumin,aýna degişlidir. Soňky ýyllarda bolsa awtomobil, traktorlar öndürilýär. Ýurduň ykdysadyýetine goşant goşmak bilen bir hatarda iri şäherlerden Tähran, Töwriz, Yspyhan, Şiraz hasda tapawutlanýar. Yspyhanda gara metallurgiýa zawody ýerleşýär. Mundane başgada 110 sany dürli zawodlar ruslaryň ýardam bermegi bilen gurlandyr.

**Eýranyň ykdysady- geografiki etraplary.** Bu ýurduň meýdan çäginde 5sany ykdysady rayon ýerleşýär: merkezi,g.o-g.b, d.g, g.d, d.g-g.b ykdysady raýonlar.

**Merkezi ykdysady rayon-** Eýran tekiz daglygynyň köp bölegini öz içine alýar. Ol taryhy rayon hasaplanýar. Ilatyndan parslar agdyklyk edýär. Suwarymly ekerançylyk esasan oba hojalyk pudagy hasaplanýar. Işläp bejerýän senagatyň esasy bölegi bolan zergärçiligiň iri merkezleri ýerleşendir. Tähran, Yspyhan şaýylaryň mukaddes paýtagty hasaplanýar. Tähranda yurt möçberinde senagat kärhanalaryň ýarsyna golaýy ýerleşendir. Yspyhanda dokma,azyk senagat kärhanalary bar.

**G.o-g.b ykdysady rayon-** Pars aýlagynyň kenarýakasyndaky bölegi öz içine alýar. Ykdysady raýonyň

esasy ilaty araplardyr. Ykdysady raýonda subtropik ösümlik üçin ýaramly ýerdir. Bu ykdysady raýonyň çäginde esasy şäher Abadan bolup, nebiti gaýtadan şleýän zawodyň 13-si bardyr. Şirazda dökün öndürilýär. Ahwazda bolsa turba guýýan zawod bolup, ol1967ý bäri işleýär. Bender apbasda bolsa dokma we azyk senagaty ýerleşendir.

**D.g ykdysady raýon-** Kaspi pesliginde ýerleşendir. Suptropiki ösümligi üçin uly mümkinçilik bar. Hazar deňziniň kenarynda ýaşaýan ilat balykçylyk bilen meşgullanýar. Şeýlede deňizde tutulýan haýwanlary gaýtadan işlemek bilen meşgullanýar.

**G.d ykdysady rayon-** beýleki etraplara garanyňda yzagalak hasaplanýar. Düme ekerançylygy ýöriteleşendir. Esasy oba hojalyk ekinleri bugdaý, arpa, gant şugundury,temmäkidir. Bu ýerde un önümçiligiň merkezi ýerleşendir.

**D.g-g.b ykdysady rayon-** bu esasan Eýranyň Azerbeýjan we Kurjustan tarapyndaky ýerleri öz içine alýar. Oba hojalygy ykdysadyýetiň esasy pudagydyr. Bu ýerde maldarçylygyň ähmiýeti ulydyr. Senagat kärhanalary gowşak ösendir. Tebrizde demirýol ussahanalary, awtomobil ýygnaýjy,traktor zawody, dokma we göl un senagat kärhanalary bardyr.

## § 27.Eýran Yslam Respublikasy barada esasy taryhy-geografik maglumatlar

Arheologiki barlaglaryň görkezmegine görä Zagros daglarynyň gowaklarynda has gadymy döwürlerde (giçki poleolitde) adamlar ýaşapdyrlar, awçylyk we iýmit ýygnap gün görüpdirler. Biziň aramyzda öňki birnäçemüň ýyllyklardan has öňräk hem Lurizstanyň Huzistanyň çäklerinde iň ýönekeý ekerançylyk (däne ekmek) we ownuk şahly mallary ellekileşdirmeklige synanşyklar bolupdyr.

Ekrançylyga has ýaramly tebigy şertleri bolan g/o-g.b Eýranda has irki döwürlerde ekerançylyk ýola goýulandyr diýen çaklamada bar.

Neolitde we has hem eolitde Eýranyň çäklerinde adamlar bugdaý, arpa, kösükli ekinleri ekip ýetişdiripdirler we ownuk şahly mallary, doňuzy ellekileşdiripdirler. Biziň e.öň IV müňünji ýyllyklardan soň olar hojalykda daş, mis bilen bir hatarda bürünç hem ulanyp başlapdyrlar. Şol esasda-da Eýranyň Huzestan böleginiň çäklerindäki iň gadymy döwlet Elman suwarymly ekrançylyga ýaramly Kerhe we Şaur derýalarynyň jülgelerinde döräpdir.

Eýran dilli diýilýän ilat bu ýerlerde b.e.ö. II müňunji ýyllarda toplanyp başlapdyrlar we I müňünji ýyllarda agdyklyk edipdirler. B.e.ö. IX asyrlarda eýýäm midýan we persýan (pers) taýpa birleşmeleri belli bolupdyrlar hem-de g/b Eýranda ýerleşipdirler. B.e.ö. VII-a midiýanlar ilkinji döwleti döredýärler, emma ýüz ýyl çemesi geçen soň olaryň döwletini persler dargadyp öz döwletlerini dikildýärler. Şu mynasybetli 1971-nji ýylda Eýranda pars döwletiniň 2500-nji ýyllyk senesi dabaraly bellenildi. Ol patyşalyga Ahemenidler döwleti diýilipdir b.e.ö. 558-330 ý.

Ahelenid patyşalary Kiriň, Kambiziň, Dariýa 1-iň Kserekisiň döwletlerinde Eýran özüne Kiçi Aziýany, Wawiliony, Siriýany, Fipikiýany, Lidiýany, Palestinany, Müsüri, Frakiýany, Arabystany, Egeý deňziniň adalaryny, Balkanlaryň D/g-G/d-ny, Makedoiýany häzirki Ermenistany, Azerbaýjany, Owganystany, O-Aziýanyň g/o bölegini, Bulujystany özüne birikdirip bilipdir.

Ahelenitleriň paýtagty Pereopol Isgender Zulkarpeýni tarapyndan basylyp alynýar we ýumrulýar. Onuň galyndylary Şirazyň golaýynda ahelenidleriň beýik medeniýetiniň şaýatlary bolup, harabalygy öwrüşi ýatyr.

Eýranyň täzeden beýik döwlet guran wagty b.e.ö III-nji asyrda Sasanidleriň patyşalyklarynyň (226-651) döwrüne gabat

gelýär. Sasanidler hem ilki Rimlinler soňra Wizantiýalylar bilen üznüksiz dowam eden uruşlaryň netijesinde Siriýany, Polestinany, Kilikiýany hatda Müsüri hem basyp alýarlar.

Ahwianidler, Sasaidler dőwründe Eýran őrän kőp sanly daşyndan goşulan bőlekleriniň ortasyndaky őzboluşly merkez (konglomerat) dőredip, őzboluşly medeniýet, hojalyk, ylmy merkez bolupdyr. Şol dőwürde őz boluşly hatlary-ýazgylary (klinopis) şekiller aňlatmalary hem bolupdyr. Eýranyň ýerli etiogenezi hasaplanylýan persler, lurlar, bahtiýarlar has gadymy halklardyr.

# III bölüm
# Hytaý Halk Respublikasy

## §28.Hytaý Halk Respublikasynyň geografiki ýerleşişi

Hytaý Halk Respublikasy – Merkezi we Gündogar Aziyada ýerleşýän döwlet bolup, özüne 23 prowinsiýany birleşdirýär. Hytaýyň umumy tutýan meýdany 9561 müň.kw.km. Tutýan meýdany boýunça ol dünýäde Russiýadan we Kanadadan soňra 3-nji ýerde durýar. Hytaý demirgazykda Russiýa we Mongoliýa bilen günbatarda Gazagystan we Gyrgyzystan, günorta-günbatarda Owganystan, Pakistan, Nepal, Butan we Hindistan bilen günortada Mýanma, Laos, Wýetnam, demirgazyk-gündogarda Koreýa Halk Demokratik Respublikasy bilen araçäkleşýär. Günorta-gündogarda we gündogarda deňiz boýunça Ýaponiýa, Filippinler, Malaýziýa, Bruneý we Indoneziýa bilen araçäkleşýär. Hytaýyň gury ýer araçäginiň uzynlygy 22 müň km. Hytaýyň gündogar we günorta-gündogar kenarlaryny Sary, Gündogar Hytaý we Günorta Hytaý deňizleriniň suwlary ýanaşýar. Onuň paýtagty Pekin. Hytaýyň territoriýasynyň iň beýik depesi Jomolungma (Ewerest) bolup, onuň beýikligi 8848 m. barabardyr.

Aziýanyň merkezi we gündogar böleklerinden gündogardan günbatara 5700, demirgazykdan günorta 3650 km. uzalyp gidýän Hytaýyň territoriýasy Russiýa we Kanadadan soňra dünýäde üçinji orny tutýar (Taýwan, Haýnan, Aomyn (Makao) adalary bilen bileleikde alanyňda 9997 müň kw. km.). Şeýle giň territoriýasy bu ýurduň köp döwletler bilen araçäkleşmegine sebäp boldy. Hytaý GDA ýurtlaryna girýän Russiýa, Gazagystan, Gyrgyzystan we Täjigistan garaşsyz döwletleri. Mongoliýa Parlament Respublikasy, Koreýa Halk Demokratik Respublikasy, günorta- gündogarda bolsa Pakistan, Hindistan, Nepal, Butan, Mýanma (ozalky Birma), Laos we Wýetnam Sosialistik Respublikasy bilen araçäkleşýär. Hytaýyň

deňiz araçäkleri adatdan daşary amatly. Gyşyna doňmaýan Sary, Gündogra Hytaý we Günorta Hytaý deňizleri Ýuwaş okeana giňden çykmaga mümkinçilik berýär. Ýurduň kenar zonasynda 5 müňden gowrak adalar bolup, olaryň umumy meýdany 80 müň kw. km. Olardan iň ulusy Taýwan (meýdany 36 müň kw. km., ilaty 2,7 mln. adam).

## §29. Hytaý Halk Respublikasynyň tebigy şertleri we baýlyklary.

*Ýer üstüniň gurluşy we gazma baýlyklary.*

Hytaýyň relýefi köplenç daglyk: territoriýasynyň 50 %-i deňiz derejesinden 1 müň metr ýokarda, diňe 12% meýdany düzlüklerden ybaratdyr. Ýurduň günbatary has beýikdir, bu ýerde dünýäde iň uly tekiz daglyklaryň biri Synhaý - Tibet tekizdaglygy „Dünýäniň petigi“ diýip atlandyrylýar. Ol ýerdäki 100-den gowrak dag depeleriniň beýikligi 7 müň metrden geçýär. Hytaý bilen Nepalyň araçäginde Ýer şarynyň iň belent depesi Jomolungma (8848 m.) bar. Gündogarda relýef kem - kemden ýapaşaklanýar we bu taraplar möhüm ekerançylyk regionlary hasaplanýar. Dunbeýpinýuan we Beýik Hytaý düzlügi ýerleşýär. Ýurduň demirgazyk we merkezi böleginde Içerki Mongoliýa, Lýossly platolar hem-de Tarim, Jungar, Syçuan çöketlikleri ýerleşýärler. Hytaýyň çägini ýer üstüniň gurluşy boýunça üç sany iri etraba bölýärler; Günorta-günbatarda beýikligi deňiz derejesinden 2000 metrden ýokary bolan Tibet daglygy; ondan demirgazykda beýikligi 200 m-den-2000 metre çenli bolan dag guşaklygy we beyik düzlükler, demirgazyk-gündogarda, gündogarda we günortada bolsa peslik düzlükler (d.d 200 metrden pes) we pes daglyklar.

1)Tibet daglygy Hytaýyň territoriyasynyň 1/4 tutýar.Onuň çäginde beýikligi 6500 metrden geçýan dag gerişleriniň sany 100-den geçýar. Tibet daglygy günortada „dünýaniň depesi“ (Ewerest-Jomolungma-8848m) bolan Gimalaý daglary bilen

sepleşýär. Demirgazyk – günbatarda Karakorum we Pamir daglary, demirgazykda Kunlun Altyndag dag gerişleri bilen gurşalandyr. Tibet daglygynyň demirgazyk – gündogarynda Kunlun we Altyndag dag gerişlerinň arasynda 2700-3000 m beýiklikde belli Saýdam çöketligi ýerleşýär. Saýdam çöketliginiň köp bölegi çöllük bolup, onda ýaşaýan ilat gylýallary idetmek bilen meşgullanýar. Saýdam çöketligi nebite, kömüre we demir magdanyna baýdyr. Tibet daglygynyň gündogar böleginden dünýaniň iri derýalarynyň biri bolan Ýansyzy, Mekong we Salwin gözbaşlaryny alyp gaýdýarlar. Gimalaý daglarynyň demirgazyk eňňitlerinden Brahmaputra derýasy gözbaşyny alyp gaýdýar.

2) Pes daglyk we peslik-düzlük böleginde Sinszýan-Uýgur we Içerki Mongoliýa awtonom raýonlary ýerleşýär. Sinszýanyň territoriýasynyň Kunlun daglaryndan demirgazykda Tarim we Jungar çöketlikleri uzalyp gidýär. Tarim çöketliginiň merkezi böleginde dünýäniň iň gurak we barmasy kyn bolan Takla-Makan çöli ýerleşýär. Onuň içinden akyp geçýän Tarim derýasy buzluklardan gözbaşyny alyp, duzly Lobnor kölüne güýýar (Hytaýyň ýadro synaglaryny geçirýän ýeri). Lobnor kölüniň demirgazygynda Aziýanyň iň pes çöketligi bolan Turfan çöketligi (-154 m) ýerleşýär. Týan- Şan daglarynyň demirgazygynda Jungar çöketligi uzalyp gidýar. Onuň demirgazyk-günbataryny Jungar Alatauy, demirgazyk-gündogaryny bolsa Altaý daglygy gurşap alýar. Bu çöketlik mineral baýlyklara (nebit, kömür, demir magdany) örän baýdyr. Tarim we Jungar çoketlikleriniň üstü bilen mundan 2000 ýyl ozal „Beýik Ýupek ýoly“ geçipdir. Içerki mongoliýanyň territoriýasynda dünýäniň iri çölleriniň biri bolan Gobi we Alaşan çölleri ýerleşýär. Umuman, orta we pes daglykly territoriýa Içerki Mongoliýadan tä Tibet daglygyna, ondan ýurduň günorta kenarýakalaryna çenli uzalyp Ordos platosyny, Sensi platosyny, Sinlin daglygyny, Syçuan çöketligini, Guýçjou

we Nanlin daglyklaryny yagny 200 metrden – 2000 metre çenli beýiklikdäki düzlükleri we pes daglyklary öz içine alýar.

3) Peslik akkumulýatiw düzlükler: Hytaýyň territoriýasynyň 10%- ni tutup, deňiz derejesinden 200 m pesde ýerleşýän, ilatyň has gür ýerleşen etrabydyr we ony bäş sany peslik etraplara bölýärler: Demirgazyk-Hytaý düzlügi, Beýik Hytaý düzlügi, Huanhe derýasynyň jülgesi, Ýanszyý derýasynyň jülgesi, Demirgazyk-Gündogar (Mançžur) düzlügi we Siszýän derýasynyň basseýni.

Hytaýyň ýer üstüniň dürli- dürli bolşy ýaly gazma baýlyklarynyň ýerleşişi we düzümi hem dürli- dürlüdir. Hytaý mineral gazma baýlyklaryna örän baýdyr esasanam nebit, gaz, kömüre, demir magdanyna, polimatallara, marganes, wolfram, alýuminiý, mis, simap magdanlaryna, altyn, kümüş ýaly gymmat bahaly gazma baýlyklar köp ýerleşendir. Daş kömrüň zapasy boýunça Hytaý dünýäde 1-nji orna gelýär. Umuman Hytaýyň energo balansynyň 73%-i kömür, 20%-i gidroenergiýa, 6%-i nebitden ybaratdyr.

Peýdaly gazma baýlyklaryň 140 görnüşi bolany üçin Hytaý mineral resurslara baý ýurt. Ol wolframyň, galaýynyň, sürmäniň, sinkiň, litiýänyň, magnezidiň, ýeriň seýrek duş gelýän elementleriniň zapasy boýunça dünýäde birinji, boksidiň, fosforyň, nikeliň, simabyň, marganes magdanlarynyň, molibdeniň, niobiýanyň zapasy boýunça ikinji, kömüriň we demiriň magdany boýunça ikinji orny eýeleýär. Ýurduň nebitli, slanesli, kükurtli, duzly, gipsli, mis magdanly känleri hem köp.

Günorta Afrika Respublikasyndan, Russiýa Federasiýasyndan we ABŞ-dan soňra altynyň dünýä zapasy boýunça Hytaý 4-nji orny eýeleýär. Dünýäde iň köp suw energiýa zapaslary HHR-yň paýyna düşýär.

*Klimat we agroklimat baýlyklary.* Hytaýyň territoriýasy esasan amatly klimat şertlerde ýerleşmek bilen oba hojalyk ekinleriniň ähli görnüşlerini ösdürip ýetişdirmäge mümkinçilik berýär (26 prosenti aram, 19 prosenti ýyly subtropik

gaşaklykda ýerleşýär). Hytaýyň agramly böleginde aram-musson klimaty agdyklyk edýär. Klimat şertleriniň dürli bolmagy dürli agroeko sistemalaryň ýüze çykmagyna getirdi. Daglyk sebitlerde oba hojalyk mallaryny (iri şahly mallar, düýedarçylyk, gylýalçylyk, dowardarçylyk) idetmäge doly mümkünçilik bolup şol ugurdan ýöriteleşdirlendir. Düzlük oazis böleginde dürli däneli ekinleri we kösükli̇leri ösdürip ýetişdirmäge agroklimat şertleri doly mümkünçilik berýär. Ýurduň subtropik etraplarynda tehniki we sitrus ösümlikleri ösdürlip ýetişdirilýär.

Toprak örtügi has köp dürliligi bilen häsiýetlendirilýär tundra bilen demirgazyk taýganyňkydan başga Ýewraziýa kontinentine degişli topraklaryň ähli görnüşine duş gelmek bolar (mele toprak, çal toprak, çäge-çöl toprak, toýunly toprak).

Ýer üsti suwlarynyň zapasy boýunça HHR Braziliýa, Russiýa, Kanada, ABŞ we Indoneziýadan soňra dünýäde 6-njy orny eýeleýär. Iň uly derýalaryndan Ýanszy derýasy, Nil we Amazonkadan soňra 3-nji orunda durýar. Huanhe hem uly derýa ( uzynlygy 5,5 müň km.). Ýurtda kanallar köp. Olardan dünýä belli Pekin – Hançjou kanalynyň uzynlygy 1794 km. Ýurduň iň uly kölleri Duntinhu, Poýanhu, Taýhu bolup, olaryň umumy meýdany 80 müň kw.km. Ýurduň demirgazyk-günbatar böleginde – Takla-Makan we Gobi çölüniň aralygynda şorly Lobnor köli ýerleşýär.

Ýurduň ösümlik we haýwanat dünýäsi juda baý we köpdurliligi bilen tapawutlanýar. Bu ýerde ösümlikleriň 35 müň görnüşi bar. Başgaça aýdanymyzda, Demirgazyk ýarym şaryň guşaklyklarynyň ösümlikleriniň ähli görnüşi bar. Olardan has seýrek duş gelýäni – taýwan sosnasy, gyzyl kiparisler we ş.m. Dünýä faunasynyň 10 prosenti Hytaýyň paýyna düşýär. Diňe oňurgalylaryň 3,5 müň görnüşi ýaşaýarlar, balyklaryň bolsa – 2 müň görnüşi bar. Hytaýyň buýsanjy bolan Koala aýyjyklary we Pandalar iň gymmatly endemik haýwanlardyr.

Hytaý täsin hem-de gadymy ýurtdyr. Bu ýeriň medeni gymmatlyklary öz gözbaşyny taryhyň irki döwürlerinden alyp gaýdýar we olar içgin öwrenilmäge mynasypdyr. Şonuň üçin hem Hytaýa syýahatçylyk gezelençlerini guraýan şereketleriň sany ýylsaýyn artýar.



## §30. Ilaty.

Hytaý dünýäniň iň köp adamly ýurdudyr. Dünýäniň ilatynyň 22 prosenti onuň paýyna düşýär. 2004-nji ýylyň hasaby boýunça ýurtda bir milliard 217 million 170 müň adam ýaşaýar, bu ýurtda her gün 60 müň çaga dogulýar. Üstümizdäki ýüz ýyllygyň soňunda ilatyň sanyny 1,3 mlrd. derejesinde saklamak üçin ýurtda çaga dogrulyşyny çäklendirmek çäreleri geçirilýär (her maşgala bir çaga). Ilatynyň 93 prosentinden köprägi diňe hytaýlylar (olara „Han“ diýilýär) bolsa-da, Hytaý köp milletli ýurtdyr. Ýurtda 56-sany dürli milletler we halkyýetler (mongollar, uýgurlar, tibetliler, koreýalylar, çjuanlar we ş.m.) ýaşaýar. Hytaý dili hytaý-tibet (sino-tibet) dil maşgalasyna degişlidir. Ol Hytaý Halk Respublikasynyň, Taýwanyň we Singapuryň resmi dilidir. Hytaý dili Birleşen Milletler Guramasynyň 6 sany resmi we iş dilleriniň arasynda öz ornuny aldy. Hytaý dili iň bir gadymy dilleriň biri bolmak bilen gadymy ýazuw çeşmesidir. Hytaý dilinde 7 sany dialekt topar bar.

Şäher ilaty ýurduň ilatynyň 25% tutýar. Iri ilatly şäherleri: Şanhaý (15 million adam), Pekin (12 million adam), Çunsin (15,5 million adam), Çendu (10,5 million adam), Harbin (10,2 million adam), Týanszin (9,3 million adam), Uhan (8 million adam), Sindao (7,2 million adam), Guançjou (7 million adam).

Etniki düzümi boýunça ilatyň 90% hanlar. Olardan başgada Hytaýda 50 gowurak etniki topar bolup, olar ilatyň 6% tutýar.

Hytaýda esasy dinler 3 sany bolup, olar konfusizm, daosizm we buddizm.

Hytaýyň jahankeşdeligi we rekreasiýasy esasan Pekin we Şanhaý şäherleriniň gözel ýerlerinden başlanýar. Pekin – biziň eýýamymyzdan 2 müň ýyldan hem öň döräp, adamlar Pekiniň häzirki territoriýasyna ýerleşipdirler. Häzir Pekin içerki we daşarky diýen ili bölege bölünýär. Içerki şäherde esasy ýapyk

şäherçe bar. Irki döwürlerde bu ýerde imperatorlaryň rezidensiýasy bolupdyr. Häzir ol Gugun muzeýidir. Imperator köşgünde 9999 sany otag bolup, onuň daşy beýik diwar bilen örtülendir. Bu köşk dünýäniň iň owadan binalarynyň biridir diýseň, ýalňyş bolmaz. Pekinde şuňa meňzeş baryp görmäge mynasyp binalar köp. Meselem, 500 ýyl mundan ozal gurlan Asman ybadathanasy şolardan biridir. Ybadathananyň meýdanynyň agramly bölegini binalar däl-de, owadan seýilgäh tutýar. Pekinde ýurduň ýüregi hasaplanýan Týananmen meýdany hem bar. Ol dünýäniň iň giň meýdany bolup, oňa bir million adam ýerleşýär. Irden we agşam by meýdanda Hytaýyň milli baýdagyny götermek we düşürmek dabaralary geçirilýär. Oňa müňlerçe hytaýlylar tomaşa etmäge gelýärler. Meýdanyň töwereginde muzeýler bar.

Şanhaý – Hytaýyň iri söwda, ykdysady we senagat şäheridir. Şeýle hem bu şäherde iri portlar bar. Tan dinastiýasy (617-907 ý.) döwründe Şanhaý ýurduň esasy port şäheri hasaplanşardy. Şanhaý Ýanzsy derýasynyň aýagynda ýerleşýär. Onuň umumy tutýan meýdany 220 inedördül kilometr bolup, sekiz million adam ýaşaýar. Ilat gürlügi boýunça dünýäde öňdäki orunlarda durýar. Şanhaý örän meşhur şäher. Ony başgaça „Gündogaryň düri“, „Aziýanyň Nýu-Ýorky“ we „Gündogar Pariž“ hem diýip atlandyrdylar. Bu şäher gündogar bilen günbatar medeniýetleriniň täsin bitewüleşýän ýeridir. Şanhaýyň owadan ýerleri – Ýuýan seýilgähi, „Gündogaryň düri“ telediňi, Waýtan kenary, Şanhaý muzeýi. Şäheriň subtropik umman howasy bar. Iýul aýynda howanyň temperaturasy 27-28 dereje, ýanwarda bolsa 3-5 derejede bolýar. Gyşy we tomsy uzyn, bahar we güýzi örän gysga bolýar. Şanhaýa bahar we güýz pasyllarynda syýahat etmek maslahat berilýär.

## §31. Hytaý Halk Respublikasynýn hojalygynyň umumy häsiýetnamasy.

Hytaý Halk Respublikasynyň ykdysady ösüşiniň umumy derejesi heniz onçakly ýokary däl. Emma soňky ýyllarda dünýäniň ykdysadyýetinde ýurduň roly barha artýar. Beýik döwletleriň arasynda HHR-nyň ösüş depgini ýokary. Şeýle çalt ýokary göterlişiň çeşmesi ilki obada we soňra kem-kemden ykdysadyýetiň beýleki taraplaryny öz içine alýan ykdysady reformalardan, ýurduň jemgyýetçilik durmuşynyň çuň pozitiw täzeden özgerişliklerinden ybaratdyr. Umuman milliard ilatly we uly tebigy resursly HHR-nyň ägirt uly ösüş mümkinçilikleri bar.

Sosializm gurluşynyň prosesinde Hytaý kyn we taryhy taýdan gapma-garşylyklaýyn ýollary geçdi. Ykdysadyýetiň ösüşindäki „gyşarmalar“ bilen garyşmagy netijesinde halkyň durmuş derejesi haýal ösdi. Diňe 70-nji ýyllaryň ortasyndan başlap, ýurt krizis ýagdaýyndan çykyp başlady. Ýurtda „modernizasiýalaşdyrmagyň“ dört programmasy yglan edildi we durmuşa geçirilip başlandy: 1) senagat; 2) oba hojalygy; 3) goranmak; 4) ylym we tehnika. Hojalyk işlerinde demokratik başlangyçlar güýçlendi, ýurduň gapysy daşarky dünýä giňden „açylýar“.

Häzirki wagtda ilaty azyk bilen üpjün etmek meselesi esasan çözüldi, munuň özi Hytaý ýaly iri döwlet üçin uly üstünlikdir.

Hytaý 2004-nji ýylda 1.7$ trillion milli girdejisi bilen dünýäde bäşinji orny eýeledi we 1.1 $ trillion dollar ätiýaçlygy boýunça Ýaponiýadan soňky ikinji orunda barýar. Dünýä belli Hytaý ykdysadyýetini öwreniji Dr.Nicholas Lardy Hytaýyň ykdysadyýetiniň 1978-nji ýyldan bäri 20 esse ösendigini bellemek bilen munuň sebäbiniň ýylda 560 milliarda barabar bolan daşary ýurtlara import edilýän önümleriň köplügi bilen

kesgitlenýär. Eýsem döwlet dolandyryş ulgamy partiya ýolbaşçylygy tarapyndan kesgitlenen Hytaý bu ösüşe nädip ýetdikä? Bu soraga anyk jogap bermek üçin Hytaýýň ykdysady taryhyna we durmuşa geçirilen özgertmelerine göz aýlamak ýerlikli bolsa gerek.

Hytaý 1911-nji ýylda 2 müň ýyllyk feodal döwletini ýykyp, Hytaý Demokratik Respublikasyny gurmaga synanyşanam bolsa, içki uruşlar we Ýaponiýa bilen bolan çaknyşyklar zerarly bu arzuwly derejesini saklap bilmedi. 1949-njy çenli ýarysy Ýaponiýa garaşly bolan Hytaý diňe Ýaponiýanyň Ikinji Jahan urşunda ýeňilmegi bilen 1949-njy ýylda öz garaşsyzlygyny doly yglan etmegi başardy.1921-nji ýylda gurlan Hytaý Kommunistik partiýasy 1949-njy ýylda Ýaponiýanyň yza çekilmegi bilen milliýetçi topardan üstün çykyp, SSSR-iň çekilmegi bilmegi bilen döwlet dolandyryşyny ele almagy başardy.

1949-njy ýyl Hytaý üçin täze eýýamyň başlangyjy boldy. HKP-nyň (Hytaý Kommunistik partiýasy) baştutanlygynda Sowet soýuzyndan nusga alnyp, ykdysafyýýetiniň ähli pudaklary döwlet eýeçiligine berildi. Bu ýagday döwlet ykdysadyýýetiniň pese gaçmagyna sebäp boldy. Çünki, daşary ýurt sowda aragatnaşygy diňe zerur bolan harytlaryň kesgitli mukdrada alnyp satylmagy bilen çäklendirilipdi. Öndürilen önümleriniň bahalarynyň döwlet tarapyndan kesgitlenmegi we öndürilen önümleriň dine döwlet eýeçiliginde alnyp satylmagy beý leki sosialistik döwletleriňki ýaly, önümçiligiň pese gaçmagyna alyp bardy. 1976-njy ýylda Den Siýopin döwlet başyna geçdi. Geçen badyna-da Hytaýykdysady özgertmelere örän mätäçdigini we örän ýokary depginde bu özgertmeleriň amala aşyryljakdygyny mälim etdi.

Hytaý özgertmeleri amala aşyrmaga obalardan başlady. Döwlet eýeçiliginde bolan ýerleri 25 ýyllyk hususy eýeçilige kärendesine berdi. Döwlete satylmaly meýilnamadan artyk

galan önüm mukdaryny daýhanyň bazarda islän bahasyndan satmagyna rugsat berildi.

Döwlet kärhanalarynda bellenilen kanunlardan çykmazlyk şerti bilen kärhanada öndürilýän önümleriň bahalarynyň we iş haklarynyn möçberiniň bellenilmegi kärhana ýolbaşçylarynyň ygtyýaryna berildi. Hususy kärhanalarynyň gurulmagyna doly ygtyýar berip başlandy. Maliýe ulgamy we banklar diňe döwlete däl, eýsem-de bolsa, hususy kärhanalarada hyzmat eder ýaly täzeden gurnaldy.

1978-nji ýylda başlabylan ykdysady özgertmeleri aşakdaky ýaly bölümlere bölmek mümkindir. 1978-1984-nji ýyllar aralygynda –esasy oba hojalyga we ekerançylyga degişli özgertmeler amala aşyrylsy. Oba hojalyk harytlarynyň satyn alnyş bahalary artdyryldy. Ýöriteleşdirilen ykdysady zolaklar döredildi.

1984-1988-nji ýyllar –döwlet kärhanalarynyň hususylaşdyrylmagy, salgytlar we maliýe pudagynda düýpli özgertmeler geçirildi. 1984-nji ýylda düýbi tutulan ýöriteleşdirilen ykdysafy zolaklara (ÝYZ) goşmaça hökmünde ýene-de deňiz ýataklaryna ýakyn şäherlerde şeýle zolaklaryň 1-si ddi. Bu zolaklarda sosialistik döwletde bazar ykdysadyýetiniň iýşi we hususy eýeçiligiň işleýşi synag edildi. Bu zolaklarda daşary ýurt maýadarlaryň çekinmän, öž işlerini Hytaýda gurnamagy üçin ähli mümkinçilikler döredildi.

1988-1992-nji ýyllarda –ykdysadyýetiň örän çalt depginde ösmegi içerki bazarda çig mal harytlarynyn bahalarynyň ösmegine alyp baranam bolsa, bu harytlaryň bahalarynyň wagtlaýyn döwlet gözegçiligi astyna alynmagy öňe sürüldi.

1992-nji ýyldan soň –dünýä açylmak we bütinleý bazar ykdysadyýetine geçiş hasam tizleşdi. Sosilaistik döwletde bazar ykdysadyýetine geçilmegi köpleri geň galdyranam bolsa, hytaýlylar muňa Hytaýa degişli özboluşly sosializm adyny berdiler.

Hytaýyň dünýä bilen aragtanaşygy örän az bolan ykdysadyýetden bazar ykdysadyýetine geçmeginde we dünýä bazarlaryna açylmagynda iň möhüm rola eýe bolan özgertme haýsyka? Bu soraga bilermenler esasanam deňiz ýakalarynda gurlan ÝYZ-lar we 1992-nji ýylda gurlup başlanan daşary ýurt maýa goýumlaryna açyk şäherçeleriň döredilmegi diýip belleýärler. Sebäbi bu zolaklar Hytaý üçin bazar ykdysadyýetiniň synag meýsdançasydy. Ondan başga-da daşary ýurtlaryň maýa goýumlaryny özüne çeken salgytsyz zolaklaryň hem ähmiýeti uludyr. Öňki dürde Hytaýdan daşary ýurtlara giden asly hytaýly baýlaryň, millionerleriň yzyna dolanyp gelmegi we bu zolaklarda öz işlerini gurmaklary-da Hytaý ykdysadyýetine öz oňaýly täsirini ýetirdi.

Hytaý 1978-nji ýyldan soň amala aşyran özgertmlerinin saýasynda käbir döwletleriň düşen ykdysady çökgünligine düşmän, öz ykdysadyýetini ösdürmegi başardy. Dýeçiliginden hususy eýeçilige geçiş örän üstünlikli özgertmeleriň biridir. 1994-nji ýylda Hytaýda hususy kärhanalaryň 69.200 sanysy öz işlerini üstünlikli gurnamagy başardylar.

Diňe 2006-njy ýylda Hytaýda daşary ýurtly işewürleriň goýan maýa goýumynyň möçberi 76 milliard dolallara ýetdi. Hytaýda iş alyp barýan daşary ýurt şereketleriniň sany 650 müňe barabardyr. Bu sanyň beýle köp bolmagynyň sebäbi Hytaýda arzan işçi güýjiniň bardygy we daşary ýurt şereketlerine hiç hili päsgelçiligiň ýoklugy üçindir. 1.3 milliarda barabar ilaty bilen Hytaý dünýäniň öňdebaryjy şereketleriň ünsüni çekmegi başardy. Globallaşan dünýämizde şereketler arzan işçi güýjünden peýdalanamak üçin Hytaýda fabrik gurmak ugurnda ýaryşa girdiler. Elbetde, bu şereketleriň Hytaýda öz fabriklerini açmagy bu ýurtda diňe işsizligiň sanyny azaltman, eýsem bu şereketleri çig mal bilen üpjün edýän ýerli şereketleriň hem ösmegine getirdi. Ýerli şereketler daşary ýurt firmalaryň dolandyryş usulyny we ulanýan tehnologiýasyny öwrenip, öz işlerini has kämilleşdirdiler.

Şeýlelikde, Hytaýyň ýerli şereketleri hem diňe ýurduň içinde öz işlerini alyp barman, eýsem daşary ýurtlarda hem öz iş erini açmaga başladylar.

Hytaý öz ösüşine dowam edýär we 2020-nji ýylda dünýäniň iň ösen döwleti bolmak ugrunda meýilnamalar düzýär.

## §32. Hytaý Halk Respublikasynyň senagaty.

Köne Hytaýda industriýanyň esasy ugry ýeňil senagat pudaklary hasaplanýardy. Soňky ýyllarda nebit we nebiti gaýtadan işleýän, himiýa, awiasiýa, atom, elektrotehnika ýaly täze pudaklar döredildi. HHR kömür çykarmakda, sement, welosiped, tikin we kir ýuwýan maşynlary öndürmekde, nah mata öndürmekde öndebarjy ýurtlaryň hataryna goşuldy.

Senagatyň geografiýasy düýpli özgerildi. Eger köne Hytaýda ähli senagat kärhanalarynyň 70 prosende golaýy eňiz kenarýaka regionlarynda ýerleşen bolsa, täze senagat gurluşygy esasan ýurduň içerki regionlarynda çig mala, ýangyjy we sarp edijilere ýanynda alnyp barylýar. Nebit, metaliki magdanlar, himiki çig mallaryň täze känleri açyldy we özleşdirildi.

Ýangyç-energetik balansda kömrüň paýynyň ýokary bolmagy ýurduň energetikasynyň häsiýetli aýratynlygydyr (3/4). Kömür çykarlyşy hemişe ösýär (Demirgazyk we Gündogar Hytaý). Nebit we gaz çykarylyşy hem ösýär. Umuman energiýa öndürmekde ABŞ we Russiýadan soňra Hytaý dünýäde 3-nji orna çykdy. Emma Hytaýda planetanyň ilatynyň 1/5 bölegi ýaşasa-da ol dünýäde öndürilýän energiýanyň diňe 1/12 bölegini peýdalanýar.

HHR-gara metallurgiýany ösdürmek üçin oňa çig maly bolan dünýäniň köp bolmadyk ýurtlarynyň biridir. Ýurtda kiçi we iri 1 münden gowrak metallurgiýa kärhanalary bar. Emma bu önümiň esasy bölegini Anşan, Wensi, Baotou, Pekin, Uhan we beýleki şäherlerde ýerleşen iri zawodlar berýär.

Alýüminiý, mis, gurşuň we sink gaýnatmak **reňkli metallurgiýanyň** esasy hasaplanýar. Şunuň ýaly-da magdan çykarmak we olardan konsentratlary almak işleri içerki, gowşan industriallaşan ykdysady raýonlarda (Günorta-Günbatar, Merkezi-Günorta), reňkli metallurgiýanyň gutarnykly stadiýasy bolsa, ýurt boýunça has kuwwatly ykdysady raýonlarda – Gündogar we Demirgazyk – Gündogar Hytaýda ornaşdyrylandyr.

HHR-nyň **maşyngurluşygy** bu önümiň köp görnüşini ähli pudaklaryny diýen ýaly öz içine alýar. Geçirilýan ykdysady reformalaryň netijesinde soňky ýyllarda öý durmuşy elektroapparaturalary, elektriki hasaplaýjy maşynlary, aragatnaşygyň iň täze serişdelerini we şuňa meňzeşleri öndürmekde Hytaý belli üstünlikler gazandy. Daşary ýurt kapitalyny çekýän kärhanalar has köpeldi. Maşyn gurluşygynyň baş merkezleri: Şanhaý, Şenýan, Týanszin, Harbin, Pekin, Loýan, Çançun we beýlekilerdir.

**Himiýa** ozaly bilen nebit-himiýa senagatynda üç sany möhüm önümçilik toparlary tapawutlanýar: mineral dökünleri, konstruksion materiallary we öý durmuş himiýasynyň önümleridir.

**Ýeňil senagat** pudaklaryndan dokmaçylyk has ösendir. Nah matalary öndürmekde dokmaçylygyň 90 prosenti onuň paýyna düşýär, bu babatda Hytaý dünýäde 1-nji orny eýeleýär. Şanhaý we onuň töweregi bu pudagyň özboluşly „paýtagty“ hasaplanýar.

## §33. Hytaý Halk Respublikasynyň oba hojalygy.

Oba hojalygy-HHR-nyň ykdysadyýetiniň iň möhüm pudagydyr. Milliarddanam köp ilaty iýmit önümleri bilen üpjün etmek bilen çäklenmän, oba hojalygy Hytaýda eksport üçin hem önüm berýär. Ekerançylykda oba hojalygynyň baş pudagy ähli ekinleriň 80 prosentine golaýyny öz içine alýan däne

ekinleridir. Hytaýlylaryň iýmit rasionynda tüwi örän uly rol oýnaýar. Ol esasan ýurduň günortasynda we Ýanszy derýasynyň jülgesinde suwarymly ýerlerde köp ösdürilip ýetişdirilýär. Beýik Hytaý düzlüginde, Huanheniň basseýininde esasan bugdaý ekilýär. Agroklimat we tropik şertleriniň mümkinçilik berýän ýerlerinde kartoşka, badat, gök ekin, miweli agaçlar bar. Tehniki ekinlerden esasan gowaça Huanhe we Ýanszynyň basseýinlerinde ekilýär.

Maldarçylyk „ikinji planda“ hasaplansa-da mallaryň baş sany boýunça Hytaý dünýäniň esasy ýurtlarynyň biridir. Dünýä boýunça doňuzlaryň baş sanynyň 2/5 bölegi, işçi mallaryň 1/5, goýun – geçileriň 1/6 bölegi bu ýurduň paýyna düşýär. Ýurduň günorta we gündogar raýonlarynda ýüpekçilik ösendir.

## §34. Hytaý Halk Respublikasynyň ulaglar ulgamy.

Ilatyň sanyny, territoriýasynyň möçberini we ykdysady ösüş derejesini göz öňünde tutsaň, Hytaý üçin transportuň aýratyn uly ähmiýetiniň bardygyna göz ýetirmek bolar. Ýolagçylary we ýük daşamakda demir ýol transporty has möhüm rol oýnaýar we ýük dolanylygynyň 80 prosenti onuň paýyna düşýär. Hytaýyň her 1000 kw.km maýdanyna 5,8 km demir ýol düşýär. Emma, demir ýol transportunyň territorial ýerleşişi juda endigansyz. Demir ýollaryň esasy bölegi Demirgazyk Gündogar we Demirgazyk Hytaýdadyr. Hytaýda ýük daşamagyň 34 prosentini, ýolagçy gatnawynyň 30 prosentini üç sany magistral ýollar üpjün edýär (Pekin-Şenýan, Týanszin-Şanhaý we Pekin-Guançjou), Sary deňiz gyralaryndan Laçjoua çenli giňişlik ugry boýunça uzalyp gidýän Lanhaý demir ýoly hem ýük dolanyşygynda uly rol oýanaýar.

Hytaýyň awtomobil ýollary köplenç ýerli ähmiýetli ýollardyr. Emma, ozal harby maksatlar üçin gurlan ýollardan Garakorum şossesi has uzak Peşewardan Arap deňziniň

kenaryndaky Koraýan portuna çenli uzalyp gidýän hem-de Päkistanyň baş magistralyna birigýän ýoldyr.

Içerki suw ýollarynyňam we deňiz trasportunynam ähmiýeti barha artýär.

Hytaýda şäher transportunyň has giň ulanylýan görnüşi bolan welosipedir. Ýelagçy daşamagyň 60 prosenti onuň paýyna düşýär/

Hytaý köplenç mineral çig mallary – nebiti, kömüri, metally magdanlary (şol sanda reňkli metallary, galaýyny, wolframy, konsentratlary, molibden, sürme), oba hojalyk önümlerini (çaý, temmäki, soýa, azyk önümleri) eksport edýär. Eksportuň uly böleginde nah we ýüpek mata we hünärmentçilik önümleri hem girýär. Importda, ýagny getirýän önümleriniň içinde maşynlar we enjamlar, transport serişdeleri, sozma polat, himiki dökünler, kauçuk, däne, alýuminiý agdyklyk edýär.

Şeýlelik bilen, ozal ýarymkolonial we ýarymfeodal ýurt bolan Hytaý indi industrial-agrar ýurda öwrüldi. Emma ezagalaklygyň ýüki aýratyn-da içerki, ýurduň jümmiýindäki prowinsiýalarda we awtonom raýonlarda heniz uludyr. „Deňizýaka“ we „kontinental“ Hytaýyň sosial-ykdysady ösüş derejelerindäki tapawutlary aýyrmak-ýurduň jümmüşindäki prowinsiýalarda we awtonom raýonlarda heniz uludyr. „Deňizýaka“ we „kontinental“ Hytaýyň sosial-ykdysady ösüş derejelerindäki tapawutlary aýyrmak-ýurduň häzir iň möhüm problemalarynyň biridir.

Ilatyň has gürlügi we senagatyň jemlenişi boýnça tapawutlanýan we ykdysady taýdan ösen deňizýaka prowinsiýalarynda (meselem Ýansy derýazynyň aşak akymynda) töwerekdaki sredany goramak ekologik problemalar diýseň dartgynlydyr.




РОССИЯ
МОНГОЛИЯ
ИНДИЯ

## §35. Hytaý Halk Respublikasynyň durmuş we bilim ulgamy.

Hytaý Halk Respublikasy garaşsyzlygyny alandan soňra (1949-njy ýyl) döwletiň dürli pudaklarynda, şol sanda bilim pudagynda hem uly özgerişlere eýe bolunýar. 1949-njy ýyldan başlap Hytaýyň bilim ulgamy kämillik ýoluna gadam basýar. 1949-1957-nji ýyllar aralygynda bilim pudagyna göýberilýän pul möçberiniň mukdary artdyrylyp, birnäçe okuw maksatnamalary kabul edildi. Eýýäm 1956-njy ýylda sowatsyzlygyň derejesi 78 göterime çenli pese düşýär. Şol ýyllarda Hytaý Halk Respublikasynda uly adamlara bilim bermek üçin ýörite ulgam döredildi. 1977-nji ýylda ýokary bilim ulgamynda özgertmeler bolup geçýär. Ýokary okuw jaýlarynda okuw möhleti 4-5 ýyla çanli uzaldylýar. 1998- nji ýylda Hytaý Halk Respublikasy bilim hakynda täze Kanun kabul edýär. Ol Kanun 1999-njy ýylyň 1-nji ýanwarynda güýje girýär.

Hytaýyň „Ženmin žibao“ gazetiniň 2007-nji ýylyň oktýabr aýynda beren maglumatlaryna görä, Hytaýda dünýäniň 185 döwletinden 160 müňden gowrak daşary ýurtly talyp bilim alýar. Daşary ýurtly talyplaryň 75 göterimi Aziýa döwletlerinden gelenlerdir. Daşary ýurtly talyplar Hytaýyň 500-den gowrak ýokary okuw jaýlarynda, ylmy-derňew institutlarynda öz bilimlarini artdyrýarlar.

Hytaý Halk Respublikasynyň bilim ulgamy şu aşakdakylary öz içine alýar:

- *mekdebe çenli bilim;*
- *başlangyç bilim*
- *doly däl orta bilim;*
- *ýokary bilim;*
- *asperantura.*

Halkara bilim ulgamynda kabul edilen bakalawr, magistr, doktor derejelerini Hytaý Halk Respublikasy 1981-nji ýylda kabul edilýär.

Mekdebe çenli bilim

Hytaý Halk Respublikasynda mekdebe çenli bilim çagalar bagynda berilýär. Çagalar bagynda 3-6 ýaşlaryndaky çagalar kabul edilýärler. Häzirki wagtda ýurtda 150 müňden gowrak çagalar bagy bar.

Başlangyç bilim

Hytaýda başlangyç bilim 6 ýyldan ybarat bolup, 6 ýaşdan kabul edilýär. Başlangyç bilim alýan okuwçylar, hususan-da hytaý dili, matamatika, çat ýart dili, aýdym, ahlak terbiýesi, bedenterbiýe derslerini okaýarlar. Hytaýda başlangyç bilim berýän mekdepleriň agdyklyk edýän bölegi döwlete degişlidir.

Orta bilim

Hytaýda orta bilim üç basgançakdan ybaratdyr. Orta bilimiň birinji basgançagynda okuw tölegsizdir. Soňky basgançaklarynda okuwçylar ýöriteleşdilen we hünärment mekdeplerinde okaýarlar. Doly orta bilim 12 ýyldan ybaratdyr.

Ýokary bilim

Bilim kanunyna görä, Hytaýda ýokary bilimiň üç tapgyry bolýar:

- ýörite okuw maksatnamalarynyň çäklerinde alynýan bilim (2-3 ýýl)
- bakalawriat
- magistratura.

Ýokary okuw jaýlaryny gutaranlara okan ýýlyna laýyklykda bakalawr, magistr, doktor derejelerini berilýär.

Soňky ýyllarda Hytaýyň bilim pudagy boýunça halkara hyzmatdaşlygy giň gerime eýe boldy. Hytaý öz raýatlaryna daşary döwletleriň uniwersitetlerinde,

institutlarynda bilim bermekde dünýäde 1-nji orny eýeleýär. Şeýle-de, daşary ýurtly talyplaryň ençemesi Hytaý Halk Respublikasynyň bilim ojaklarynda öz bilimlerini artdyrýarlar.

Ýeri gelende aýtsak, Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň alyp barýan bilim syýasatynyň netijesinde gelejegimiz bolan ýaşlarymyzyň ençemesi daşary döwletleriň birnäçesinde, şol sanda, Hytaý Halk Respublikasynda-da dürli ugurlar boýunça bilim alýarlar. Biz hem ýurdumyzyň dürli pudaklary üçin uly-uly üstünlikler arzuw edýäris!

# EDEBIÝAT


1. Gurbanguly Berdimuhammedow. Garaşsyzlyga guwanmak, watany, halky söýmek bagtdyr. Aşgabat, 2007
2. Gurbanguly Berdimuhammedow. Türkmenistan-sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. Aşgabat,2007
3. Gurbanguly Berdimuhammedow. Eserler ýygyndysy. Aşgabat,2007
4. Gurbanguly Berdimuhammedow. Döwlet adam üçindir. Aşgabat, 2007.
5. Gurbanguly Berdimuhammedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. 1-nji kitap, Aşgabat, 2008
6. Gurbanguly Berdimuhammedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. 2-nji kitap, Aşgabat, 2009
7. Zimin B.N.Dünýä hojalygynyň geografiýasy. (rus dilinde) M.,Institut geografiýa 1992
8. Dünýäniň ýurtlary. Ensiklopedik sözlük.M.,Politizdat, 2000.
9. «Нефтяная промышленность» Москва ВНИИ №1 1994
10. Арабские страны. История. Экономика. Издателство «Наука», главная редакция Восточной литературы под редакцией Е.А.Лебедева. Москвп, 1990
11. Экономическая география стран Ближнего и Среднего Востока. М.П.Победина, В.П.Смирнов, В.В.Цыбульский. Москва, Издателство «Посвещение», 1998
12. «Новейшая история арабских стран Азии», Москва, 1998
13. Dünýä sebitleriniň, döwletleriniň ilaty we durmuş ykdysady ösüş meseleleri (Maglumatlar, barlag testleri

we adalgalar). Çaryýew B., Hudaýýarow M., Çerkezowa A. Aşgabat, 2004.
14. Geografiýa jetwellerde we shemalarda. (rus dilinde) W.G.Çernowa Sankt-Peterburg 2007.
15. Гладкий Ю.Н., Лавров С.Б. Экономическая и социальная география мира. Москва, 2000
16. Белов А.Н. Современный Иран. Москва, 2001
17. Ирановедение. Доктор Гуламхусейн Гуламхусейнзаде. Культурный центр Посольства Исламское Республики Иран в Туркменистане, 2003
18. Кузнецов А.П. Население и Хозяйство мира. Москва, «Дрофа», 1998
19. А.С.Булатов. Страны и регионы мира, Экономико-политический справочник 3-е издание, Москва, 2010
20. Народонаселение мира в 2004 году. ЮНФПА, Нью-Йорк, 2004
21. Вся экономика планеты в цифрах и фактах. Справочник. Москва, «Астель-АСТ», 2004
22. Т.Ю.Притула, В.А.Ерёмина, А.Н.Спрялин. Физическая география материков и океанов. Москва, «Владос», 2004
23. Гладкий Ю.Н. Лавров С.Б. Экономическая и социальная география мира. Москва, 2000
24. Тихонов Ю.К. краткий обзор Китая. Москва, 2001
25. Макаренко М.И. Китай сегодня и в будущем. Москва, 1998
26. Экономическая и социальная география зарубежных стран. Теоретические проблемы. Учебное пособие. Москва, 1995
27. Любимов И.М. Общее политическая, экономическая и социальная география. Москва, «Гелиос АРВ», 2001

28. Бутов Б.И. Экономическая и социальная география мира. Москва,, «Просвещение», 2003.
29. Алисов Н.Б., Экономическая и социальная география мира (общий обзор). Учебник. Москва, 2004
30. Страны мира. Социально-экономический словарь. Минск, «Миринда», 2004
31. Зарубежная Азия. Москва, «Мысль», 1982-1991. Серия «Страны и народы».
32. Самбурова Е.Н., Медведова А.А. Китай. Москва, «Мысль», 2004
33. Народонаселение мира в 2004 году. ЮНФПА, Ню Йорк, 2004
34. Вся экономика планеты в цифрах и фактах. Справочник. Москва, «Астель – АСТ», 2004
35. Экономическая и социальная география мира в вопросах и ответах. Москва, «Просвещение», 2006
36. География природных ресурсов. Методические разработки по дисциплине «Экономическая и социальная география мира». Саянск, 2005

MAZMUNY

**I bölüm.Arap döwletleri.**
§1Giriş. Arap ýurtlary dünýäniň syýasy kartasynda …………7
**I bap.**
§2Aziýadaky arap ýurtlary………..……………………..10
§3.Saud Arabystany şalygy…………..…………………..13
§4.Yrak. (Yrak respblikasy)…………………………………17
§5.Kuweýt. (Kuweýt döwleti)…………………………...20
§6.Bahreýn. (Bahreýn döwleti)…………………………23
§7.Katar. (Katar döwleti)…………………………………...26
§8.Birleşen Arap emirlikleri (BAE)………………………29
§9.Ýemen. (Ýemen respublikasy)…………………………33
§10.Oman. (Oman soltanlygy)…………………………………36
§11.Siriýa. (Siriýa arap respublikasy)………………………39
§12.Iordaniýa. (Iordan Haşimit şalygy)……………………43
§13.Palestina. (Pelstina respublikasy)………………………46
§14.Liwan. (Liwan respublikasy). Komor adalary.(Komor adalarynyň federatiw Yslam respublikasy)…… …………..47
**II bap**
**Afrikadaky arap ýurtlary**……………………………………55
§15.Alžir. (Alžir Halk Demokratik respublikasy)………….55
§16.Ýegipet.(Müsür arap respublikasy)…………………....58
§17.Günbatar Sahara. (Günbatar Sahara respublikasy)…….67
§18.Mawritaniýa.(Mawritaniýa Yslam respublikasy)………69
§19.Liwiýa.(Liwiýa Halk Sosialistik Arap Jamhuriýasy)…..73
§20.Tunis.(Tunis respublikasy)…………………………...76
§21.Marokko.(Marokko şalygy)…………………………….84
§22.Somali.(Somali demokratik respublikasy)……………..87
§22.Sudan.(Sudan respublikasy)……………………………87

**II bap**. **Eýran Yslam respublikasy**
§23.Eýran Yslam Respublikasynyň geografiki ýerleşişi …..90

§24.Eýran Yslam respublikasynyň ilaty we daşary ykdysady gatnaşyklary>>>>>>>>>>>………………………..93
§25.Eýran Yslam respublikasynyň tebigy şertleri…………101
§26.Eýran Yslam Respublikasynyň döwlet gurluşy……….103
§27.Eýran Yslam Respublikasy barada esasy taryhy –geografik maglumatlar……………………….112

**III bap. Hytaý Halk respublikasy**

§28.Hytaý Halk respublikasynyň geografik ýerleşişi……………………………………………115
§29.Hytaý Halk Respublikasynýn tebigy şertleri we baýlyklary…………………………………..….116
§30 Hytaý Halk Respublikasynýn.ilaty…………………….121
§31. Hytaý Halk Respublikasynýn hojalygynyň umumy häsiýetnamasy………………………..………..123
§32. Hytaý Halk Respublikasynýn senagaty…………..…..127
§33. Hytaý Halk Respublikasynýn oba hojalygy…………...128
§34. Hytaý Halk Respublikasynýn ulaglar ulgamy………...129
§35. Hytaý Halk Respublikasynýn durmuş we bilim ulgamy…………………………………………....132
Edebiýat……………………………………………135
Mazmuny………………………………………… 138